Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Z. ISLAMOW, D. RAHIMJANOW, J. NAJMIDDINOW

# DÜNÝÄ DINLERINIŇ TARYHY

**Orta bilim berýän mekdepleriň 10-njy synp okuwçylary üçin derslik**

1-nji neşir

**Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan**

Daşkent
«Yangiyo'l Poligraf Servis»
2017

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K: 2(100)(09)(075.3)=512.164
KBK: 86.2
I-79 Islamow, Zohidjan.
Dünýä dinleriniň taryhy 10-njy synp: Orta bilim berýän mekdepleriň 10-njy synp okuwçylary üçin derslik / Z. Islamow, D. Rahimjanow, J. Najmiddinow. - Birinji neşir. - Daşkent.: «Yangiyo‘l poligraf servis», 2017. - 144 s.

**UO‘K: 2(100)(09)(075.3)=512.164**
**ISBN 978-9943-4937-3-5** **KBK: 86.2**

N.K. Ismatowanyň usuly redaksiýasy we pedagogik täri esasynda taýýarlanan.

**Jogapkär redaktorlar:**

**A. Hasanow,** taryh ylymlarynyň doktory, professor
**O. Ýusupow,** gilosofiýa ylymlarynyň kandidaty, dosent

**Syn ýazanlar:**

**N. Muhamedow,** taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent
**H. Ýoldaşhojaýew,** taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent
**A. Zamonow,** Öz YA Özbegistanyň iň täze taryhy meseleleri boýunça Laýyklaşdyryjy-metodik merkeziň uly ylmy işgäri
**J. Tahirow,** Daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen döwlet umumtälim mekdebiniň mugallymy
**N. Kudratowa,** Daşkent şäherindäki 41-nji mekdebiň taryh mugallymy

Şu derslik Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Din işleri boýunça komitetiň 2017-nji ýylyň 5-nji sentýabryndaky 5958 belgili hödürnamasyna, Respublikan tälim merkeziniň ýanyndaky «Taryh» predmetiniň ylmy-metodik geňeşi we Özbegistanyň iň täze taryhy meseleleri boýunça laýyklaşdyryjy-metodik merkeziň 2017-nji ýylyň 29-njy awgustyndaky 5 belgili netijesine esasan çap etmäge hödürlenilen.

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

© Z. Islamow, D. Rahimjanow, J. Najmiddinow, 2017.
© «Yangiyo‘l poligraf servis», 2017.

ISBN 978-9943-4937-3-5

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# Sözbaşy

Din ozaldan adamlary hemişe ýagşylyga, haýyrly işlere çagyrypdyr. Merkezi Aziýa halklary uýup gelen yslam dini hem ýokary ynsany sypatlaryň şekillenmegine hyzmat edipdir. Din adamzadyň ruhy dünýäsi bilen aýrylmaz bagly, onuň gündelik durmuşynda elmydama onuň bilen bile bolup gelipdir.

Dini öwrenmek bu adamyň ruhy dünýäsini öwrenmekdir. Dini çeşmeler adamzat taryhynda bolup geçen göreldeli wakalary özünde jemläp, olar adamlary ahlak taýdan terbiýelemekde möhüm orun tutýar. Bu bolsa adamyň durmuş ýörelgelerinde azaşmazlygy, ýagşy-ýaman, akdyr gara aň ýetirmegine hem-de öz ömrüni akylly-başly guramagy üçin esasy serişde bolup hyzmat edýär. Netijede adamyň ýaşaýyş täri ýokarlanyp, jemgyýetde ösýär.

Dine uýmak we wyždan azatlygy meselesi Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda öz şöhlelenmesini tapypdyr. Ol halkara hukuk-normatiw talaplara doly jogap berýär. Islendik dine uýýan we hiç hili dine uýmaýan adamlar üçin birmeňzeş şertler goýulmagyny üpjün edýän Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 31-nji maddasynda, şol sanda, şeýle diýilýär:

«Hemme üçin wyždan azatlygy kepillendirilýär. Her bir adam islän dinine uýmak ýa-da hiç haýsy dine uýmazlyk hukugyna eýe. Dini garaýyşlary mejburlap siňdirmäge ýol berilmeýär».

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda wyždan azatlygynyň üpjün edilmegi, ähli raýatlaryň birmeňzeş hukuklara we azatlyklara, şol sanda, ygtykat azatlygy hukugyna eýeligi, dini we ygtykadyna seretmezden, kanunyň öňünde deňdigi görkezilen.

Ýurdumyzda jemgyýetçilik-ruhy gurşawy sagdynlaşdyrmakda milli gymmatlyklar bilen bir hatarda dini gymmatlyklaryň ähmiýeti hem uly. Özbegistanyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň aşakdaky sözlerinde bu prinsip özüniň aýdyň beýanyny tapypdyr: «Ýurdumyzy demokratik prinsipler, ylym-bilimiň gazananlary, ýokary tehnologiýalar esasynda modernizasiýa etmek bilen birlikde, mukaddes dinimizi, milli özlügimizi aýawlap ýaşamagy maksat edinendiris». Beýle çemeleşme durmuşy esasa eýe bolup, ol



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

din ugrunda bolup geçýän özgerişleri halys, ylmy öwrenmek we şundan gelip çykyp, öňyn prosesleri has-da ösdürmek, ýaramaz halatlaryň öňüni almak üçin mümkinçilik döretdi.

Köp milletli, köp konfessiýaly Özbegistanda garaşsyzlyk gazanylan ilkinji ýyllardan başlap din, bagrygiňlik meselelerine uly üns berildi. Diniň ynsanperwerlik filosofiýasy, haýyrly taglymlary we beýik eždatlarymyzyň mirasyndan lezzet almak, şu ýokary gymmatlyklaryň ýaşlaryň kalbyndan ýer eýelemegi üçin ýurdumyzyň bilim ulgamy ugrunda ençeme işler amala aşyryldy. Dünýä dinleri taryhy boýunça zerur maglumatlary özünde jemlän, ýaşlary dini bagrygiňlik we milletara agzybirlik ruhunda terbiýelemäge hyzmat edýän şu derslik hem ýurdumyzda amala aşyrylýan oňyz özgerişleriň netijesidir.

Awtorlar kollektiwi kitaby neşire taýýarlanda öz maslahatlary bilen ýakyndan kömek eden Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Din işleri boýunça komitetiniň, Özbegistan musulmanlary edarasynyň, Daşkent yslam uniwersitetiniň, Daşkent yslam institutynyň ýolbaşçylaryna we professor-mugallymlaryna, Garagalpagystan Respublikasynyň, Daşkent şäheriniň we welaýatlaryň pedagog işgärlerini gaýtadan taýýarlaýan we hünärini kämilleşdiriş institutlarynyň gumanitar kafedralarynyň müdirlerine öz minnetlygyny bildirýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-§ DINIŇ JEMGYÝETDÄKI ORNY WE WEZIPELERI

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Jemgyýet dini gymmatlyklarsyz ýaşap bilermi?
2. Milli we dünýä dinleri barada aşaky synplarda alan bilimleriňizi ýada saljak boluň.
3. Diniň nähili şekilleri bar?
4. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 31-nji maddasyny okaň. Döwlet tarapyndan raýatlara wyždan azatlygynyň kepillendirilişine mysallar getiriň.
5. Din adamlaryň dünýägaraýşynyň şekillenmegine täsir edýärmi?
6. Siziň durmuşyňyzda nähili gymmatlyklar bar?

## DIN WE JEMGYÝETÇILIK DURMUŞY

Din jemgyýetçilik durmuşynda möhüm orna eýe. Ol adamlarda ýagşylyga ymtylyş, özüni ruhy taýdan we beden taýdan päklemek, töwerekdäkilere peýda getirmek, durmuş gadyrlamak ýaly oňyn gylyk-häsiýetleri şekillendirýär.

Dinler adamlary hemişe ýagşylyga, haýyrly işlere çagyryp gelipdir. Dünýä kartasyndaky her bir ýurtda diýen ýaly ýaşaýjy halk belli bir dine uýýar, onuň öz urp-adatlary we däpleri bar. Dünýä halklarynyň taryhyny öwrenende olaryň dini garaýyşlary, ygtykatlary we dini amalyýetlerini ünsden daşda galdyrmak mümkin däl.

Siziň ýagşylaryňyz dünýäniň işi diýip ahyret işini, ahyreti diýip dünýäniň işini terk etmeýän we adamlara melallygyny düşürmeýänleriňizdir.

***Hadys***

***Din*** *— arapça söz bolup, türkmen dilinde ynanç, uýmak manylaryny aňladýar.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

> Zerurlygyň düşýän ylmy öwrenmekden özüňi alyp gaçma!
>
> ***Imami A'zam Abu Hanifa***

XVII-XIX asyrlarda ýaşap döredijilik eden käbir ýewropaly barlagçylar adamzat ösüp bardygy saýyn onuň gorkulary-da kemelýär, ol özbaşdak bolýar, bu bolsa dinleriň bütinleý ýok bolup gitmegine getirýär, diýip öňünden aýdypdylar. Ýöne wagtyň geçmegi bilen bu pikir amalda öz tassyklamasyny tapmady.

Din jemgyýetde adamlaryň ***dünýägaraýşyny şekillendirmek, teselli bermek (kompensatorlyk), birleşdirmek, dolandyrmak, kommunikatiwlik, ruhy-aňy terbiýelemek*** ýaly ençeme wezipeleri ýerine ýetirip gelipdir.











## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Şu suratlardaky umumylyk we özboluşly taraplary anyklaň.
2. Suratlary derňäp, dünýä we milli dinlere bölüň.
3. Suratlar esasynda diniň jemgyýetçilik durmuşyndaky ornuna we ähmiýetine häsiýetnama beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Diniň ***teselli berijilik*** wezipesini alalyň. Adam çagasy başyna käbir külpet, kynçylyk düşende, özüne dinden köşeşdiriji, göwünlik beriji güýç tapypdyr.

Din ***birleşdirmek*** wezipesini hem ýerine ýetirip, adamlaryň arasynda raýdaşlygy berkitmäge hyzmat edýär. Her bir din uýýanlaryny öz kadalaryna amal etmäge çagyrýar. Olary bu kadalara wepalylyga ündeýär we şu ýol bilen adamlary irleşdirýär.

Din özüne uýýanlaryň durmuşyny tertibe salyp, ***dolandyrmak*** wezipesini hem ýerine ýetirýär. Bu wezipe ahlak normalary esasynda amala aşyrylýar. Din ahlak normalaryny tertibe salýar hem-de halal we haramyň, sogap we günäniň nämedigini kesgitläp berýär.

Diniň ***kommunikatiwlik*** wezipesi şundan ybarat, ýagny dini urp-adat, däp, dessur we baýramlary bilelikde geçirmäge, garyndaşlyk, ýoldaşlyk, dindeşlik aragatnaşyklaryny berkitmäge çagyrýar.

Din adam durmuşynyň ýagşylyk mazmunyny açýar. Bu onuň adamlary ***ruhy-aňy terbiýelemek*** wezipesini ýerine ýetirýändigine aýdyň delildir.

## ÄLEMI TÄSIN GALDYRAN DIÝAR

...bir waka meniň göz öňümden gitmeýär. Şonda men 5-6 ýaşlarymda bolmaly çemeli. Goňşymyzyň öýünde adam köp, mähelläniň uludan-kiçisi toplanyşyp, kimdir, köçe-howlulary süpürýär, kimdir eýwana düşekçeleri ýazýar, kimdir aýak astynyň düşegi üçin ak matany taýýarlaýar, hemme öz işlerini bilip-bilip edýärler, gysgaça aýdanda toplananlary görünmeýän adam dolandyrýan ýalydy. Ine garaşylan pursatlar hem geldi. Hemme derwezehana hatara durdular, ýörelgä ýaňky ak aýak astynyň düşegi hem düşeldi. Gapydan Robiýa ene bilen Abdurahman ata girip geldiler, olar ap-ak geýnendiler. Maňa derwezehanadan şöhle saçylýan ýaly boldy. Howluda toplananlar olary şadyýanlyk bilen garşy aldylar... Doga we patadan soň, mähelläniň ýaşulularyndan, «hawa, döwletimizden minnetdar, biz musulmanlara Haj parzlaryny ýerine ýetirmek mümkinçiligini berdi, biziň ata-babalarymyz arman bilen gitdiler. Beýle mümkinçilikleriň berilmegi düýşümize-de girmändi. Ýurdumyzyň parahatçylygyna göz degmesin...» diýen geplerini eşidipdim. Şol wagtlarda men bu gepleriň mazmunyna düşünmesem-de, haçanlardyr agyr günleriň bolandygyny duýan ýaly bolupdym...

***2017-nji ýylda geçirilen «Özbegistanyň iň täze taryhy» boýunça esseler bäsleşiginiň ýeňijisi I. Obidowanyň işinden***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Din medeniýetiň ösmegine-de uly täsir edip gelýär. Mundan daşary, ol umumynsany we milli gymmatlyklary saklap galmak hem-de nesilden nesle ýetirmek boýunça-da möhüm ähmiýete eýe.

Din adamzadyň ruhy dünýäsi bilen aýrylmaz bagly bolup, durmuşda elmydama onuň bilen bile bolup gelipdir.

Bu günki günde käbir güýçler diniň jemgyýetdäki wezipelerinden betnebis maksatlarda peýdalanmaga urunmalary-da görmek mümkin. Netijede müňlerçe adamlar dinsizlikde günälenip, ganlary dökülýär. Dürli dini şygarlaryň nädogry düşündirilmeginden hem günäsiz adamlar jebir çekýärler.

Ynha şeýle ýaramaz halatlaryň öňüni almakda diniň dürli halklaryň arasynda gatnaşygy ýola goýýandygy, olary ruhy taýdan ýakynlaşdyrýandygy, zulma we zorluga garşy bilelikde göreşe çagyrýandygy aýratyn ähmiýete eýedir. Ähli dinler ýagşylygy wagyz edýär. Din we ylym-bilim bir-birini üstüni ýetirýär.

> Adamyň esasy wezipesi özüni gurşaýan älemiň syrlaryny öwrenmekden ybarat. Ylymlaryň ýagdaýy-da ine şeýle. Olary adamyň ýaşaýşy üçin bolan zerurlyk dünýä getirdi. Şoňa laýyklykda ylym şahalandy.
>
> ***Abu Reýhan Biruny***

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Din diýende nämäni düşündiňiz?
2. Kämil adamy terbiýelemekde diniň orny nähili?
3. Din bilen ruhy gymmatlyklaryň arasynda nähili baglylyk bar?
4. «Din ozaldan adam ruhyýetiniň düzüm bölegi bolup gelipdir». Şu jümlä öz gatnaşygyňyzy bildiriň.
5. Ýokardaky hekaýa esasynda diniň birleşdirijilik, dolandyryjylyk, kommunikatiwlik wezipelerini düşündiriň.
6. Diniň teselli beriji we dünýägaraýşy şekillendirmek wezipelerine mysallar getiriň.
7. Berlen suratlarda diniň haýsy wezipeleri suratlandyrylypdyr?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 2-§ YLYM WE DIN

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Siziň pikiriňizçe, ylym-bilim bilen diniň arasynda nähili baglylyk bar?
2. Orta asyr musulman Gündogarynda ylmyň we tehnikanyň ösmegine näme sebäp bolupdyr?
3. Yslam dininde ylym-bilime nähili gatnaşyk bildirilýär?
4. Buharadaky Ulugbek medresesiniň maňlaýyna ylym bilen bagly nähili hikmet ýazylypdyr?
5. Aşakda berlen suratlar esasynda diniň ylym-bilimiň, medeniýetiň ösmegine täsiri barada pikir ýöretjek boluň.








Ylym we din hemişe özara ýakyn gatnaşykda bolup gelipdir. Taryhda olaryň gatnaşygy dürli şekillerde ýüze çykypdyr. Gadymky Gresiýada Sokrat, Platon, Aristotel üçin ylym we din bir ugur diýen ýaly — filosofiýa bolup, ol «Fizika» we «Metafizika» bölümlerine bölünipdir. Soňrak matematika, astronomiýa we lukmançylyk ösüp başlanda-da ylym we din özara utgaşyklygy saklapdyr. Edil şeýle gatnaşyk Konfusiýniň, Farabynyň, Ibn Sinanyň, Alyşir Nowaýynyň we başga Gündogar akyldarlarynyň işinde-de görmek mümkin.

Ellinizm we orta asyr Gündogarynda ylym we din bir-birini üstüni ýetiripdir. Olaryň arasyndaky käbir agzalalyklar rehimsiz gapma-garşylyk derejesine ýet-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Siz anyk we tebigy ylymlardan alan bilimleriňize daýanyp, beýik binalary, minaralary gurmak, şekillendiriş sungaty eserlerini döretmek, heýkeller ýasamak, dürli zergärlik önümlerini döretmek üçin adamlar haýsy bilimlerden peýdalanmalydyklary barada pikirleniň.



*Abu Ali ibn Sinanyň «Tib kanunlary» kitabyndan*



*Al-Horezminiň «al-Jabr wa-l-mukabala» kitabyndan*

mändir. Gündogarda ylym we din otnositelligi netijesinde XV asyra çenli matematika, astronomiýa, lukmançylyk, himiýa we başga anyk we tebigy ylymlar ösdi. XVI asyrdan başlap bolsa bu sebitde ylym-bilim, şonuň ýaly-da, dini ylymlar hem durgunlyk döwrüni başdan geçirdi. Bu döwürde ylmyň, hut dini bilimleriň krizise duçar bolmagyna diniň aň-bilim esasyna çuňňur aň ýetirmedik fanatikler sebäp boldy.

Ýewropa Gündogardan filosofiýanyň we tebigy ylymlaryň estafetasyny alyp, XVI asyrdan çalt ösüp başlan bolsa-da, bu ýerde ylym fanatik ruhanylar tarapyndan yzarlandy. Ylym we din taryhyndaky bu gatnaşyk olaryň arasynda rehimsiz göreş döwrüni getirip çykardy. Ylymda we sungatda Galkynyş döwrüniň, dinde bolsa katolisizmiň merkezine öwrülen Italiýada bu gapma-garşylyk özüniň öwjüne galýar. Ylym we edebiýat dini ýalana çykardy, diňe bir ruhanylar däl, hatda Hudaýyň üstünden pamfletler (satirik tankytlar) ýazyldy.

Din hem ylymdaky her bir diýen ýaly täzeligi hudaýsyzlyga ýoýýar. Reformizmiň (Lýuter, Kalwin, Erazm Rotterdamskiý) täsirinde bu gapma-garşylyk beýlekilerden parahatrak ugur — taglymlar göreşine göçse-de, ýöne gazabyny peseltmedi.

XIX asyrda peýda bolan bir tarapdan «din — tiryek», ikinji tarapdan «Derwiniň özi maýmyndan ýaýran» ýaly dawalaryň täsiri häzirki günde-de duýulýar. Ylym bilen diniň arasyndaky göreşe syýasatyň gatyşmagy ençeme pajy-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

galary getirip çykardy. Aýratynam, häkimiýet «söweşjeň» ateistler ýa-da teokratlar eline geçen wagtlarda orta asyrlar tümlüginden galmaýan zorluk ulanyldy.

Adamlar mejbury ýagdaýda dinden çykaryldy, diniň gap taglymat, jemgyýet üçin zyýanlydygyny wagyz etmek işleri giňden alnyp baryldy. «Ylmy ateizm» atly ylym dokap çykarylyp, ähli okuw mekdeplerinde okadyldy. Şu taglymy kabul etmegi islemedikler bolsa dürli günäler bilen jeza çekildi.

Taryh kitaplary täzeden ýazylyp, diniň emele gelmeginde birtaraplaýyn çemeleşildi, hut şu çeşmelerde «din we ylym duşmandyr», diýen taglym ilata mekdepden başlap siňdirilip başlandy.

Ylym bilen diniň uýgunlygy tarapdarlary köplenç ylym işgärleri tarapyndan hem, halys däl ruhanylar tarapyndan hem garşylyga duçar boldy. Käte agyr günäler bilen yzarlandy.

*Haçly ýörşe gatnaşyjylar*



## TARYHA NAZAR

**Haçly ýörüşler** – 1096-njy ýylda başlanan Günbatar Ýewropa rysarlarynyň musulman, prawoslaw döwletlerine we dürli hristian mezheblerine garşy alyp baran ýörüşleri. Haçly ýörüşleriň maksady Palestinany, birinji nobatda, Iýerusalimi seljuk türklerden azat etmekdi. Ýöne soňluk bilen Baltikboý otparazlary hristianlaşdyrmak, Ýewropada Papa hökümetine garşy hereketleri basyp ýatyrmak ýa-da papalaryň syýasy maksatlaryny amala aşyrýan serişdä öwrüldi.

«Haçlylar» adalgasy haçly ýörşe gatnaşyjylary öz geýimlerine haç (krest) dakandyklary üçin peýda bolupdyr. Ýörşe gatnaşyjylary günälerden päklenýär, diýip hasaplananlygy sebäpli, onda diňe bir rysarlar däl, eýsem ýökeý ilat hem gatnaşypdyr.

Haçlylar 1099-njy ýylda Iýerusalime giren badyna gyrgynçylygy başlap goýberýärler. Olar musulman we musaýylar bilen ýerli hristianlary-da gyryp taşlaýarlar. Şol ýylyň 16-njy iýul güni daňdan ähli zat çözüldi, gabaw wagtynda we gyrgynda jemi 70 müňe golaý adam wagşylarça öldürildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

> Jemgyýetde ýamanlygyň kökleri köp, emma olaryň esasysy üç zat — tama, gazap we bilimsizlikdir.
>
> ***Abu Reýhan Biruny***

Ýöne taryhda «ylym we din aslynda bir-birine ters däl, eýsem ugtaşyk ugurlar» diýen taglymy öň süren we ösdüren beýik alymlar hem köp bolupdyr.

Meselem, Häkim Termizi biziň düşünjämizdäki ylmy bilim, dini bilimi bolsa aň-bilim, pähim diýip atlandyrypdyr we olaryň adam aňyndaky ornuny dogry kesgitläpdir. Hekim Termizi taglymlaryny Abu Nasr Faraby, Abu Reýhan Biruny, Fahriddin Razy ýaly alymlar ösdüripdir, ylym bilen diniň utgaşyklygyny Ibn Sina öz işinde has-da çuňrak görkezipdir.

Garaşsyzlykdan soň Özbegistanda-da ylym bilen diniň utgaşyklygyny üpjün etmäge aýratyn üns berildi. Birinji Prezidentimiz Islam Karimowyň nygtaýşy ýaly: «... dünýewi we dini gymmatlyklar bir-birini doldurmasa, bu günki günüň agyr we çylşyrymly soraglaryna düýpli jogap bermek aňsat bolmaýar».

Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanynda Daşkent yslam uniwersitetiniň döretmekden hem hut şu maksatlary amala aşyrmak nazarda tutulan. Hem dünýewi, hem dini bilimler okadylýan şu tälim mesgenini tamamlanlar jemgyýetimizde dünýewilik we dinilik, ylym we diniň utgaşyklygyny üpjün etmäge hyzmat edýärler.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Jemgyýet we dini bir-birinden aýyrmak nähili netijelere getirýär?
2. Din bilen ylmyň gapma-garşylygyny getirp çykaran taýpalaryň maksatlary nämedi?
3. Merkezi Aziýa ulamalary ylym bilen diniň utgaşyklygy barada nähili pikirleri aýdyp geçipdirler? N.Kopernik, J.Bruno we G.Galileýler näme üçin buthana tarapyndan yzarlanypdyrlar?
4. «Taryha nazar» diýlip berlen teksti okaň. Jemgyýetdäki ýitiligiň sebäplerini düşündirmäge çalyşyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 3-4-§ DINIŇ PEÝDA BOLMAGY WE ŞEKILLERI

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Gadymky dini düşünjelerden bolan animizm, totemizm, fetişizm, şamanizm düşünjeleriniň mazmunyny ýada salyň we düşündiriň.
2. Halkymyzyň arasynda ýaýran nähili urp-adatlar gadymky dini düşünjeler bilen bagly bolmagy mümkinligi barada pikiriňizi bildiriň.
3. Merkezi Aziýa sebitinde ýaşan gadymky halklaryň ilkinji dini düşünjeleri nähili bolupdyr?

Bu günki günde ylymda dinleriň şekilleniş taryhyna degişli iki hili: teologik we materialistik garaýyşlar bar.

**Teologik** *(ylahy, dini)* **çemeleşmä** görä, dürli zatlara sygynmak we köphudaýlyk, şol sanda animizm, totemizm, fetişizm we şamanlyk ýekehudaýlykdan soň emele gelipdir. Şol sanda, musaýylyk, hristianlyk we yslam dinlerine görä, Hudaý ilkinji adam — Adamy ýaradyp, oňa özüni tanadan we Adam nesillerini özüne sygynmaga çagyrypdyr. Wagtyň geçmegi bilen adamlar sap taglymatdan uzaklaşyp, dürli butlara sygynyp başlapdyrlar.

Dinleriň gelip çykyşy baradaky ikinji garaýyş ylymda **materialistik çemeleşme** diýlip atlandyrylýar. Şu garaýyşlaryň peýda bolmagy antik döwre baryp diretýär — ilkinji gezek gadymky grek filosoflary bu hakdaky öz garaýyşlaryny beýan edipdirler.

> Ylym — dünýäniň lezzeti. Ylym adam üçin örän ýokary we mukaddes sypatdyr. Sebäbi, ylym bize öz neslimizi, hereketimizi aýna ýaly görkezýär. Zehnimizi, pikirimizi gylyç ýaly çarhlar.
>
> ***Abdulla Awlany***

***Teologik çemeleşme** — diniň peýda bolmagy gös-göni Hudaý bilen bagly, diýen taglymat.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## NUH PYGAMBERIŇ KOWMUNYŇ BUTPARAZ BOLUP GITMEGINIŇ TARYHY

Beýik pygamberlerden bolan Nuhuň (a.s.) kowmy butparazdy. Olar Suwo atly aýal, Wad atly erkek, Ýagus atly arslan, Ýauk atly at, Nasr atly bürgüt we çaýçaňňalak şeklindäki butlara sygynýardylar. Ibn Jarir Tabarynyň ýazmagyna görä: «Nuh kowmy ybadat eden butlar aslynda Adam we Nuh pygamberleriň arasyndaky möhletde ýaşan salyh adamlaryň atlary bilen baglydy. Olar aradan çykandan soň müşderileri we şägirtleri gözleri düşüp ýatlanda özlerine gyzyklanma we ybadata gaýrat getirsin diýen niýetde suratlaryny ýasadyp goýupdyrlar we bu suratlara sygynmandylar. Bu zamanyň adamlary dünýäden ötenlerinden soň, olaryň nesilleri zamanynda Iblis özüne çekip, «atalaryňyz bu suratlara sygynýardylar, olardan bereket we ýagyn sorardylar», diýip salyh adamlaryň tymsalyna ybadat etmegi öwretdi. Hemme bu şirk amalyna duçar boldy. Şeýdip butparsazlyk peýda boldy».

***«Düşündirişat-Tabary» kitabyndan***

XVII asyra gelip Ýewropada buthana häkimiýetiniň peselip başlamagy, azatpikirlilik wekillerini — din tankytçylarynyň peýda bolmagy, XIX asyryň ikinji ýarymynda Çarlz Darwin tarapyndan «Görnüşleriň gelip çykyşy» (1859) atly eseriň çap edilmegi-de materialistik garaýyşlaryň ösmegine itergi boldy. Soňluk bilen şu garaýyşlar Awgust Komt we Lýudwig Buhnerler tarapyndan iň ýokary derejä ýetirilipdir.

**Materialistik çemeleşme** — dinleriň gelip çykyşyny ilkidurmuş adamyň gorkulary bilen baglaýar.

Oňa görä din bu sosial hadysa, adam aňynyň, duýgularynyň önümidir. Şu garaýşyň tarapdarlarynyň pikiriçe, dinler ýönekeýden çylşyrymla, umumylykdan hususylyga, köphudaýlykdan ýekehudaýlyga tarap uzak taryhy ewolýusion prosesi geçipdir.

Şu garaýşyň tarapdarlaryna görä, uky, düýş we dem almak ýaly halatlarda bedeni dolandyrýan we ölüm bilen ondan tapawutlanýan, ýaşaýyş bagyşlaýan nähilidir güýjüň bardygyna ynanan eždatlarymyz, şu güýç



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Urug-taýpa dinleriniň nähili şekillerini bilýärsiňiz?
2. Bu günki günde urug-taýpa dinleriniň nähili elementleri saklanyp galypdyr?
3. Urug-taýpa dinleriniň özboluşly we meňzeşlik taraplaryny aýdyp beriň.

hereket edýän her bir zat: derýa, gün, aý, daragt ýaly barlyklarda bar diýip düşünipdirler. Netijede, adamyň gorkusy, hormaty, islegi we zerurlygy derejesinde olara sygynyp başlapdyrlar.



**Herbert Spenser**
(1820-1903)

Materialistik garaýşyň tarapdarlarynyň pikirine görä, gorky dinleriň gelip çykyşynda esasy rol oýnan duýgy halatydyr.

Iňlis filosofy Herbert Spenser (1820-1903) hem ilkidurmuş taýpa dinleriniň gelip çykyşyna gorky netijesinde «eždatlara sygynmak» sebäp bolanlygyny nygtaýar. Spenser sosial hasap-hesiplere daýanmak bilen, durmuş gorkusynyň dinlerdäki ornuna aýratyn ünsi çekýär.



Bu gorkynyň eždatlara görä ybadatyň ähli görnüşleri şekillendirendigini we taňrylaryň üstün ýa-da gahryman bolan eždatlardan saýlanandygyny aýratyn görkezýär; her bir dinde eždatlara aýratyn üns berlendigine yşarat edýär.

Maks Mýulleriň (1823-1900) pikirine görä, diniň gelip çykyşy tebigatyň hadysalarynyň adama beren gazabyna baryp direlýär we oňa «naturalizm» diýilýär.

Maks Mýuller hinduiligiň mukaddes kitaby Wedalara söýenmek bilen ähli diýen ýaly dinlerde hudaý atlary tebigatyň hadysalaryny aňladýandygyny nygtapdyr. Şu taglymatyň tarapdarlary dinleriň emele gelmegi we



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Fridrih Maks Mýuller**
(1823-1900)



şekillenmegi animizm, totemizm, fetişizm we şamanizm ýaly basgançaklarda emele gelendigini nygtaýarlar.

**Animizm**. Gadymky adamlar töweregindäki dünýäde haýwanlar, ösümlikler, tebigatyň hadysalary ýaly her zadyň jany, ýagny ruhy bar diýip düşünipdirler. Gadymky Merkezi Aziýa halklarynyň arasynda giň ýaýran legendar görnüşe eýe bolan ýer, ot, tokaý, suw, dag we öýüň adam şekilli «ruhlary» hem şundan gelip çykypdyr.

Şol sanda, daragta sygynmak hem animizmiň bir görnüşi hasaplanýar. Şu sebäpli bolsa gerek, «Durmuş daragty» temasy Özbegistan halk hünärmentçiliginde möhüm orun tutýar. Halklarda adamyň beden taýdan ölüminden soň onuň ruhy ýaşap galmagyna bolan ynam we ygtykat jaýlamak bilen bagly ençeme dessurlaryň peýda bolmagyna getiripdir.

**Totemizm.** Ilkidurmuş obşinalary kowum-garyndaşlyk esasynda gurlupdyr. Adam jemgyýetçilik gatnaşyklaryň şu görnüşini daşky gurşawa – tebigata hem göçüripdir. Urugyň jandarlar we ösümlikler älemi bilen aragatnaşygyny olar bilen gandaşlyk alamaty diýip düşnilipdir.

1938-nji ýylda Surhanderýa welaýatynyň Baýsundag daglaryndaky Deşikdaş gowagyndan tapylan neandertal çaga gubury häzirki Özbegistanyň çägindäki totemizm ygtykadyna bagly iň gadymy ýadygärliklerden biridir. Çagany jaýlamazdan öň onuň töweregi dag goçy – arharyň şahlary bilen gurşalan, bu onuň totem jandar bilen

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Aşaky synplarda taryh ylmyndan alan bilimleriňize daýanyp, Maks Mýuller näme üçin hinduiligiň mukaddes kitaby Wedalarlara daýananlygy boýunça pikir ýörediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TARYHA NAZAR

Fergana jülgesiniň Soh obasyndan tapylan we miladydan öňki II müň ýyllyga degişli daşky görnüşinden ok ýylana meňzeş daş tumar Özbegistan halklarynyň taryhy muzeýinde saklanýar.

Öküze gadymdan güýç-kuwwat, hasyllylyk tymsaly hökmünde garalypdyr. Käbir arheologik ýadygärliklerden tutawajy goýun şeklinde işlenen gaplar tapylypdyr. Gadymky ýerli halklarda ýokardaky haýwanlary beýgeltmek adaty ep-esli giň ýaýrapdyr.



baglylygy baradaky takmyny öňe sürmäge mümkinçilik berýär.

**Fetişizm.** Häzirki zaman dinlerinde fetişizm mukaddes zatlary togap etmek görnüşinde, şol sanda, hristianlarda - haçlar, ikonalar, meýide sygynmak, buddizmde – mukaddes soky daşlar görnüşinde saklanyp galypdyr. Yrym-syryma ynanýan adamlaryň arasynda tumar bagt getirýär, gözmonjuk bolsa ýaman gözden



## DÖREDIJILIKLI IŞ

Özbegistan milli ensiklopediýasyndan animizm, totemizm, fetişizm, şamanlyk, jadygöýlük düşünjeleriniň leksiki mazmunyny tapyň. Olaryň her birine mysallar getiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gorap saklaýar diýen ynam bolupdyr. Nal, tumar, boýun şaý-sepi (kulon) ýaly zatlar häzirki zaman fetişlere mysal bolýar.



**Şamanizm (şamanlyk).** Başga milletlerde bolşy ýaly Merkezi Aziýa halklarynda-da şamanizm dürli görnüşlerde bolupdyr. Pal atma; täleý garama, yssy-sowuk etmek, ilgirlik ýalylary şamanizmiň alamatlary hökmünde getirilýär.

Bu günki günde hem käte haýsy-da bolsa bir zadyny ýitiren adam palça barýan ýagdaýlary duşýar. Şonuň ýaly-da, jady ýoly bilen birege peýda ýa-da zyýan ýetirmäge urunma amalyýeti hem bar. Merkezi Aziýa halklarynda käte käbir kimse uzak wagt kesel bolsa, oňa aýaga galmagyň ýeke-täk ýoly – ruhlar bilen gepleşige girişmek diýip ynandyrýarlar. Beýle adamlar halkyň arasynda «kişili» diýilýär. Emma unutmaslik kerakki, köplenç beýle ýagdaýlar ýönekeý adamlary aldamak üçin toslanan bolýar.

**Jandarlara we ösümliklere sygynmak.** Merkezi Aziýa halklarynyň arasynda esasan aşakdaky jandarlar we ösümlikler mukaddesleşdirilipdir:

**Möjek.** Gadymky türk rowaýatlaryna garanda, Aşina taýpasyndan bolan ýaş çagany möjek emdirip ulaldypdyr. Şonuň üçin hem Ýewraziýa oazislerindäki türkleriň gök baýdagyny möjegiň altyndan ýasalan kellesi bezeýär. Möjegiň täsin ylahy güýjüne ynam şu günlere çenli bölekleýin saklanyp galypdyr.

**At.** Aty beýgeltmek türki halklaryň arasynda gadymdan bar bolupdyr. Muny Günorta Gyrgyzystan daglaryndaky (Arawan, Aýyrmaç-Dag) gaýalara ýazylan atlaryň suratynda görüp bileris. Suratlaryň aşagynda haýwanlary gurbanlyga getirip, şem ýakmak üçin tekjeler ýasalypdyr. Atyň mukaddesligi baradaky düşünje diňe bir sähralarda ýaşaýan taýpalarda we halkyýetlerde

> Adamlar! Ilki bilen gowy ahlaga eýe bolmaga çalyşyň, sebäbi, ahlak kanunyň esasydyr.
>
> ***Pifagor***





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

däl, eýsem ekerançylyk bilen meşgullanýan oturymly ilatyň arasynda hem giň ýaýrapdyr.

**Guşlar.** Rowaýatlara görä, özlerini Oguzhanyň nesilleri diýip hasaplaýan türki oguzlar babalar tymsalyny ýamanlyklardan goraýan guşlarda görüpdirler. Gyrgy, bürgüt, laçyn, garçygaý ýaly guşlar taýpa agzalaryna bereket we bagt getirýän mukaddes jandarlar hasaplanyp, olary atmak berk gadagan edilipdir.

Özbek, gazak, gyrgyz, türkmen halklary gadymda hüwi, baýogly, bürgüt we laçyn ýelekleriniň mukaddes güýjüne ynanypdyrlar. Bu güne çenli hem kiçi ýaşdaky oglanlaryň we gyzjagazlaryň kelle geýimlerini, bişik we sallançaklaryny guşlaryň ýelegi bilen bezeýärler. Merkezi Aziýa halklarynyň arasynda sülgün, tawus, horaz mukaddes guşlar hasaplanypdyr.

**Daragtlar.** Merkezi Aziýada çynar we serw daragtlary (arça) gadymdan mukaddes güýje eýe obýekt hökmünde hormatlanypdyr. Olara gyzlar öz kalp syrlaryny aýdyp, daragtyň şahalaryna nyşana daňyp, armanlarynyň amala aşmagyny umyt edipdirler. Günorta Türkmenistanda, Özbegistanda we Täjigistanda çynar daragty gaty hormatlanýar. Türkmenler çynaryň guran şahalaryny odun hökmünde ýakyp, ulanmaga-da gorkýarlar.

Türkmenistandaky Pöwrize jülgesiniň uzynlygy kyrk metr gelýän «Ýedi aga-ini» çynary bilen meşhur. Saýrob obasyndaky äpet çynaryň dört metrlik köweginde bir wagtlar hatda medrese ýerleşipdir. Daşkendiň golaýyndaky Burçmulla obasynda adatdan daşary uly çynary zyýarat etmäge gelýänleriň yzy üzülmeýär.



## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Animizm, totemizm, fetişizm, şamanlyk, jadygöýlük ýaly deslapky dini düşünjeleriň arasynda nähili umumylyk bar? Olary bu günki gündäki görnüşleri barada maglumat beriň.
2. Ilkinji dini düşünjeleriň bu günki gündäki görnüşleri barada görkezmeli slaýd taýýarlaň (MS Power Point).
3. Gadymky Merkezi Aziýa halklarynyň durmuşynda animistik, totemistik, fetişistik we şamanistik düşünjeleriň orny nämelerde görünýär?
4. Taryh ylmyndan milli we dünýä dinleriniň nähili peýda bolanlygy barada maglumat toplaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 5-§ MUSAÝYLYK

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Musaýylaryň Merkezi Aziýa girip gelmegi haçandan başlanypdyr?
2. Musaýylaryň gadymda Merkezi Aziýada ýaşandygyny görkezýän tapyndymalar haçan we nireden tapylan hem-de olar haýsy döwre degişli?
3. Merkezi Aziýadaky musaýylar näme üçin «Buhara musaýylary» diýip atlandyrylýar?

## DINIŇ TARYHYNDAN

> Ylymlaryň peýdasy — olar kömeginde altyn we kümüş toplamak däl, eýsem adamkärçiligi we danyşmentligi gazanmakdyr.
>
> ***Abu Reýhan Biruny***

Musaýylyk dünýädäki iň gadymy dinlerden biri bolup, takmynan, miladydan öňki II müňýyllykda Ýakyn Gündogarda peýda bolupdyr. Ol diňe musaýy halkyna mahsus milletiň dini hasaplanýar. Abu Reýhan Biruny özüniň «Gadymky halklardan galan ýadygärlikler» kitabynda musaýylaryň ady somiý dillerdäki «hoda», ýagny «toba etmek, toba edenler» sözünden gelip çykan, diýen pikirleriň bardygyny aýdyp geçipdir. Giň ýaýran pikire görä bolsa, «musaýy» sözi Ýakup pygamberiň ogly Ýahudonyň adyndan alnan.

Musaýy halkynyň ýene bir ady Banu Ysraýyldyr. «Ysraýyl» sözi Ýakup pygamberiň ikinji ady bolup, «banu» çagalar diýip terjime edilýär. Diýmek, Banu Ysraýyl ady «Ysraýylyň nesilleri» manysyny berýär.

*Rowaýatlara görä, Ýakup pygamberiň 12 ogly bolup, olaryň dördünjisi Ýahudody. 12 oguldan soňluk bilen 12 sany taýpa ýaýrady. Ýahudonyň nesilleri bolan musaýylar başga taýpalary özlerine boýun egdirýärler. Şundan soň bu taýpalaryň ählisi «musaýy» diýip atlandyrylyp başlady.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Musany kowup barýan Faraon (papirusa işlenen surat).*

Musaýy halkyna görä «ýewreý» sözi hem ulanylýar. Bu gadymy somiý dillerindäki «ibriý» sözüniň özgeren şeklidir. Arap çeşmelerinde bu söz «abara, ýa'buru» — «kesip geçmek» işliginden gelip çykan, diýip hasaplanýar. Şu din çeşmelerine görä, ilkinji musaýy taýpalary Mesopotamiýada ýaşapdylar. Olar miladydan öňki XV asyrlarda Ybrahym pygamberiň baştutanlygynda Tigr we Ýewfrat derýalaryndan kesip geçipdirler.

Tawratda, Injilde we Gurhanda habar berilmegine görä, Ybrahym pygamberiň agtygy bolan Ýakubyň on birinji ogly Ýusupdy. Ýusup we onuň agalarynyň arasyndaky gatnaşyklar sebäpli Banu Ysraýyl kowmy Müsüre göçüp gelipdir. Olar esli wagt Müsür ýerlerinde ýaşapdyrlar. Soňluk bilen Müsür faraony Banu Ysraýyl kowmuna zulum edensoň Musa pygamberiň baştutanlygynda bu halk ýene Kanon (Palestina) ýerlerine gaýdy.

Miladydan öňki 722-nji ýylda Ysraýyl patyşalygy Assirýa tarapyndan, 586-njy ýylda bolsa Wawilon döwleti tarapyndan basyp alnansoň, musaýy halkynyň bir bölegi ülkeden kowup çykarylýar.



*Deňziň ikä bölünişi*



## TARYHA NAZAR

Bibliýa rowaýatyna görä, mil öň. 1250-nji ýylda musaýylar Musanyň baştutanlygynda Müsüri terk etdiler. Mil. öň. 1000-nji ýylda patyşa Saul aradan çykansoň onuň giýewi patyşa Dawut Palestinany birleşdirip, Musaýy patyşalygyny düzdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Ysraýyllylar Müsürde.*



***Tanah*** *birlenji çeşme bolup, ol Tawrat (Tora), Pygamberler (Newiim) we Kitaplar (Hetuwim) diýip atlandyrylýan üç bölümden ybarat.*

***Talmud*** *(ibranyça — «öwrenmek») Tawrotyň düşündirişi hökmünde ykrar edilýär.*

## MERKEZI AZIÝA MUSAÝYLYK DINININ GIRIP GELMEGI WE ÖSÜŞI



*Beýik Ýüpek ýoly.*

Miladydan öňki VIII asyrlarda käbir musaýylar Ysraýyly terk edip, Müsür, Eýran ýaly ülkelerden başpena tapypdyrlar. Merkezi Aziýa musaýylar Sogdiana döwleti döwründe, ýagny miladydan öňki II asyrda girip gelipdirler. Olar Eýran arkaly Merwe gelip, ol ýerden Buhara, Samarkant, Şährisebz we başga şäherlere ýaýradylar.

Barlagçylar olaryň bu ýere göçüp gelip, ýerleşendiklerini «Beýik Ýüpek ýoly» işi bilen baglaýarlar. Musaýylaryň boýagçylyk boýunça hünärmen bolany olaryň çig mal çeşmelerine ýakynrak sebitlere ornaşmagyna sebäp bolupdyr.

Merkezi Aziýada milady IX-X asyrlarda musaýy obşinalary köpsanly we erkin bolupdyrlar. Olardan diňe



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

urşa ýaramly bolan erkekler jizýa salgydyny töläpdirler. Ýygnalan salgytlaryň diňe ýarysy döwlet hazynasyna tabşyrylyp, galan bölegi bolsa obşina baştutanynyň ygtyýarynda galypdyr.

Musaýylaryň Merkezi Aziýada ýaşandyklaryna şaýatlyk ediji arheologik tapyndylar ilkinji gezek barlagçy tarapyndan 1954-nji ýylda Türkmenistanyň Merw we Baýramaly şäherlerinden tapylan. Bular gadymky sinagoga galyndylary, musaýy ýazuwunda ýazylan toýun önümlerdir. Tapyndylar Grek-Baktriýa we Parfiýa döwletleri hökümdarlyk eden miladydan öňki II — milady I asyrlara degişli bolupdyr.



*Karaimleriň milli geými.*

IX-X asyrlarda Merkezi Aziýada ***karaimler*** diýip atlandyrylýan musaýy sektasy peýda bolýar. Bu akymyň tarapdarlary diňe Torani (Tawroty) ykrar edýär, Talmudy bolsa inkär edýärdiler. Olar ýerli musaýylary **kaşrut** (diňe rugsat edilen naharlary iýmek) kadasyny bozmak, ýerli ilat bilen gatyşyp gitmek we musaýy dinini garşylyk bilen bozmakda günäläp başladylar.

XIII asyryň başyna gelip gadymky musaýy obşinalary hem krizise duçar bolýar. Saklanyp galan az sanly musaýylar Buhara we onuň töwereklerinde ýaşapdyrlar.



*Daşkentdäki Aşkenazi sinagogasy (1930-njy ýylda ýapylan, 1966-njy ýylda ýer titremesinde bozulyp giden).*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Mongollar döwründe bolsa Horezmde musaýylaryň bir şäherde 100 öýden artyk bolmaly däldi.

Emir Temur we temuriler döwründe Mawerannahr sebitine Eýrandan ençeme musaýy obşinalary göçürlip getirilipdir. Olaryň bir bölegi Buharada ýaşapdyr. XVIII asyryň başlarynda musaýylar Eýran, Owganystan, Hywa, Kokant we Buhara obşinalaryna bölünip gitdi.

XIX asyryň ikinji ýarymynda Merkezi Aziýa musaýylary Buhara emirligi çäklerinde ýaşandyklary sebäpli ***«Buhara musaýylary»*** ady bilen tanalan bolsalar-da, olaryň esasy bölegi Samarkantda ýaşan.



*Musaýy mekdebi. (Samarkant, XX asyryň başlary).*

XIX asyra gelip musaýylar Merkezi Aziýanyň Karşy, Merw, Hatyçy, Şährisebz, Ketdekorgan, Karmana, Margilan, Duşanbe şäherlerinde bir kwartala jemlenip güzeran geçiripdirler.

1932-nji ýylda Samarkantda musaýylar teatry döredilipdir. 1940-njy ýyla çenli Merkezi Aziýada musaýylaryň iwrit dilindäki mekdepleri, döwürleýin we mahsus neşirleri bolupdyr.

Sowetler döwrüniň soňky ýyllarynda musaýy dilinde okatmak we medeni iş ýöretmek bes edilipdir. Ýöne musaýylyk ýeke-täk millete mahsus din bolanlygy sebäpli, olar nirede ýaşasa-da, biri ikinjisinden näçe uzakda bolsa-da, öz dinine we mukaddes kitaplaryna uýmagy dowam etdiriberipdirler.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

«XIX asyryň ikinji ýarymynda Rus imperiýasy Merkezi Aziýany basyp almagy musaýylaryň Türküstan we Buhara obşinalaryna bölünip gitmegine getirdi». Taryh ylmyndan alan bilimleriňize esaslanyp, musaýylaryň Türküstan we Buhara obşinalaryna bölünip gitmeginiň sebäplerini anyklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Musaýylar teatry*



*Buharadaky musaýy maşgalasy (XX asyryň başlary).*

1991-nji ýylda Özbegistan garaşsyzlygyny gazanandan soň ähli dinler, şol sanda, musaýy dinine hem erkin uýmak üçin giň şertler döredip berildi.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Bu günki günde ýurdumyzda başga dini konfessiýalar hatarynda sanawdan geçen «Musaýylar obşinasy» iş alyp barýar. Şu jümläni dini we milli bagrygiňlik prinsipi bilen baglap düşündiriň.
2. «1170-nji ýylda ýekeje Samarkantda 30 müň musaýy ýaşapdyr». Şu jümle esasynda ýurdumyzdaky dini bagrygiňlik prinsipleriniň ozaldan gelýän gymmatlykdygy boýunça pikir bildiriň.
3. Ysraýyl döwleti haçan dörändigini we döreýiş şertlerini anyklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 6-7-§ MUSAÝYLYK DESSURLARY WE AKYMLARY



## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Musaýylykdaky On emr barada eşitdiňizmi?
2. Geografiýa ylmyndan alan bilimleriňize daýanyp, Sinaý (Tur) dagynyň ýerleşýän çägini anyklaň.
3. Tur dagy bilen bagly nähili rowaýatlary bilýärsiňiz ýa-da eşidensiňiz?



*Musa On emri alýar.*

## MUSAÝYLYK TAGLYMATY

Musaýylyk taglymaty Hudaý tarapyndan Musa peşgeş berlen On emre amal etmäge esaslanýar. Olaryň ygtykadyna görä, On emr Musa pygambere Sinaý (Tur) dagynda iki gezek düşürilen.

Musaýylykda aýdylmagyna görä, Musa öz kowmunyň elde ýasalan owlaga sygynýandygyny görüp, mundan gazaplanyp gidýär we Hudaýyň emrleri ýazylan bölekleri döwüp taşlaýar, şundan soň Hudaý aşakdaky On emri gaýtadan düşüripdir.

1. Dünýäni ýaradan, ýeke-tä Ýahweden başga ylah ýoklygyna iman getirmek.
2. Ýahveden başga ybadat etmezlik.
3. Hudaýyň adyny bolar-bolmaza dile alybermezlik.
4. Şenbe gününi mukaddes saýmak we şu güni dynç almak.
5. Ata-enäni hormat etmek.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

On emrde berlen kadalary ahlak kadalary bilen baglap düşündiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6. Adam öldürmezlik.
7. Biperwaý bolmazlyk.
8. Ogurlyk etmezlik.
9. Öz ýakynlary (musaýylar) hakyna ýalan şaýatlyk etmezlik.
10. Öz ýakynlary öýüne, aýalyna, guluna, haýwanlaryna, umuman, oňa degişli bolan zatlara göz dikmezlik.



*Talmud*

Şu emrler musaýylaryň mukaddes çeşmesi hasaplanýan Tawrot (Tora) kitabynda getirilipdir. Tawrot Musa degişli bolan bäş kitaby öz içine alýar:

1) «Barlyk» ýa-da «Ilkidurmuş»;
2) «Çykyş»;
3) «Lewit»;
4) «Sanlar»;
5) «Ikinji kanun».

Tawrot teksti ibriý we arameý (köne musaýy) dillerinda ýazylypdyr. Onda Ysraýyl halkynyň taryhy beýan edilipdir.

**TARYHA NAZAR**

Eýran patyasy Kir II tarapyndan Wawilon eýelenensoň, musaýylaryň köp bölegi Kan'ona gaýdyp, patyşanyň razylygy bilen ikinji gezek öz döwletlerini gaýtadan dikeltmegi başarypdyrlar. Muhojirlikda galan musaýylaryň bir bölegi bolsa Gündogara, hususan-da, Merkezi Aziýa göçdi.

## YBADATLAR WE DESSURLAR

Musaýylykda ybadat daň, peşin we şam wagtynda edilýän gündelik hem-de şenbe güni sinagogada bolup geçýän hepdelik ybadat şekillerine bölünýr. Hepdelik ybadat (Şabat-Sabt) anna güni Günüň batmagy bilen başlanýar we şenbe güni ahyryna ýetýär.

Şenbe güni ot ýakmak, işlemek, hatda transportdan peýdalanmak hem gadagan edilýär. Musaýylyk taglymatyna görä, Hudaý älemi alty günde ýaradyp, ýedinji güni dynç alypdyr. Şonuň üçin hem, musaýylar hepdäniň ýedinji güni — şenbäni dynç alşa we ybadata bagyşlapdyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Sinagoga**da (gr. «jemlenme»; ibr. — «beyt kneset» — «jemlenme öýi») ybadatlar iň bolmanda on sany kämillik ýaşyna ýeten erkek adam toplananda geçirilýär.

«Tawrot»da jennet «Adan» ady bilen atlandyrylyp, onuň sypatlary beýan edilipdir.

Musaýylykda ybadat — «awoda şe-ba-lew» ibranyça «Kalp hyzmaty» diýen manyny aňladýar.



*«Mezuza»*

Ybadat wagtyndaky iň möhüm pursat we onuň esasy şertlerinden biri «Tawrot» dolamalarynyň düwünleriň içinden çykarylmagy we ruhany tarapyndan belent sesde okalmagydyr. Musaýylarda diňe sinagogada däl, öýde hem ybadat edilýär.

Öýlerde giriş gapysynyň ýokarsynda «mezuza» diýip atlandyrylan, uzyn bir turbanyň içine dolama ýagdaýynda goýlan «Tawrot» jümleleri ýazylan bolýar. Öýe girende we çykanda musaýylar «mezuza» el degrip, barmaklaryny ogşaýarlar. Musaýylar «mezuza» olary ýowuz ruhlaryň ýamanlygyndan saklaýar, diýip ynanýarlar. Öýde alnyp barylýan ybadat wagtynda kelle geými geýlip, egne bolsa çäkmen (tales) taşlanýar. Dogalaryň iň möhümi hasaplanýan 16 sanysy dik duran ýagdaýda aýdylýar. Başgalaryny okanda dyza çökmek, endamy yrgyldadyp durmak ýaly hereketler edilýär.

Sinagogalarda, üç element ýer almagy hökman. Bu Aron Kodeş, Ner Tamid we Bimadyr. Iýerusalime ýönelen mukaddes sandyk (şkaf) — Aron Kodeş içinde «Tawrot» tumarlary saklanýan mahsus ýer bolup, ol metjitdäki «mährebe» meňzeş wezipäni ýerine ýetirýär we girilýän gapynyň garşysynda bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ner Tamid** — (ibr. «ebedi şemçyra») sinagogada «Tawrot» salnan sandygyň garşysynda ýerleşen bolup, hemişe ýanyp durýan şemçyradyr. Singogalarda Ner Tamid Menorany ýatladyp durýan nyşan hökmünde goýulýar.

**Bima** (ýa-da tewa, almemar) bolsa — sinagoganyň merkezinde ýerleşýän «Tawrot» okalýan münberdir.

## BAÝRAMLAR

Musaýylarda Roş Aşona, Ýom Kipur, Pesah, Şawuot, Sukkot, Simha Tora, Purim, Hanukka we başga dini we milli baýramlar (ibr. — Ýom tow — ýagşy gün) bar.

**Roş Aşona** (ibr. — «ýylyň başy») musaýy milli kalendaryna görä täze ýyl baýramy tişre (sentýabr-oktýabr) aýynyň birinji we ikinji günlerinde bellenilýär.

Musaýylyk taglymatyna görä, bu günde ilkinji adam Adam ýaradylan we Hudaý tarapyndan berlen gadagany bozup, jennetden çykarylypdyr.



*Ner Tamid*



*Roş Aşona baýramynyň sinagogada bellenişi*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*«Tawrot» okamak dessury*

On gün dowam edýän Roş Aşonanyň ahyrky gününde **Ýom Kipur** baýramy bellenýär. Bu güni hiç hili iş edilmän, diňe ybadat bilen meşgul bolunýar. Musaýylar Ýom Kipurda oraza tutmaklary, sinagogada zaryn aglap, eden günälerine toba etmelidiler.

**Pesah (Pasha)** ýyllyk baýramlaryň arasynda iň ünslüsi hasaplanýar. Ol nisan (mart-aprel) aýynyň on bäşinji gününden başlanyp, sekiz gün dowam edýär. Şu baýram musaýylaryň Müsürdäki gullukdan azat bolanlaryň gatnaşmagy bilen bellenýär we şu günlerde hamyrmaýasyz çörek — «matsa» iýilýär.

**Şawuot** (Şewiot) (ibr. — hepdeler) Pesahdan soňky 50-nji gün bellenýär. Şawuot ilki ekerançylyk baýramy bolupdyr, soňluk bilen Sinaý dagynda Musa «Tawrotyň» berilmegi mynasybetli bellenipdir.

**Sukkot** (çadyrlar baýramy) musaýylar Müsürdäki gulçulykdan azat bolanlaryndan soň, çölde çadyrlarda gün geçirenlerini ýatlap geçirilýän dessur. Gadymda musaýylar şu dessur günlerinde Iýerusalime zyýarata barypdyrlar. Bu güne gelip bu däp ýitipdir.



*Ybadata çagyrmak üçin çalynýan şofar*

Milli aýratynlyga eýe **Purim** (Şüýji baýramy) adar (fewral-mart) aýynyň 14-nji güni bellenýär. Şu



*Maşgala gurşawynda «Pýesah» baýramy*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

baýram Iýerusalimde 1 gün, başga ýerlerde bolsa 2 gün dowam edýär.

Bu baýram Ester atly gyz sebäpli musaýylaryň Eýranda katliomdan gutulyp galmagy hormatyna bagyşlanýar we onda şadyýan çäreler guralyp, süýjüler paýlanypdyr.

**Hanukka** (ibr. — «täzeleniş», «açmak») musaýylaryň Siriýa koroly Antiokasyň üstünden gazanan ýeňşiň şanyna bagyşlanan baýram hasaplanýar.

Kislaw (noýabr-dekabr) aýynyň ýigrimi bşinji gününden başlanyp 8 gün dowam edýän bu baýramyň adaty günlerden ýekeje tapawudy hanukkiýa diýip atlandyrylan dokuz şahly şemdandan her gün biriniň ýakylmagy.



*Hanukka baýramy.*

**Musaýylykda jaýlama dessury** hem belli bir özboluşlylyklara eýe. Adam aradan çykansoň, garyndaşlary mahsus geýim geýip, şem ýakýarlar. Meýidi ak kepene dolap, «Kaddiş» (aramyça — «Mukaddes», sinagogalarda okalýan ybadat dogasy) okalýar.

Jeset çykan maşgalada bir hepdäniň dowamynda aza tutulyp, öýden daşary çykylmaýar. Bir ýyl geçensoň, meýidi hatyrlap «ýyl dessury» («Ýorsaýt») geçirilýär.






*Iýerusalimdäki birinji uly sinagoga*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*3100 sany basgançak arkaly Tur dagyna çykmak*



Ýom-kipur, Sukkot, Pesah baýramlarynda merhumlary hatyrlap «Ýizkor» diýip atlandyrylýan mahsus dogalar okalýar.

## AKYMLAR

Uzak taryhy ösüş dowamynda başga dinlerde bolşy ýaly musaýylykda hem içki bölünişler emele gelipdir. Olaryň arasynda iň giň ýaýranlary sadukylyk, farzylyk, essanylyk, hasidilik, karoim, özgertmeçi, konserwatiw ýaly akymlardyr.

**Sadukylyk** klassyk akymlaryň arasynda belli bir özboluşlylyklary bilen başgalardan tapawutlanýar. Şu akymyň wekilleri esasan iri yer eýeleri, ýokary gatlak wekillerinden (aristokratlardan) bolupdyrlar.

Sadukylyk taglymatyna görä ruh ebedi dälligi nygtalýar. Adamyň gaýtadan direlmegi, perişdeleriň barlygy inkär edilýär. Sadukylar Hudaý bendeleriniň işine gatyşmaýar, her bir adam tagdyryny özi kesgitleýär, diýip hasaplaýarlar.



*Sadukylar*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Saduky** adalgasy Suleýman pygamber patyşalyk eden döwürde ruhany bolan Sadoka (Sadok) adyndan gelip çykypdyr.

**Farziýler** ibr. — «peruşim» — «aýry bolmak», «näpäkliklerden uzak bolmak».

**Farziýler** akymy mil. öň. II asyrda ygtykatda we amalda sadukylyga garşy ýagdaýda emele gelipdir. Şonuň ýaly-da, sadukylykdan tapawutlylykda farziýleriň özenini aşaky gatlak wekilleri we garyplar düzüpdir.



*Farziýler*

Musaýylyk kanun-kadalartna berk amal edilmegini talap edýän şu akym Hudaý her bir zady gözegçilik etmegine, bendä mahsus azat erkiň barlygyna, ölümden soň gaýtadan direlmek, jennet, jähennem, perişdeler, jeza we sylagyň bardygyna ynanmaga esaslanýar.

**Issiýim ýagny Essaniýler** sadukylyk we farziýlik bilen bir döwürde peýda bolan klassyk akymlardan biridir. Essaniýleriň ygtykat esaslary farziýleriňkä ýakyn bolup, olar adamlaryň tagdyry öňünden ýazyp goýlandygyny, gaýtadan direlmegiň we perişdeleriň barlygyny ykrar edýärler. Meselem, perişdeler — mukaddes jandarlar, «Asman ogullary», amala aşyrýan işlerine garap



*Essaniýler*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Essaniýleriň öýleriniň galyndylary*

«Nurlar koroly», «Tümlük perişdesi», «Azatlyk perişdesi», «Mastemah (şeýtan)», «Saklaýjy perişdeler» ýaly synplara bölünýär.

Olaryň taglymatyna görä, adam aradan çykandan soň onuň ruhy asmana göterilip, gowy ruhlar ebedi bagtly durmuş geçirýärler, ýaman ruhlar bolsa, gazaply sowukda azap çekýärler.

XVIII asyryň birinji çärýeginde emele gelen **hasidiýlik** (ibr. — «dindarlar») orta asyr akymlarynyň içinde aýratyn orny eýeleýär. Bu taglymatyň tarapdarlary diniň mazmunyna akyl bilen däl, eýsem duýgular arkaly gazanylýar, diýen prinsipden gelip çykyp, din kanunlarynt öwrenmegi däl, eýsem dini duýgyny we ahlagy birinji orna goýýarlar.

Hasidiýler şenbe we baýram günleri «ştraýml» atly telpek geýmek bilen başga akymlardan tapawutlanýar.

Hasidiýler durmuşyň ähli ugurlarynda ahlak normalaryna berk amal edip, «Tawrot»da kesgitlenen buýruklary birkemsiz ýerine ýetirmäge çalyşýarlar.

**«Özgertmeçi musaýylyk»** häzirki zaman akymy XIX asyryň başlarynda Germaniýada emele gelen bolsa-da, ABŞ-da şekillendi. Şu akymyň emele gelmegine Merkezi Ýewropada ýaşaýan musaýylaryň özleri



*Hasidiýlik akymyndaky musaýylar «ştraýml» telpeklerde*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Buhara musaýylary*
*XX asyryň başlary*



*Buhara musaýylary*
*XXI asyr*

ýaşaýan ýurduň medeniýetine uýgunlaşmaga çagyryşlary taglym taýdan esas bolup hyzmat edipdir.

«Özgertmeçi musaýylyga» mahsus aýratynlyklary şundan ybarat, ýagny onuň taglymatyna görä, «musaýylar indi bir halk (millet) däl, eýsem bir jemagatdyr, gadym musaýy kanun-kadalaryndan diňe häzirki zaman durmuş tärine laýyk bolanlary kabul edilmegi mümkin» diýilýär.

Meselem, şenbe güni ybadaty ýekşenbe gününe göçürilen, sinagogada aýallar erkekler bilen ýanaşyk oturyp ybadat etmekleri hem-de ruhany hökmünde dessurlary dolandyrmagy-da mümkin.

Mundan daşary ybadat wagtynda kelle geýmini geçmek borjy ýok. Başga ygtykat wekilleri bilen nika gatnaşyklaryna girişmäge garşylyk görkezilmeýär. Ata-enesinden haýsy biri musaýylygyna seretmezden perzent hem musaýy, diýip ykrar edilýär.



*Özgertmeçi musaýylar*



Bu günki günde, özgertmeçi musaýylar sany Ysraýylda takmynan 5-6 müň adam bolsa, ABŞ-da ýaşaýan musaýylaryň 40 göterimini düzýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Özbegistandaky sinagoga.*





*Iýeruslaimdäki agy diwary*

Özgertmeçi musaýylyga jogap hökmünde **konserwatiw musaýylyk** emele gelipdir. Konserwatiw musaýylykda başga ygtykat wekilleri bilen maşgala gurmak kabul edilmeýär we diňe musaýy eneden doglan çaga musaýy diýip hasaplanýar.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Musaýylykda emele gelen akymlaryň arasynda nähili umumylyk we bir-birine ters bolan taglymlar bar?
2. Musaýylyk dininiň özboluşly aýratynlyklaryny aýdyp beriň.
3. Tur dagynyň gadymy atlaryny anyklaň. Musaýy obşinalaryň dünýä boýunça ýaýraýşynyň kartasyny çyzyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 8-§ BUTPARAZLYK

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

Taryh ylmyndan alan bilimleriňize daýanyp, aşakdaky soraglara jogap beriň.

1. Butparazlyk dini haçan we nirede peýda bolupdyr?
2. Bu günki günde şu dine uýýanlaryň sanyny bilýärsiňizmi?
3. Butparazlyk dini ýaýran ýurtlary dünýä kartasyndan görkeziň.
4. Näme üçin bu dine dünýä dini diýilýär?
5. Biziň ülkämize butparazlyk dini haçan girip gelipdir?
6. Beýik Ýüpek ýolunyň butparazlyk dininiň ýaýramagyndaky ornuny düşündirip beriň.

## BUTPARAZLYK

Butparazlyk miladydan öňki VI-V asyrlarda Demirgazyk Hindistanda emele gelen bolsa-da, köp geçmän gündogara tarap giň ýaýrap başlady. Rowaýat etmeklerine görä, Budda aradan çykandan soň onuň jesedi ýakylyp, küli sekiz butparazlyk obşinasyna iberildi. Onuň küli jaýlanan ýerlerde butparazlyk stupalary (gümmezleri) guruldy.

Özi emele gelen Hindistandan hinduiligiň täsirinde gysyp çykarylan butparazlyk başga ýurtlara giň ýaýrap, dünýä dini derejesine çykdy.

Butparazlyk miladyň I asyrynda Hytaý, IV asyrda Koreýa,VI asyrda Ýaponiýa,VII asyrda Tibet, XIII asyrdan XVI asyra çenli Mongoliýa, XVII asyrdan XVIII asyra çenli Buryatiýa we Tuwa, XIX-XX asyrlarda Amerika we Ýewropa kontinentlerine girip barypdyr.



*Budda heýkeli, Hytaý*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Ýerasty we ýer üsti ybadathana. II-IV asyrlar. Garadepe*

## MERKEZI AZIÝA BUTPARAZLYGYŇ GIRIP GELMEGI

Butparazlyk Özbegistanyň günortasynyň gadymky we irki orta asyrlar taryhynda çuňňur yz galdyran din hasaplanýar. Ýurdumyzyň çäginde butparazlyk medeniýetine degişli ýadygärlikleriň açylanlygy we öwrenilenligi, ýokary derejeli görnüşdäki çeper eserleriň we önümleriň tapylany-da mun delillendirýändigini siz taryh derslerinde okansyňyz.

Butparazlygyň iň meşhur gadymky ýadygärlikleri milady III-I asyrlara degişli. VII asyryň başlarynda Termizde 10 sany butparazlyk monastyry (sangarama) we müň sany monah bolupdyr. Merkezi Aziýada V-VIII asyrlarda butparazlygyň ýerini yslam dini eýeläp başlady.

1927-nji ýylda gadymy Termizde butparazlyga degişli seýrek ýadygärlikleriň bardygy anyklandy. Termiz



*Şri-Lankanyň gadymy paýtagty Anuradhapuradaky stupa*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

arheologik kompleksi ekspedisiýasynyň (TAKE) işleri netijesinde Garadepe we Çingizdepe beýikliklerinde iki sany iri butparazlyk monastyrynyň bolandygy anyklandy we grek-butparazlyk binagärçiligi we heýkelleriniň parçalary tapylan onlarça ýerler bellik edildi.



*Amyderýadan tapylan tylla heýkeljik*

**Aýrytam.** Aýrytam Termizden 7 km uzaklykda, Amyderýanyň gadymy geçen ýeriniň ýakynynda, dik kenaryň sag tarapynda ýerleşýär.

Köne şäheriň gündogar tarapynda butparazlyk stupasyna meňzeş minara şeklindäki çig kerpiçden gurlan binanyň harabalary ýerleşýär.

1933-nji ýylda arheolog Mihail Ýewgenýewiç Masson tarapyndan çig kerpiçden gurlan binanyň galyndylary, onuň içinde bolsa heýkel, daş karnizler, binagärlik enjamlary, daşdan ýasalan mukaddes ýadygärlikler, sazandalar we akyldarlar, ygsan berijileriň şekilleri düşürilen heýkelleriň jähekli daş plitalary tapylan.



*Aýrytam tapyndysy*

**Garadepe.** Depe butparazlyk ruhanylarynyň iň uly merkezi hasaplanypdyr we ol Kuşan imperiýasy döwründäki Termiziň daşky diwary goragy astynda, şäheriň daşarsynda ýerleşipdir.

## MAGLUMAT ÜÇIN

*Buddanyň durmuşy bilen bagly ençeme wakalara legendar öwüşgin berlen. Hususan-da, rowaýatlardan birinde getirilmegine görä, Budda 84 gezek ruhany, 58 gezek şa, 24 gezek monah, 13 gezek söwdagär, 18 gezek maýmyn, 12 gezek towuk, 8 gezek gaz, 6 gezek pil, şonuň ýaly-da, balyk, gurbaga, alaka, towşan keşplerinde 550 gezek gaýtadan doglupdyr. Soňky gezek hudaýlar ony adamzady dogry ýola salmak üçin adam keşbinde ýaradypdyrlar.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Budda. Garadepe, mil. III asyr*



*Budda. Dalwarzindepe, mil. III asyr*

1961-nji ýyldaky barlag ekspedisiýasy netijesinde Garadepe binalarynyň üç gaty tapylan. Esasy toplumyň üç bölegi günbatardan gündogara garap göni diýen ýaly çekilen. Mahsus howluda Budda guburynyň tymsaly bolan «stupa» ornaşdyrylan.

**Faýazdepe.** Garadepäniň gündogaryndan segsen metr aňyrda Faýazdepe ybadathana-monastyry toplumy anyklandy. Faýazdepe ybadathanasy gönüburçlukdan ybarat gurluşa eýe.

Bina üç sany deň bölege bölünen, olaryň her birinde içki howly bolupdyr. Bir böleginde ýaşaýyş otagyny öz içine alan monastyr ýerleşipdir. Onda monahlar ýaşapdyrlar. Mundan daşary naharlanýan otag, naharhana, çörek ýapylýan otag ýaly kömekçi otaglar bolupdyr. Üçünjisi ybadathana meňzeş merkezi otag bolup, diwarlary çig kerpiçden we pagsadan gurlan, samanly laý bilen suwalan we aklanan.

**Dalwarzindepe.** Surhanderýa welaýaty, Şorçy tümeninde ýerleşýär. Butparazlyga degişli şu ýadygärlik 1962-nji ýylda anyklanan.

Şu gadymy şäherden daşarda-da ýene bir butparazlyk ybadathanasy, wino taýýarlaýan gurluşlar hem-de jaýlanylýan ýer tapylan.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Butparazlygyň Merkezi Aziýa ýaýylmagy haýsy döwürlerden başlanandygyny ýada salyň.
2. Bu döwürde Merkezi Aziýadaky halklar haýsy dinlere uýupdyr?
3. Goşmaça edebiýatlardan ýurdumyzyň çäginde butparazlyk ýaýran çäklerdäki medeni durmuş barada maglumat toplaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şu şäherçeden Merkezi Aziýanyň çäklerinde birinji gezek laýdan ýasalan, gowy saklanan Budda teswirlenen we köp başga heýkeljikler, bezegler, dini dessur enjamlary we teňňeler tapylan.

Ybadathanadaky Buddanyň dik duran heýkeli örän gowy saklanypdyr: onuň aýaklary berk kerpiçli esasda dur, geýimleriniň burmalary anyk, bularyň ählisi aýdyň gyzyl reňke boýalan. Budda saçlarynyň düýbi esasan gara, depesi gyzyl reňkde. Edil şu reňk bilen gaşynyň we gözüniň göreçleri çyzylan.

**Kuwa.** 1957-nji ýylda Fergana jülgesindäki Kuwa şäheriniň harabalarynda arhitekturanyň we heýkeltaraşlygyň ajaýyp nusgasy bolan butparazlyk ybadathanasy galyndylary tapylan. Şu materiallar Fergana welaýatynda VII asyrda butparazlyk dini giň ýaýrandygyny tassyklaýar.

Bu döwürde Merkezi Aziýanyň başga çäklerinde zarduştylyk dini, hususan-da, onuň ýerli dini däplerni özüne siňdiren şekli hökümdar bolan. Bu günki günde ýurdumyzda butparazlygyň lamaizm ugry ýaýran.



*Şa Huwişka döwrüne degişli teňňe*

*Bodhisatwa, Faýazdepe, mil. I-II asyrlar*





## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Milady I-III asyrlarda Özbegistanyň günortasynda haýsy döwlet iş alyp barypdyr?
2. Bu döwürde haýsy patyşa hökümdarlyk edipdir?
3. Näme üçin butparazlyk döwlet dinine öwrülen?
4. Berlen suratlar esasynda şol döwürde döwletiň butparazlyk dinine bolan gatnaşygyny düşündirjek boluň.
5. A.Ziýanyň «Özbek döwletliliginiň şekillenmegi» kitabyndan Kuşan imperiýasy we butparazlyk dini baradaky maglumatlary tapyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 9-§ BUDDIZM TAGLYMATY

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Käbir diniň jahan dinine öwrülmegine nämeler sebäp bolmagy mümkin?
2. Butparazlyk taglymaty näme sebäpden dünýä boýunça giň ýaýran?
3. Siz tomaşa eden çeper filmleriň arasynda budda monahlary baradakylary barmy? Monahlaryň edebi we ahlak normalaryna amal edişler barada pikir ýörediň.

Her bir milletiň Budda taglymatyny öz dilinde okap-öwrenmegi mümkinligi butparazlygyň dürli çäklere ýaýramagyna esas döredipdir. Milady birinji asyrda butparazlyk bütinleý başgaça bolupdyr. Budda ylahylaşdyrylyp, hudaý derejesine göterilýär we oňa sygynyp başlanýar.



*Bodhisatwa, Dalwarzindepe. III asyr*

## BUTPARAZLYKDA MUKADDES TEKSTLER

Butparazlygyň mukaddes çeşmesi «Tripitaka» (sanskritçe «Üç sebet danalyk») üç sany uly bölümden ybarat. Birinji bölüm – «Winaýa-pitaka» (sanskritçe – «Ahlak normalar kitaby») buddistler obşinasy «sangha» düzümine girmegiň tertibi, monahlaryň gylyk-häsiýeti hem-de dini görkezmelere amal ediş kanun-kadalary we oňa amal edilmedik ýagdaýda berilýän jezalar häsiýetnamasyny öz içine alýar.

Ikinji bölüm – «Sutta-pitaka» (sanskritçe – «Dogalar kitaby») göwrüm taýdan iň ulusy hasaplanýar. Onda esasan «dört asyl hakykat» barada gürrüň edilýär. Budda taglymaty şägirtleriniň dilinden basnýa, söhbet, nesihat,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

legenda, hikmetli söz, dessanlar şeklinde beýan edilen. Şonuň ýaly-da, şu bölümde Budda obşinasynyň («sangha») gurluşy we onuň şägirtlerine degişli maglumatlar hem getirilýär.

Üçünji bölüm – «Abhidharma-pitaka» (sanskritçe – «Dini-filosofik meseleler kitaby»)nda dini taglymatyň esasy kadalary aňladylyp, butparazlyk amalyýetiniň filosofik many-mazmuny açyp berlen. Tekst ýazylyş stili we dili çylşyrymlylygy üçin buddist monahlar olary diňe halypalaryndan tälim almak ýoly bilen özleşdiripdirler.

«Tripitaka» tekstlerine wagtyň geçmegi bilen özgerdiş, düzediş we goşmaçalar girizilipdir. Beýle özgerişler butparazlykda özboluşly ugurlaryň peýda bolmagyna esas döredipdir.

«Tripitaka»nyň ilkinji teksi sanskrit dilinde ýazylan bolsa-da, wagt geçip asyl tekstler ýitip gidendigi üçin diňe tibet, hytaý we ýapon dillerine terjime edilen nusgalary saklanyp galypdyr. Mazmun taýdan «weda» (sanskritçe – mukaddes bilim) we brahmanlyk filosofiki garaýyşlaryndan azat bolan butparazlyk çeşmeleri, özüniň populýar stildäki düşündirişi bilen ýönekeý halka düşnükli bolupdyr. Meselem, «mahaýana» hut şu aýratynlygy sebäpli butparazlygy Günorta we Günorta-gündogar Aziýa ýaýylmagyny üpjün etmegi başarypdyr. Milady birinji asyrdan başlap butparazlyk Hytaý, Koreýa, Ýaponiýa Şri-Lanka, Birma, Taýland, Wýetnam, Kambodža, Laos serhetlerine çenli ýetip barypdyr.

*Budda bilim arkaly azaplardan gutulmak mümkinligini nygtapdyr. Buddist danyşmentleriň pikiriçe, her bir adam örän köp haýyr we gowy işleri etmek arkaly Budda öwrülmegi mümkin.*



*Butparazlyk dininiň simwoly «Dharmaçakra». Ol «Kanun tigiri» diýip hem atlandyrylýar.*

«Nirwana» sanskritçe — «salmak», «öçmek»,
«rupaloka» sanskritçe — «jennet»,
«kamaloka» sanskritçe — «dozah», «iň aşaky älem»dir.
«Tripitaka» sanskritçe — «Üç sebet danalyk» diýmekdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Berlen teksti okaň we butparazlyk taglymatynyň esasy barada pikir bildiriň.

*Budda pikiriçe, adam «Pança şila» (sanskritçe — bäş nesihata) amal etmeli, aldam öldürmekden, ogurlykdan, azgynlykdan, ýalan sözden, pýan ediji zatlardan saklanmaly.*

Buddanyň 84 müň nesihaty 108 jiltden ybarat «Kangýur»da, onuň düşündirişi we beýany 225 jiltden ybarat «Tengýur» kitaplarynda jemlenen. Şonuň ýaly-da, Buddanyň durmuşyna bagyşlanan we milady II asyrda ýazylan «Mahawosu», milady II-III asyrlarda ýazylan «Lalitawistara» («Buddanyň durmuşy»), buddist filosof Aşwaghoşa tarapyndan milady I-II asyrlarda döredilen «Buddhaçarita», milady I asyrda ýazylan «Abnihişkramansutra» we «Nidanakatha», «Dhemmepada» («Dharma ýoly», «Buddanyň pikir-taglymlary») ýaly eserler butparazlygyň möhüm çeşmelerinden hasaplanýar.

*Bodhisatwa — nirwana gazanan, ýöne janly jandarlara muhabbeti sebäpli ondan geçen adam.*

## BUTPARAZLYK ÝÖNELIŞLERI

Buddanyň ölüminden soň şägirtleriniň arasynda bölüniş ýüze çykýar.

**Hinaýana** (sanskritçe — kiçi araba) ýönelişi adaty garaýyşlara amal etmek bilen birlikde Budda taglymatyna berk mantyky dowam bermäge ymtyldy. Butparaz-

*Rowaýat edilmegine görä, Budda aradan çykansoň onuň jesedi otda ýakylypdyr. Buddanyň şägirtlerinden biri şol ýerden Buddanyň dişini tapyp alypdyr we bu diş ybadathanada saklanypdyr. «Buddanyň dişi» ybadathananyň ýeriň astynda, kümüşden ýasalan jaňyň içinde altyn gaplarda saklanýar.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lygyň ilkinji ýönelişlerinden biri, goldaw tapmagyň dar ýoly hinaýana miladydan öňki I asyrda şekillenen bolup, onuň esasy kadalary «Tiripitaka»da beýan edilipdir.

Hinaýanada «Buddanyň dişine sygynmak», mukaddes ýerleri zyýarat etmek ýaly dabdabali dessurlar peýda bolan. Buddaviylarning mukaddes ýeri Shri Lanka bolup, bu ýere dürli ýurtlardan bu dine uýýanlar tashrif buyuradilar. Shri Lankaning avwelgi poytaxti bolan Kandi şäherinde dünýäga meşhur «Buddanyň dişi» ybadathanasy ýerleşipdir.

**Mahaýana** (sanskritçe — uly tigir) ýönelişi Budda taglymatynyň ähli taraplaryny özgertdi. Budda ylahylyk öwüşgini berip, dini dessurlary we ybadatlary girizdi. Şu ýönelişleriň ýerli gymmatlyklar we başga dinler bilen gatyşmagy lamaizm, wajraýana, dzen (çan) buddizm, týantaý, dhiana ýaly ýönelişleriň emele gelmegine esas döretdi. Hudaýlara ýetmek ýollary hemmeler üçin

*«Özüňe azar ýetmesin diýseň, özgelere azar berme, başgalara azar berseň, özüň hem azar çekersiň. Hirsu hawas ähli bagtsyzlyklaryň sebäpçisidir.*

***Budda***

*Daşkentdäki Budda ybadathanasy*





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Budda ruhanylar bilen. Faýazdepe. Mil. I — II-asyrlar.*

mümkin bolany sebäpli «mahaýana» ýönelişi «uly araba» adyny alypdyr.

**Dzen buddizm** V-VI asyrlarda Hytaýda peýda bolan mahaýana ýönelişindäki mekdeplerinden biridir. Ony esaslandyran legendar monah Bodhidharma hasaplanýar. «Dzen» (latynça – meditasiýa, pikiri jemlemek, üns bilen pikir ýöretmek) buddizmiň esasy aýratynlyklary şundan ybarat, ýagny onda nazaryýetden görä amalyýete, dini öwüt we kada-kanunlary ýat tutmagyň ýerine pikir ýöretmäge aýratyn üns berlen.

Dzen buddistler fiziki zähmet çekmäge, sungat görnüşi bilen meşgullanmaga uly üns berýärler. Dzen buddizmde daşky älemden üzülip, ebedi aladalardan daşlaşmaga we pikiri bir nokada jemlemäge aýratyn üns berilýär.

*Kemçiligi we nogsanlaryňy görkezip, seni käýän danyşmendiň eteginden mäkäm tut. Sebäbi, ol beýik ynsan hazyna eltýän ýolbaşça meňzeýär we sen hiç kem bolmarsyň.*

***Budda***



Häzir dünýä boýunça dzen buddistler 10 milliondan artyk, olaryň 85 göterimi Ýaponiýada ýaşaýar. Ýaponiýada dzen ybadathanalary dini, syýasy we medeni merkeze öwrülip, ýaşlaryň aňyna, ýaşaýyş tärine, işine uly täsir edýär. Aýratynam, dzen sungaty Hytaý we Ýaponiýa medeniýetiniň däplerinden birine öwrülen.

**Lamaizm** (tibetçe – iň beýik) VII-XIV asyrlarda Tibetde mahaýana ýönelişiniň täsirinde emele gelen. «Kangýur» we «Tengýur»da beýan edilen ähli kada-kanunlar we talaplar lamaizm ygtykadynyň esasyny düzýär. Lamaizm taglymatyna görä, adam diňe lamalaryň kömeginde goldaw tapýar, günälerden päklenýär, olaryň kömegisiz ýönekeý adamlar jennete düşüp bilmeýärler.

Buddanyň Ýer ýüzüne ýene gaýtmagy we dünýäde adalat ornaşdyrmagyna ynam lamaizm taglymatynda möhüm orun eýeleýär. Hudaýlaryň Ýerdäki wekili hasaplanýan lamalara we dünýewi häkimiýete sözsüz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

boýun egmek, ybadat we däp-dessurlary dababaraly geçirmek, mukaddes kitaplaryň düşündirişini teatrlaşdyrylan tomaşalarda görkezmek lamaizme mahsus aýratynlyk hasaplanýar. Adam öldürmek, ogurlyk, ýalançylyk, töhmet, gybat, biderek geplemek, açgözlük, kine saklamak, azgynlyk etmek lamaizmde-de agyr günä hasaplanýar.

«Lamaizm» tibetlileriň esasy dini hasaplanýar. Tibetde 3000-den artyk butparazlyk ybadathanalary bar. Şonuň ýaly-da, lamaizm Russiýanyň Burýatiýa, Tuwa, Altaý ýaly çäklerinde hem giň ýaýran.

**Neobuddizm** XX asyryň 40–50-nji ýyllaryndan başlap giň ýaýrap başlan akym bolup, Birma, Taýland, Laos, Wýetnam ýerli intelligentleriniň azatlyk we milli galkynyş hereketi bilen baglydyr. Onuň esasynda täze zaman talabyna jogap berip bilýän ýaradyjy taglymlary wagyz etmek ýaly meseleler ýatýar. Akyl-parasatyň ähmiýetsizligi, diniň mätäçligi ykrar edilip, butparazlyk taglymlaryny düşündirmekde biliş nazaryýeti usullaryndan peýdalanylýar. Milli azatlyk göreşinde işeňňir gatnaşan neobuddizm akymy dini-özgertmeçilik hereketiniň güýçlenmegine uly täsir edipdir.



*Dalaý-lama*



*Lamaizmiň oliy dini ýolbaşçysy Dalaý-lama (tibetçe – «deňiz ýaly beýik lama») doglan jandarlaryň iň beýigi, «bodhisattwa»nyň Ýerdäki görnüşi, diri hudaý hasaplanýar.*



## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Butparazlygyň esasy çeşmesiniň atlandyrylyşy «Tipitaka» nähili manyny aňladýar?
2. Butparazlyk taglymatyndaky akymlaryň umumy we özboluşly taraplary nämelerden ybaratdygyny aýdyň.
3. *«Adam özboluşly jandat bolup dogulýar, özüni-özi heläk edýär ýa-da halas edýär»*. Şu tekstdäki «özüni-özi heläk edýär» diýen jümlä durmuşdan mysallar getiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 10-§ HRISTIANLYK



## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Hristianlyk dini barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Halkymyza mahsus bolan dini bagrygiňlik gymmatlygy diýende nämäni düşünýärsiňiz? Pikiriňizi mysallar bilen düşündiriň.
3. Şu teksti okaň we «etnik sabyr-takat», «bagrygiňlik» düşünjeleri halkymyzyň durmuşynda nähili orun tutýandygyny düşündirjek boluň.

*«Etnik sabyr-takat, bagrygiňlik durmuşyň tupanlaryndan aman galmak we ösmek üçin zerur tebigy normalara öwrüldi» (Islam Karimow).*



*Isa Masih*

## EMELE GELŞI

Milady I asyrda Palestinada emele gelen hristianlyk dinine uýýanlar sany boýunça dünýäde birinji orunda durýar, Ýer ýüzüniň ilatynyň baryp 2 milliarddan gowragy bu dine uýýar. Şonuň üçin hem hristianlyk dünýä dini hökmünde ykrar edilýär.

Hristianlyk taglymatynyň peýda bolmagy Isa Masihiň şahsy bilen bagly. Isanyň şahsy barada ylymda mifologik we taryhy çemeleşmeler bar.

Mifologik çemeleşme tarapdarlary ylym Isa Masihiň taryhy şahsdygy barada ynamly maglumata eýe däl, diýip hasaplaýarlar. Olar hristianlygyň Palestinadan daşarda emele gelendigini nygtaýarlar. Şonuň ýaly-da, Isa Masih baradaky rowaýatlar Gündogarda ýaýran asotirlerdäki hudaýlaryň aradan çykyp, dirilmegine meňzeşini, Injilde gapma-garşylyklar we dürlüçe düşündirişler bardygyny munuň subudy diýip getirýärler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Taryhy çemeleşme wekilleri bolsa Isa Masihi hristianlyk taglymaty esaslaryny şekillendiren, täze dini wagyz eden taryhy şahs, diýip hasaplaýarlar. Olar bu hakda maglumat beriji ençeme taryhy çeşmelere daýanýarlar. Meselem, şeýle çeşmeleriň biri Iosif Flawiý «Gadymyýetler» eseriniň Rim prokuratory Pontiý Pilata bagyşlanan babynda Isa täze ygtykady wagyz edendigi we oňa köpçülik musaýylar we grekler eýerendigi ýazylan. Isanyň saparlary dowamynda köp adamlar oňa şägirt bolýarlar. Olary haworiýler (grekçe «apostol» — «kömekçi») diýip atlandyrypdyrlar.

*Isa Masih baradaky maglumatlar, esasan, dini çeşmelerde gelýär. Isanyň adyna goşulýan Masih sözi gadymy musaýy dili — ibriýdäki «moşiah» sözünden alnan bolup, «sypalan» ýa-da «sylanan» manylaryny berýär.*

Hristianlyk taglymatyna görä, Isanyň çagyryşy aglaba hökümdarlary, taýpa serdarlary we musaýy ruhanylary tarapyndan yzarlama duçar bolupdyr. Şägirdlerinden biri Iuda Iskariotiň dönükligi netijesinde Isa Masih 33 ýaşynda pitneçilikde günälenýär. Hristianlyk



*Isa Masih we onuň 12 haworiý şägirtleri*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çeşmelerine görä, Isa ruhanylaryň talabyna görä Golgofa depesinde halkyň gözüniň öňünde haça çüýlenýär. Onuň taglymaty haworiýlar tarapyndan dowam etdirilýär we köp adamlar hristian dinine çekilýär. Hökümdar gatlaklar öz häkimiýetini berkitmek maksadynda hristianlyk dinini kabul edýärler.

## MERKEZI AZIÝADA IRKI HRISTIANLAR

Hristianlyk Merkezi Aziýa, hususan-da, Özbegistanyň çägine iki ýol bilen girip gelipdir. Birinjisi, hristian missionerleriniň wagyz edijilik hereketi bolsa, ikinjisi, sebitiň Russiýa tarapyndan basyp alynmagy we hristian dinine uýýan ilatyň köp göçüp gelmegidir.



*Merw*

III-V asyrlarda hristianlyk göçme türki taýpalar ýňarasynda-da meşhur bolupdyr. Olary bu dine ýepiskop Iliýa çagyrypdyr — ol «türkiler apostoly» adyna sezewar bolupdyr.

Hristianlygyň Eýranda, soňluk bilen Merkezi Aziýada ýaýramagy bu din wekilleriniň ilki Wizantiýa, soň

### DÖREDIJILIKLI IŞ

Teksti okaň we orta asyrlarda dini bagrygiňlik düşünjesi barada pikir bildiriň.

*Hristianlar musulman döwletlerinde tebiblik bilen meşgullanyp, ýokary wezipelerde-de işläpdirler. Meşhur hristian tebip Ali ibn Sahl Rabbai 808-nji ýylda doglan, atasy Merw häkiminiň kätibidi. Rabbai filosof we matematik hem bolup, Platonyň «Almagest» eserini grekçeden terjime edipdir. Şundan soň oňa «Rabbaiy» — mugallym diýen dereje berlen.*

**Arap geografy al-Kindiý**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bolsa Sasany hökümdarlary tarapyndan basyş astynda alynmagy bilen bagly.

Merwde IV asyryň başlarynda ýepiskoplyk, V asyryň başynda bolsa mitropoliýa döredýär. Dürli ybadathana we monastyrlar mitropoliýanyň ýakyn we uzak çäklerinde öz işini hiç hili garşylyklara duçar bolman dowam etdirýär.

**Mitropoliýalar.** Gadymky Sogdda hristianlyk wekilleri özleriniň dinlerine garşylyklarsyz uýupdyrlar we dini dessurlaryny erkin amala aşyrypdyrlar. Bu bolsa şu sebitde ýerli ilata dini ygtykat azatlyklary döredilendigini görkezýär. Meselem, bu döwürde Urgutda hristianlar buthanasy, zarduştylar we buddistler ybadathanalary iş alyp barypdyr.

VIII asyrda Mawerannahr arap halyfaty düzüminde bolan döwürde musulman jemgyýetinde hristianlar başga din wekillerine garanda köpräk ýeňilliklere eýe bolup, ýokary wezipelerde iş alyp barypdyrlar.

X asyryň ortalarynda Merkezi Aziýada yslam dini giň ýaýran bolsa-da, Urgutdaky hristianlyk buthanasy şu derejede ösüp, arap geografy Abu Muhammet Kasym ibn Hawkal ony ýere we dürli hususy eýeçilik şekillerine eýe uly monastyr hökmünde taryplaýar.

Emir Temur döwletinde-de dini bagrygiňlik gurşawy saklanyp galypdyr. Kastiliýa ilçisiniň şaýatlyk etmegine görä, Samarkantda dürli din wekilleri ýaşapdyr. Jyzzak



*Russiýa, 1930-njy ýyllar*

*Ogurlyk etme, öz elleriň bilen peýdaly zähmet çek we mätäçlere kömek ber.*

***Bibliýa***

XX asyryň ikinji ýarymynda Samarkandyň Registan meýdanynda alnyp barylan arheologik barlaglar netijesinde hristian däpleri esasynda jaýlanan birnäçe gubur tapyldy. Pasdargomda arheologlar agaçdan ýasalan tabutda geýimleri we altyn hajy bilen jaýlanan meýidi tapypdyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

welaýatynda — Winkerd çägindäki gowagyň diwarlaryndan hristianlyk taryhyna degişli Isa Masihiň ýaşlygy aňladylan suratlar tapylan.


*1917-nji ýyldan soň buthanalaryň emläginiň konfiskasiýa edilmegi*

XIX asyrda hristianlaryň Türküstan demirgazyk çäkleriga girip gelmegi Patyşa Russiýasy tarapyndan ülkäniň basyp alynmagy bilen bagly. Harby goşun düzüminde ruhanylar hem bolupdyr. Esgerleriň dini zerurlyklaryny kanagatlandyrmak maksadynda göçme ybadathanalar döredilipdir. 1850-nji ýylda Kopalda birinji hemişelik ybadathana gurlupdyr. 1871-nji ýylda rus imperatorynyň Daşkent we Türküstan ýeparhiýasyny guramak baradaky Permany yglan edilipdir. Deslapky buthanalaryň aglabasy sada bolupdyr we jaňlary-da bolmandyr. Hristianlaryň köpelmegi XIX asyryň ahyrlaryndan başlap birnäçe şol döwür häzirki zaman buthanalaryndan galmaýan desgalaryň gurulmagyna getirdi.

Merkezi Aziýa katolik we protestant ýönelişi wekilleriniň girip gelmegine birinji jahan urşunda ýesir düşen nemes, polýak, eston, şwed, litwa, latyş we başga ýewropaly esgerleriň Türküstan ülkesine sürgün edilmegi sebäp boldy. Bu, öz nobatynda, ýewropaly ýesirleriň arasynda dini obşinalar gurulmagyna hem-de buthanalar

## TARYHA NAZAR

SSSR-de 1920-1930-njy ýyllarda ähli diýen ýaly katolik ybadathanalary ýapyldy. 1930-njy ýylda Lýuteran protestant buthanasynyň işi çäklendirildi. Hristian buthanasyna degişli gymmatlyklar depelendi.

1917-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda II Bütin Russiýa sýezdinde ýer barada dekret kabul edilýär. Oňa görä buthana degişli ýerler konfiskasiýa edildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

peýda bolmagyna getirdi. Daşkentde birinji katolik buthanasy 1917-nji ýylda gurlup tamamlandy.

Sowet hökümetiniň dine we dindarlara görä rehimsiz gatnaşygy başga din wekillerini hem çetläp geçmedi. 1920-nji ýylda birinji bolup Rus prawoslaw buthanasyna garşy hüjüm başlandy. Müňlerçe prawoslaw ruhanylary atyldy, tussag edildi we sürgün edildi. Dini gullukçylar we monahlar berk garşylyga duçar boldular. Köp ybadathanalar ýok edildi ýa-da ýapyldy. Uly mukdardaky ikonalar we buthana kitaplary ýandyryldy.



*Ybadathanalaryň bozulmagy*

1920–1930-njy ýyllarda ähli diýen ýaly katolik ybadathanalar ýapyldy. 1930-njy ýylda SSSR-de Lýuteran protestant buthanasynyň işi çäklendirildi. Hristian buthanasyna degişli gymmatlyklar elinden alyndy. 1931-nji ýylda XV asyra degişli Gutenberg Bibliýasy sowet hökümeti tarapyndan londonly auksionça satyp goýberildi. Şu Bibliýa Iogann Gutenberg tarapyndan 1450-nji ýylda 180 nusgada çap edilen bolup, ondan diňe 47 nusgasy saklanyp galypdy.



*Moskwa, Isa Masih ybadathanasynyň partladylmagy, 1931-nji ýyl.*



*Iogann Gutenberg*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE


*XX asyryň ortalary*


*XX asyryň ahyry*


*XX asyryň başlary*


*XX asyryň ahyry*

Ikinji jahan urşundaky ýagdaýy hasaba alyp, sowet hökümeti 1943-nji ýylda Içeri işler ministrliginiň ýanynda Rus prawoslaw buthanasy işleri wekilligi, 1944-nji ýylda ähli dinler üçin jogapkär Din işleri boýunça wekillik döredildidi. Russiýanyň çägindäki buthanalar we ybadathanalar Sinad (prawoslaw buthanasynyň dolandyryş organyna) gaýtaryldy. Ýöne bu mesele uzaga çekmedi — uruş gutarmagy bilen sowet hökümetiniň dindarlara basyşy ýene-de ýitileşdi. Dindarlary repressiýa etmek we dine garşy wagyz gaýtadan dikeldildi. Gaýtaryp alnan çäklerdäki dindarlar we ruhanylar gadagan edilip başlandy. «Din tirýekdir» diýen taglym ýene gaýtadan dikeldildi.

Garaşsyzlyk sebäpli Özbegistanda dürli dinlere degişli gymmatlyklary goralyp, ähli raýatlara öz ygtykadyny amala aşyrmak üçin zerur şertler döredip berildi. Şol sanda, 1995-nji ýylyň oktýabr aýynda Daşkent şäherinde «Bir asmanyň astynda» şygary bilen halkara musulman-hristian konferensiýast geçirildi.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Berlen teksti okaň. Dini bagrygiňlik düşünjesi barada pikir bildiriň.
2. Berlen suratlara düşündiriş beriň. 1 bilen 2, 3 bilen 4-nji suratlaryň arasynda nähili umumylyk bar?
3. 2-nji we 4-nji suratlary Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 4-nji, 31-nji. 49-njy maddalary bilen baglap düşündiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 11-12-§ HRISTIANLYK TAGLYMATY



### UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Hristianlyk dininiň dünýä boýunça ýaýraýşynyň kartasyny çyzyň.
2. Hristianlyk ilkibaşda haýsy çäklerde ýaýrapdyr?
3. Onuň dünýä dinine öwrülmegindäki taryhy şertleri anyklaň.
4. Hristianlykda deslapky bölüniş haçan boldy, onuň taryhy sebäpleri nämededi?

## MUKADDES ÇEŞMELERI WE DESSURLARY

Hristiançylygyň mukaddes çeşmesi «Gadymky Ahd» we «Täze Ahd» diýip atlandyrylýan iki bölümden düzülen «Bibliýa» (grekçe — «kitaplar») hasaplanýar.

«Gadymky Ahd» «Tawrot», «Zabur» we başga bir näçe kitaplary we senalary öz içine alyp, umumy hasapda 39 kitap, ýagny bölümden ybarat.




*«Bibliýa»*

«Bibliýa»da ýazylmagyna görä, Isa Masih öz çagyryşlarynda halky ýakynlaşyp gelýän ahyrzamandan duýdurmak üçin Hudaý tarapyndan iberilendigini nygtaýar. Günälerden saklanyp, toba etmek we dogry ýola girmäge çagyrýar. Ol dürli täsinlikleri görkezip, adamlary bejerýär.

Milady IV asyrdan başlap hristianlyk buthanasy ýokary gatlak ruhanylary wagtal-wagtal bilen Bütin



Milady 313-nji ýylda imperator Konstantin ýepiskoplara Isanyň öwütlerini toplamak we kitap halatyna getirmegi buýurdy. Kitap halatyndaky hristianlyk taryhy açyp görkezilen «Täze Ahd» Konstantin aradan çykansoň Karfagen ýygnagynda tassyklandy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Ilkinji Bütin Jahan Sobory 325-nji ýylda Nikeýa şäherinde geçirilip, onda ygtykat tymsaly diýip atlandyrylan hristianlyk taglymatynyň esasyny düzýän baş dogmalar topary kabul edildi. Mukaddes kitap Mukaddes rowaýatlar (Papalaryň hatlary we hristian soborlarynyň kararlary) bilen doldurylýar.*

*Günbatar Rimiň ýykylmagy*



Jahan Soborlaryna ýygnap durýar. Beýle ýygnajlarda dini taglymat ulgamy işlenip taýýarlandy we tassyklandy. Hristianlykdaky kanunçylyk normalary we ybadatlary alyp barmagyň kadalary şekillendi, ýerese garşy göreşmegiň usullary kesgitlendi.

Hristianlyk taglymatyna görä ençeme dessurlarda Mukaddes Ruh gatnaşýar we hut şu sebäpli olar syrly diýip atlandyrylýar. Beýle dessurlara çokunmak (hristianlyk dinine girizmek), ýewharistiýa (çörek we wino iýmek), ruhanylyk derejesini bermek, toba etmek, miro çalmak, ýeleý ýagyny çalmak, nika girýär.

## TARYHA NAZAR

Günbatar Rim Imperiýasy ýykylansoň (476-njy ýylda), Rimdäki dünýewi häkimiýet buthananyň eline geçýär. Edil şu wagtdan başlap Rim ýepiskopy Rim Papasy derejesini aldy.

Imperiýanyň gündogar bölegi Wizantiýada bolsa güýçli imperator häkimiýetiniň saklanyp galandygy sebäpli buthana imperatora boýun egdirildi. Netijede Rim buthanasy Konstantinopol buthanasyny özüne boýun egdirip bilmedi. Hristian buthanasynyň katolik we prawoslaw buthanalaryna bölünip gitmegi Rim Papasynyň we Konstantinopol patriarhynyň hristian äleminde öňdebaryjylyk üçin alyp baran bäsdeşligi netijesinde bolup geçdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## HRISTIANLYK ÝÖNELIŞLERI

1054-nji ýylda hristianlyk çäginde bölünme bolmagy netijesinde **prawoslaw** (Gündogar hristianlyk) we **katolik** (Günbatar hristianlyk) buthanalary emele geldi.

Taryhy taýdan hristianlygyň gündogar ýönelişi hökmünde şekillenen **prawoslawlyk** esasan Gündogar Ýewropa, Ýakyn Gündogar we Balkan ýarymadasy ýurtlarynda ýaýrapdyr.

Prawoslawlyk taglymaty esaslaryny Mukaddes kitap (Bibliýa) we Mukaddes rowaýatlar düzýär. Prawoslawlykda syrly dessurlar möhüm orun eýeleýär. Buthana taglymatyna görä, olar dowamynda Hudaý tarapyndan

*Dürlüçe ýalňyşmak mümkin, emma dogry ýol bolsa bir. Şu sebäplide dogry ýoldan görä ýalňyşmak aňsat; nyşana degmekden görä degmezlik gowy.*
***Aristotel***

*Nikeýada we Konstantinopolda geçirilen Bütin Jahan Soborlarynda kabul edilen «Ygtykat tymsalynda» hristianlygyň taglymat esaslary 12 bentde kesgitlendi, bular:*

1. *Älemi ýaradan ýeke-täk Ata-Hudaý — Mukaddes Üçlügiň birinji ýüzi barada;*
2. *Ogul-Hudaý, ýagny Isa Masihe ynanmak barada;*
3. *Ylahy jebislik, ýagny Isa Hudaý bolmak bilen, boý Bibi Meryemden doglan we adam keşbine girenligi barada;*
4. *Günäler geçirilmegi — Isanyň çeken azaplary we ölümi sebäpli Hudaý tarapyndan adamzadyň ähli günäleri geçilmegi barada;*
5. *Isanyň gaýtadan direlenligi barada;*
6. *Isanyň asmana göterilmegi barada;*
7. *Isanyň geljekde ikinji gezek ýere gaýdyşy barada;*
8. *Mukaddes Ruha ynanmak barada;*
9. *Buthana ýeke-täk, mukaddes, haworiýler (apostollar) buthanasy hökmünde gatnaşykda bolmak barada;*
10. *Çökundyrmak syrly dessurynyň günälerden azat etmegi barada;*
11. *Ölenleriň köpçülikleýin direlmegi barada;*
12. *Ebedi ýaşaýyş barada.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TARYHA NAZAR

Katoliklik taryhynda XI — XIII asyrlardaky haçly ýörüşler, «Hudaýyň tabydy» we Mukaddes Ýeri, ýagny Palestina çägini, «gaýrydin»lerden azat etmäge çagyryşlar bolupdyr. Din, ygtykat baýdagy astynda edilen bu hereketler aslynda Papalaryň täsirini berkitmek we giňeltmek hem-de baýlyk artdyrmak maksadynda guralan.



*Prawoslaw haçy*


*Katolik haçy*

aýratyn sogaplar ýazylýar. Buthana ýedi syrly dessuryň ählisini ykrar edýär. Beýik baýramlaryň içinde Pasha birinji orny eýeleýär.

Prawoslaw buthanasy baýramlara we oraza tutulmagyna uly üns berýär. Adatda uly buthana baýramlarynyň öňüsyrasynda oraza tutulýar. Onuň manysy adam ruhunyň päklenmegi we täzelenmegi, dini durmuşdaky möhüm hadysa taýýarlanmakdan ybarat.

**Katoliklik** hristianlyk dininiň iň iri ýönelişi hasaplanýar. «Katolik» sözi bütin jahan, bütin dünýä (umumy, dünýewi) diýen mana eýe. Bu ýöneliş esasan Günbatarda, Günorta-Günbatarda we Merkezi Ýewropada, Baltikboýunda, Ukrainada we Belarusyň günbatar çäklerinde, Latyn Amerikasynda we ABŞ-da ýaýran.

Katoliklik hristian dininiň ýönelişi hökmünde onuň esasy dünýägaraýyşlaryny we dessurlaryny ykrar etmegi bilen birlikde, taglymaty, dessurlary amala aşyrmakda, emele gelmeginde özboluşly aýratynlyklara eýe. Katolik taglymatynyň esasyny hristianlykda ykrar edilen Mukaddes kitap — Bibliýa we Mukaddes rowaýatlar düzýär.

Katolik Buthanasy Guramasy çynlakaý merkezleşenligi bilen tapawutlanýar. Rim Papasy bu Buthananyň ýolbaşçysy hasaplanýar. Ol din we ahlak mese-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Prawoslaw, katolik, we protestant buthanasy ruhanylary*

leleri boýunça düzgünleri kesgitleýär. Onuň häkimiýeti Bütin Jahan Soborlaryndan ýokary durýar. Katolik taglymatyna görä, Buthana günäleri geçmek, ötünç bermek hukugyna eýe. Bu hukuk indulgensiýalar baradaky taglymatyň, ýagny puluň öwezine ýa-da buthananyň öňündäki hyzmatlary üçin günäleri bagyşlamanyň emele gelmegine sebäp bolupdyr.

Katolikçilikde 1870-nji ýylda Watikanda geçirilen 1-nji soborda kabul edilen Papanyň begünäligi baradaky garaýyşlar bar. Papany kardinallar ýygnagy (kollegiýasy) saýlaýar.



*Pasha bişirmeleri*

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Teksti okaň. Berlen taryhy waka esasynda protestantlaryň talaplarynyň nämeden ybaratdygy boýunça pikir bildiriň.

*Praga uniwersitetiniň professory Ýan Gus (1369-1415) J.Wiklif taglymlaryndan täsirlenip, buthana baýlyklaryndan geçmelidigini wagyz etdi. Buthana uly girdeji getirýän we, Ýan Gusuň pikirine görä, dindarlaryň aňyny bozýan indulgensiýalaryň satylmagyna garşy çykdy. Bu garaýyşlary üçin ol 1415-nji ýylda Konstans soborynyň kararyna görä oda ýakylýar.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Prawoslaw buthanasy. Italiya*

**Protestantlyk** Ýewropa ýurtlarynda katolikçilikde geçýän proseslere garşy gönükdirilen reformasiýa hereketi netijesinde emele gelipdir. Reformatorlar katolikçilik amallaryny Injil ideallaryndan gaýtmak diýip düşündirýärler. Oksford uniwersitetiniň professory J. Wiklif (1320-1384) Rim Papasynyň Angliýadan alynýan salgytlaryna garşy çykdy, iňlis buthanasynyň raýatlar işleri boýunça Angliýa korolyna boýun egmelidigi we Mukaddes kitabyň buthana rowaýatlaryndan üstünligi baradaky taglymlaryny öňe sürdi. Bu taglymlary iňlis garyp ruhanylary goldadylar.

Protestantlyk dünýewi adamlary ruhanylardan tapawutlandyrmaýar, bu taglymata görä, ähli dindarlar ruhanydyr. Syrly dessurlardan diňe çokundyrmak we çörek bilen garbanmagy ykrar edýär. Dindarlar Rim Papasyna boýun egmeýärler. Ybadat öwüt okamak, bileleşip ybadat etmek we dini aýdymlary (psalomlar) aýtmakdan ybarat.



*M. Lýuter buthana gapylaryna 95 esasy kakyp goýdy*

Protestantlar Bibi Meryemiň ylahydygyny ykrar etmeýärler, terkidünýälik, bäbekleri çokundyrmak, ruhanylar geýýän geýimleri, ikonalary ret edýärler.

Ýan Gus ýakylandan ýüz ýyl soň Germaniýada Wittenberg uniwersitetiniň professory Martin Lýuter (1483-1546) Protestantlar Buthana esaslaryny döretdi. Ol hem indulgensiýanyň satylmagyny tankyt edýär. M.Lýuter dini-ahlak taýdan zähmeti gadyrlamalydygy taglymyny öňe sürdi. Lýuteriň pikiriçe, adam bilen Hudaýyň arasynda gönüden-göni aragatnaşyk bolmagy mümkin.

Lýuteriň taglymaty protestantlykdaky ýönelişlerden biri — lýuteranççylygy esaslandyrdy. Bu taglymata görä, adamlar wyždanyny we toba-tagsyryny aňly ýagdaýda we yzygider gözegçilik etmeli. M. Lýuter toba-tagsyr uzak dowam edýän prosesdigini belleýär. Lýuteranlaryň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

taglymatyna görä, Papa özi buýran ýa-da buthananyň düzgünnamasynda bellenilen jezalardan azat etmegi mümkin, emma buthana adamy hudaýyň jezasyndan azat edip bilmeýär diýip hasaplanýar.

Indulgensiýalary satyn almagyň peýdasyzdygyny M. Lýuter şeýle esaslandyrýar: «Hudaý tüýs ýürekden toba edýänleriň günäsini geçýär, ebedi gynaglardan azat edýär, ähli bendeler Papanyň ýarlygy bolmasa-da mundan umyt etmekleri mümkin». Lýuterançylyk Germaniýada, Daniýada, Norwegiýada, ABŞ-da ýaýran. Hristianlykda bu ýönelişlerden daşary kalwinizm, preswiterianlar, anglikan buthanasy, baptizm, anabaptizm, mennonitler, unitarizm, metodistler, kwakerler, pýatidesýatnikler, adwentistlik ýönelişleri bar.

Bu günki günde hristianlyk ýönelişlerinden ýurdumyzda prawoslaw, katolik, ermeni apostol, nemes ýewangel-lýuteran, ýewangel hristian-baptistler, ýedinji gün hristian adwentistleri, koreýs protestant, doly injilçi, «Golos Božiý» ýaly buthanalary sanawdan geçen.

Olar ýurdumyzda kabul edilen «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanunyň talaplaryna amal etmekleri hökmanlygy-da bellenendir.



*Rim Papasy Fransisk II*



*Katolik buthanasy, Smolensk*

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Hristian buthanasynyň prawoslawa we katolikçilige bölünmeginiň sebäpleri nämede?
2. Hristiançylykdaky bölünmämiň sebäplerini ara alyp maslahatlaşyň.
3. Katolik we prawoslaw taglymatlaryndaky ýakyn we tapawutly taraplar barada deňeşdirme görkezmeli slaýd taýýarlaň (MS Power Point).
4. Özbegistandaky hristian dini guramalary barada nämeleri bilýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 13-§ MERKEZI AZIÝADA YSLAM



## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Yslam dini peýda bolmagy barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Yslam dini ilki haýsy çäklerde ýaýrapdyr?
3. Yslamyň dünýä dinine öwrülmegindäki taryhy şertleri anyklaň.
4. Yslam dininde deslapky bölüniş haçan bolupdyr, onuň taryhy sebäpleri nämededi?
5. Arabystanyň taryhynda haýsy döwre «Nadanlyk döwri» diýlipdir?



*Daşkentdäki Osman Muşafiniň waragy*

## YSLAM DININIŇ MERKEZI AZIÝA GIRIP GELMEGI

Pygamber Muhammet (s.a.w.) aradan çykandan soň ol adamyň iň ýakyn dowamçylary Abu Bekr (632-634), Umar ibn Hattab (634-644), Osman ibn Affon (644-656) we Ali ibn Abu Talyb (656-661) (r.a.)lar musulmanlar köpçüligine ýolbaşçylyk etdiler. Bu döwür yslam taryhynda «Hulofoi-roşidin» (Dogry ýoldaky orunbasarlar) döwri diýip atlandyrylýar.

Osman ibn Affon (r.a.) döwrüne gelip musulmanlar häzirki Türkmenistanyň çäklerine girdiler. Ýuwaş-ýuwaşdan arap-musulman goşunlary Horasan we Mawerannahryň çäklerini eýeläp, yslam dinini ýaýradyp başladylar. Ýöne arablar eýelän ýerleriň ilaty

Yslam taglymatyna görä, Muhammet pygamberiň ady tutulanda oňa hormat edip «sallallohu alaýhi wesallam» (gysgaça: s.a.w.: «oňa Allanyň rehmeti we salamy bolsun») ýa-da «alaýhis-salom» (gysgaça: a.s.: «oňa salam bolsun») jümlesini aýtmaly hasaplanýandygy üçin yslam taryhyna degişli edebiýatlarda s.a.w. ýa-da a.s. gysgaldylmasy ulanylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

birbada musulmanlara öwrülmediler. Merkezi Aziýada diňe IX asyryň ortalaryna gelip, ýagny Mawerannahr eýelenenden bir ýarym asyr geçensoň, yslam ýerli ilatyň esasy dini ygtykadyna öwrüldi.

Merkezi Aziýa yslam dininiň girip gelmegi bilen sebitde sosial-ruhy pudak ösüp başlady. Ülkede ykdysady ösüş gazanyldy, dünýewi we dini ylymlar çalt depginler bilen ösdi.

Özbegistanyň çäginde yslam dininiň sünnülik ýönelişi, hususan-da, Hanafy (Imam A’zam) mezhebi berkarar bolýar.

## ÖZBEGISTANDA YSLAM ÇEŞMELERINIŇ ÖWRENILIŞI

Yslam dininiň esasy çeşmesi bolan Gurhany kerim garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap özbek alymlary we dini ulamalary tarapyndan öwrenilip başlandy. Meselem, ol çaltlyk bilen özbek diline terjime edildi we çap edildi.

Gurhany kerimiň ilkinji gezek doly ýagdaýda häzirki zaman özbek dilindäki terjimesi Alauddin Mansur tarapyndan amala aşyryldy. Şu terjime 1990-1992-nji ýyllarda «(Şark Gündogar) ýyldyzy» žurnalynda yglan edilen bolsa, 1992-nji ýylda aýratyn kitap şeklinde köp nusgada neşir edildi.

1991-nji ýyldan başlap Şaýh Muhammet Sadyk Muhammet Ýusup (1952-2015) tarapyndan ýazylan «Düşündirişi Hilal» atly terjime-düşündirişiň ilki 27, 28, 29, 30-njy paralary neşir edildi. Şu düşündiriş häzirki zaman özbek dilindäki giň düşündirişlere baý eserlerden birididigini bellemek gerek. Şu düşündiriş 2005-nji ýylda alty jiltde doly neşir edildi, soňra onuň düzedilen we üsti ýetirilen neşiri 2011-nji 2016-njy ýyllarda alty gezek gaýtadan çap edildi.

### TARYHA NAZAR

Abu Bekr Siddik (632-634) döwründe Gurhan ilkinji gezek sahypalarda jemlendi. Halyf Osman ibn Affon (642-654) döwründe Gurhan ikinji gezek jemlenip, kitap halatyna getirildi. Bu wezipe Abu Bekr Siddik döwründen tejribä eýe bolan sahoba — Zaýd ibn Sobit tarapyndan amala aşyryldy. Ýeke-täk Mus’hafdan birnäçe nusga göçürildi we her bir sebite bir sanydan iberildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





*Käbäniň gadymy we häzirki görnüşi*

***Hadys** — Yslam dininiň Gurhany kerimden soňky orunda durýan mukaddes çeşmesi.*

2013-2014-nji ýyllarda düşündirişiň 1-nji we 2-nji juzlary rus diline-de terjime edilip, çapdan çykdy.

şaýh Abduleziz Mansur tarapyndan amala aşyrylan Gurhany kerim manylarynyň terjimesi we düşündirişi «Daşkent yslam uniwersiteti» neşirýat-çaphana birleşmesi tarapyndan 2001, 2004, 2006, 2007, 2009, 2012, 2014, 2016-njy ýyllarda gaýta-gaýta neşir edildi. Şu eseriň başga terjime-düşündirişlerden özboluşlylygy, onda Gurhany kerimiň manylarynyň arapça tekstiň töwereginde özbek okyjysyna öz ene dilinde rowan we düşnükli edip, diňe gerekli düşündirişler bilen çäklenip, jümleleriň täsirliligine uly üns bermek bilen hödürlenenligindedir.

Şamsiddinhan Babahanow tarapyndan taýýarlanan Gurhany kerimiň 30-njy bölümine edilen terjime garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda halkymyz eline ýetip bardy. Onda adamlara gowy tanyş bolan we köp okalýan süreleriň barlygy hasaba alnyp 30-njy bölümiň araby teksti hem berlen.

Daşkent Döwlet Gündogarşynaslyk Instituty Abu Reýhan Biruny adyndaky Gündogar golýazmalary merkezinde professor Mutallib Usmanow jogapkär redaktorlygynda Gurhany kerimiň on bäş bölüminiň («Fotiha» süresinden «Isra» süresine çenli) akademik terjimesi taýýarlanyp neşir edilen. Onda Gurhany kerimiň ýazylan döwrüniň taryhy hem gysgaça açyp görkezilen.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Şu teksti okaň. Tekstdäki «öz nebsiniň bahyllygy» diýen jümläni nähili düşündiňiz? Nebsiň bahyllygyndan nähili saklanmak mümkin diýip oýlaýarsyňyz?

*«Kimki öz nebsiniň bahyllygyndan saklanyp bilse, bes, ana şolar goldaw tapýan ynsanlardyr.»*

**Haşr süresi, 9-aýat**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Müfti Usmanhan Alimow tarapyndan hem häzire çenli Gurhany kerimiň on bäş bölümi düşündirilip çap edildi. «Tasfiri Irfon»yň başga düşündirişlerden tapawutlanýan aýratynlyklary, onda aýatlaryň manysy döwürdeşlerimiz üçin düşnükli, sada we rowan bolmaga hereket edilenligindedir.

**Hadysy şerifleri** Özbegistanda öwrenmek XX asyryň ortalaryndan ýaýrady. 1968-nji ýyldan çap edilip başlan «Sowet Gündogary musulmanlary» žurnalynyň sahypalarynda muhaddisler we hadyslar baradaky käbir makalalar berilýärdi. Garaşsyzlyk döwründe bu žurnal «Mawerannahr musulmanlary» we soňluk bilen «Hidaýat» ady bilen çap edilip başlady. Žurnal häzir ki günde-de öz sahypalarynda hadyslara we muhaddislere degişli makalalary yzygider berýär.

Garaşsyzlyk döwründe hadys boýunça çap edilen ilkinji kitaplardan biri Şamsuddin Babahanow, şyh Abduleziz Mansur ýaly alymlar tarapyndan edep-ahlak, gündelik durmuş meselelerine degişli hadyslary öz içine alan «Müň bir hadys» kitabydyr. Soňluk bilen akademik Nygmatulla Ibrahimow we şahyr Mürze Kenjabek redaksiýasy bilen Ymam Buharynyň «al-Jome as-sahih», «al-Adab al-mufrad» kitaplary terjime edildi.

Ahyrky ýyllarda Daşkent yslam uniwersitetiniň ýanyndaky Yslamşynaslyk ylmy-barlag merkezi tarapyndan samarkantly meşhur Ymam Doriminiň «Sunani Dorimi» hadys toplumy saýlanmasy hem-de şaýh Muhammet Sadyk Muhammet Ýusup tarapyndan «Altyn dinastiýa» ady astynda Ymam Buharynyň «Sahih al-Buhary» eseri özbek diline terjime edilip, neşir edildi.



*Sahihi Buhary*

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Yslam dini taryhy barada aýdyp beriň.
2. Gurhany kerim we Hadysy şerif diýende nämäni düşündiňiz?
3. Yslam dini Mawerannahra haçan girip geldi?
4. Yslamyň dünýä ýaýylyşynyň kartasyny çyzyň.
5. Yslam medeniýet merkezi diýende nämäni düşünýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 14-§ YSLAMDAKY MEZHEBLER WE DOGMATIKI TAGLYMATLAR

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Bu günki günde musulman ilatynyň köplügi boýunça birinji orunda haýsy döwlet durýandygyny bilýärsiňizmi?
2. Yslam taglymaty, hususan-da, aýatlarda we hadyslarda ylym almak barada aýdylan nähili sözleri bilýärsiňiz?
3. Iň gowy adatlardan bolan salamlaşmak edebiniň yslam taglymatyna baglylygy barmy?
4. Näme diýip oýlaýarsyňyz, jemgyýet üçin parahatçylygyň orny nähili? Yslam dininde bu barada näme diýilýär?

## YSLAM DINI TAGLYMATY WE BAÝRAMLARY



*Gurhany kerim*

Yslam dini taglymatyna görä, Alla hemme janly we jansyz zatlaryň, bütin älemiň ýaradyjysy hasaplanýar. Ol hiç kime meňzameýär we hiç zady onuň bilen deňeşdirmek mümkin däl. Adamlar Allanyň ýaradan jandarlarynyň iň beýigidir. Alla adamzady dogry ýola salmak üçin öz ilçileri — pygamberleri goýberip durupdyr. Çeşmelerde pygamberleriň sany 124 müň bolanlygy aýdylýar.

Muhammet (s.a.w.) öňki pygamberleriň işini dowam etdiren, sap ynamy dikeldip, kyýamatyň öňünden goýberilen iň soňky pygamber (Hatam al-anbiýa) – diýip ykrar edilýär.

Yslam dininiň esasy baýramlary bu hijri ýyl hasabynda Şawwol aýynyň birinji gününde bellenýän Remezan haýyty hem-de ondan 70 günden soň bellenilýän Gurban haýytydyr. Iki haýyt hem Özbegistanda resmi baýram diýip yglan edilen. Bu günlerde garrylary, ga-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Daşkentli beýik alym Muhammet ibn Ali ibn Ysmaýyl Kaffol Şaşy (291–365-nji h.ý) ylahyýet, hadys, sözlük we edebiýat boýunça öz döwrüniň meşhur alymlaryndan bolupdyr. Guburlary Daşkentdäki Hastymam (Hezreti Ymam) massiwinde ýerleşen.

ryndaşlary zyýarat etmek, çagalara haýytlyk sowgatlar, süýjüler bermek urp hasaplanýar. Haýyt baýramy adamlaryň arasynda mähir-şepagat, rehimlilik duýgularynyň şekillenmegine kömek edýär. Meselem, Remezan haýytyndaky pitre sadakasy Gurban baýramynda goýun ýa-da iri şahly mal soýup, mätäçlere paýlamakda Yslam dininiň adamkärçilik ähmiýeti ýüze çykýar. Bu günde musulmanlar owadan geýimleri geýip, hoşboý ysly atyrlaryny sepip, metjide barýarlar we haýyt namazyny berjaý edýärler.



*Daşkentdäki «Minor» metjidi*

## YSLAMDAKY MEZHEBLER

VII asyryň ikinji ýarymynda yslamda ilk bölünişler başlandy. Halyfa Alynyň döwrüne gelip dürli betnebis güýçleriň täsirinde bu proses güýçlendi. Netijede ***daşary ýurtly, şailik*** we ***sünnülik*** diýip atlandyrylýan ugurlar emele geldi.

Bu günki günde musulmanlaryň aglabasy sünnülik ýönelişindedir. VIII — IX asyrlara gelip bolsa sünnülik çäginde hukuk mekdepleri (mezhebler) — *hanafylyk, malikilik, şafiiýlik we hanbalilik* hem-de iki dogmatiki taglymat — *aş'ariýlik we moturidiýlik* emele gelipdir.

Mezhebler shariat bilimdany (fakih) tarapyndan Gurhan we sünnet esasynda işlenip taýýarlanan ýoldur. Olar öz esaslandyryjylarynyň ady bilen atlandyrylypdyr. Meselem, Abu Hanifa esaslandyran mezheb — hanafylyk, Mälik ibn Anas esaslandyran mezheb — malikilik diýip

*«Men müň sany şaýhy tapdym we olardan hadys ýazyp aldym. Bu bäş şaýhdan fakihragyny, takwalyragyny, alymragyny tapmadym. Olaryň iň birinjisi Abu Hanifadyr»*

***Ýazid ibn Harun***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Bu günki günde dünýädäki takmynan 1,7 milliard musulman ilatyň 92,5 göterimini sünnüler düzüp, olar mezhebler boýunça aşakdaky gatnaşykda bölünýärler: hanafylar — 49%, şafiiýler — 25%, malikiler — 17%, hanbalylar — 1,5%.*

*Istehson (ar. gowy diýip bilmek) — yslam hukugynda iki meseleden ýeňilräk tarapy saýlamaga aýdylýar.*

atalgan. Bar mezhebler esasy meselelarda bir-birini inkär etmaydi.

**Hanafiylik mezhebini** esaslandyryjy Abu Hanifa ady bilen meşhur Nu'man ibn Sobit Kufiý (699–767) hasaplanýar.

Şu mezheb öz mazmuny, taglymaty we ulanan usuly bilen jemgyýetde ýüze çykyp durýan islendik soragga jogap tapyp bilýär. Bu şundan gelip çykýar, ýagny hanafy mezhebi täze emele gelen dini meseläniň çözgüdi Gurhanda we hadysda bar bolmasa, deňeşdirmä we onuň iň möhüm görnüşi bolan istehsona daýanyp iş alyp barýar. Abu Hanifa agyr ýagdaýlarda adamlar üçin amatly şert döredip berip, kynçylyklary aňsat çözmäge hereket edýär. Abu Hanifa azatlyk prinsipiniň howandarydy, telekeçilik we başga ugurlarda adam hukuklaryny we azatlyklaryny gorap geldi.

Meselem, durmuş gurmakda erkek we aýala deň hukuk berlip, akylly we kämillik ýaşyna ýeten gyz we aýallary hiç kim olaryň razylygysyz nika gurmaga mejburlap bilmeýär, nika şertnamasy gyzyň hossary (ata, baba, aga, ini, dogan) bolmasa hem onuň öz sözi bilen baglanypdyr.

Bu günki günde Merkezi Aziýa musulmanlarynyň aglabasy hanafylyk mezhebine eýerýär. Edil şu wagtda bu mekdep Hindistanda, Pakistanda, Owganystanda, Yrakda, Siriýada, Türkiýede we ençeme Afrika ýurtlarynda giň ýaýran.

**Malikilik mezhebiniň** esaslandyryjysy, ymam Abu Abdullah Mälik ibn Anas 711-nji ýylda doglan. Şu mezhebde birinji çeşme Gurhany kerim, ikinji çeşme hadys hasaplanýar. Malikilik mezhebinde şerigat meselelerinde Medinäniň durmuşy we adatlary köp ýagdaýlarda üstün durupdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Malikilik Marokko, Alžir, Tunis, Bangladeş ýaly ýurtlarda esasy mezheb hasaplanýar.

**Şofeiýlik mezhebini** esaslandyran Abu Abdullah Muhammet ibn Idris Şofe (767–804) Palestinanyň Gazo şäherinde doglup, 804-nji ýylda Müsürde aradan çykypdyr.

Şofeiýlik mezhebi ylahy höküm çykarmakda Gurhana, sünnete, ijmo we deňeşdirmä daýanýar. Olar hanafylar we malikilerde bar bolan istehsony ret edýärler.

Şofeiýlik, esasan, Indoneziýa, Malaýziýa, Müsür, Sudan, Keniýa, Mali, Liwiýa ýaly döwletlerde ýaýran.

**Hanbalilik mezhebini** esaslandyran ymam Abu Abdullah Ahmet ibn Hanbal (780-855) Bagdat şäherinde ýaşapdyr.

Hanbalilik mezhebinda Gurhan we sünnet esasy çeşme hasaplanýar. Ijmo we sahabalaryň sözleri soňky orunlarda durýar. Deňeşdirmäni diňe başga alaç bolmanda ulanmaga rugsat edilýär. Şu mezhebiň dowamçylary boýunça iň azsanly hasaplanyp, esasan, Saud Arabystany, Ýemen, BAE, Kuweýt, Katar döwletleriniň ilatynyň arasynda ýaýrapdyr.

Sünnülikdäki dört mezheb bir-biri bilen deň hasaplanýar. Mezhebler adaty dini hukuk çäginden çyk-

Soňky döwürde peýda bolan «ýalan salafylyk», «hizbut tahrir» ýaly ugurlaryň işlerini ylahy mezheblere deňleşdirip bolmaýar. Çünki olar şerigat meselelerinde öz özbaşdak çözgüdini beren ulgama eýe däl. Olara dini-syýasy hereket we näkanuny syýasy partiýalar hökmünde garamak mümkin.

*2017-ýyl iyunida Prezidentimiz Shavkat Mirziyoyev topshirig‘i bilen Ymam Moturidiy majmuasida «Kalom ilmi mekdebi»ni, moturidiylik taglymatynyň yirik wekili Abul Mu’in Nasafiy zyýaratgohida bolsa «Aqdegişli mekdebi»ni guramak işleri başlandy.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mazdan, şerigat meselelerinde ňeňilräk ýa-da gatyrak höküm çykarýandyklary bilen tapawutlanýar.

*Akyldar – bakgalyň dükanyna meňzeýär: Baryny indemän görkezýär, nadan bolsa leşger negerasynyň özi: sesi belent bolsa-da, içi bomboş we garyp.*

***Saady Şerazy***



## DOGMATIKI TAGLYMATLAR

Yslam dininde Alla tagala, onuň häsiýetleri, ynsanlaryň ykbaly, kyýamat, jennet we dowzah, günä we sogap ýaly dogmatiklik meseleleri öwredýän ylym «kelam ylmy» diýip atlandyryldy. Milady VIII-IX asyrlarda musulmanlaryň arasynda grek filosofiýasyndan täsirlenen, Guranyň aýatlaryny we hadyslaryny nädogry düşünen taýpalar peýda boldy. Olar käte Allany ynsana meňzeş suratlandyryp, käte bolsa onuň aýratynlyklaryny inkär ederdi, pygamberler, Gurhanyň abraýyna laýyk däl pikirleri bildirýärdiler. Ynha şeýle şertde sünnülik ugrunyň alymlary käbir akymlaryň bozgunçy taglymlaryna birnäçe gaýtargylar berdiler. Netijede, maturidiýa we aşariýa taglymatlary emele gelipdir. Sünnüligiň çäklerinde bu iki ugur hem dogry hasaplanýar.



*Abu Mansur Maturidi kümmeti*

**Maturidiýa taglymatyny** mawerannahrly alym, beýik babamyz Abu Mansur Maturidiý (870-944) esaslandyrdy.

Maturidiý arassa dini garaýyş çäklerinden çykmadyk ýagdaýda akyl-paýhasy beýgeldýär we logiki taýdan esaslanan bilimiň ähmiýetini aýratyn nygtaýar.

Maturidiýe görä, adamyň durmuşy synaglar üçin ýaradylan. Şunuň bilen bir wagtda oňa bu synaglardan üstünlikli geçmek we dogry ýoly tapmak üçin giň mümkinçilikler hem berlen. Adam öz hereketlerini erkin saýlaýarlar.



Maturidiýa taglymaty XI–XII asyrlarda giň gerimde ösüpdir. Şu döwürlerde taglymat diňe bir Mawerannahrda däl, eýsem Horasan, Yrak, Müsür we Şam ülkelerine-de ýaýrap başlapdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Kelam ylmynyň soltanyna bolan hormat-yzzat, yhlas simwoly hökmünde Özbegistanda 2000-nji ýylda Ymam Maturidi doglan gününiň 1130 ýyllygy giňden bellendi, ol adam baky aram tapan Çokardiza gonamçylygynda kümmet gaýtadan dikeldildi.

Beýik alym öz garaýyşlary bilen hanafylyk taglymatynyň Merkezi Aziýa halklarynyň däpleri, urp-adatlary bilen aýrylmaz baglylygyny görkezip berdi. Iň ähmiýetlisi, yslam äleminiň aglaba sebitlerinde, Siriýa, Yrak, Türkiýe, Pakistan, Hindistan, Demirgazyk Afrika ýaly ýurtlarynda maturidilik taglymaty häzir hem ýokary, orta we dini okuw mekdeplerinde özbaşdak ylym hökmünde okadylyp gelinýär.



*Gadymy Bagdat. Abul Hasan Aşary bütin ömrüni şu şäherde geçiripdir*

**Aşariýa taglymaty.** Ony basraly Abul Hasan Aşary (873–936) esaslandyrypdyr. Ymam Aşary ömüniň ýarysyny azaşan akymlara garşy göreşe bagyşlapdyr.

Aşary Muhammet ibn Jarir Tabary, Ibrahym ibn Ahmet Marwazy, Mahmyt ibn Dawut Isbahany, Abdullah ibn Ahmet ibn Hanbal, Abu Mansur Maturidi ýaly alymlar bilen bir döwürde ýaşapdyr.

Aşariýa taglymaty hem sünnülik garaýşyna laýyk taglymat hasaplanýar. Şu taglymat hem esasan motaziliýa, kadariýa, jabariýa ýaly azaşan toparlaryň dogmatiki taglymlaryna garşy durupdyr. Aşariýa taglymaty esasan Yrakda, soňra seljuklar hökümdarlygy döwründe Horasanda ösüpdir.



## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Sünnülik näçe ylahy mezhebden ybarat?
2. Kelam ylmy nämäni öwrenýär?
3. Mezhebleriň täze peýda bolan toparlardan tapawudy nämede?
4. Sünnülikdäki dört mezhebiň ýaýran çäklerini kartada görkeziň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 15-§ SUFIZM WE TARYKATLAR

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Sufizm düşünjesi barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Daşkent welaýatyndaky «Zeňňi ata», Buharadaky «Hezret Nagyşbent»
3. zyýaratgähleri kimleriň hatyrasyna gurlandygyny bilýärsiňizmi?
4. Ahlak terbiýe diýende nämäni düşünýärsiňiz?

**Sufizm** — yslam ahlagy bilen bezenmek üçin gerekli bolan ylymlary öwrenýän ugur hasaplanýar. **Sopy** bolsa sufizm bilen meşgullanýan adama görä ulanylýan adalgadyr. Şu manyda ýene «solik» sözi hem ulanylýar.

**Sufizm tarykatlary.** Köplenç sufizm ýa-da tarykat diýende kynçylykly durmuş ýoly, terkidünýälik etmek, döwrebap ylmyň gazananlaryndan geçmek, zähmet çekmezden diňe ybadat bilen meşgullanmak, özüni-özi gynamak göz öňümize gelýär. Aslynda hem şeýlemi?

Aslyny alanda sufizmiň çyn manysy nebsiňi päklemek, ahlakyny çarhlamak, ruhy kämillige ýetmekden ybaratdyr. Bu maksatlara ýetmek üçin alymlar tarapyndan ýörite mekdepler — tarykatlar düzülipdir.

Tarykat arap dilindäki söz bolup, «ýol» manysyny aňladýar. sufizmde bolsa bu belli bir ýolbaşçy (murşid, pir) tarapyndan Gurhan we hadyslar, sahabalaryň ýol-ýodalary esasynda işläp taýýarlanan ruhy päklenmek ýolunyň, metodynyň jemi hasaplanýar. Bu günki günde tarykatlaryň sany köp bolup, olaryň iň irileri Ýassawiýa, Kubrawiýa we Nagyşbendiýadyr. Olaryň hemmesiniň ene ýurdumyzda bolup geçenligini belläp geçmek gerek.

Sufizm we oňa mahydaş bolan sopy, mutasavvif adalgalarynyň gelip çykyşy arap dilinden «jun, ýüň» manysyny aňladýan suf sözünden alnan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Sufizme berlen kesgitlemäi okaň. Kesgitlemedäki «ýaman ahlaklar» diýende nämäni düşünýärsiňiz? Näme üçin beýle ýaman ahlaklardan gutulmaly diýip oýlaýarsyňyz?

*Sufizm — edil lukmançylyk ylmy bedeniň saglygyna degişli maglumatlary öwrenişi ýaly, sufizm hem kalbyň, ruhuň ýaman ahlaklardan halas bolmak ýollaryny öwredýär.*

Mawerannahrda sufizm ýönelişiniň emele gelmegi şaýh Abu Ýakup Ýusup Hemedany (ar. 1140–41-nji ý.) şasy bilen bagly bolsa-da, XII asyrda Merkezi Aziýada peýda bolan ilkinji sufizm tarykatyny esaslandyran Hoja Ahmet Ýassawydyr.



*Emir Temur gurduran Hoja Ahmet Ýassayy kümmeti*

**Ýassawiýa**. Hoja Ahmet Ýassawy bu günki Gazagystanyň günortasyndaky Çimkent welaýatynyň Saýram obasynda dünýä inipdir. Käbir çeşmelere garanda, ol Ýasside (häzirki Türküstan) doglupdyr.

Ahmet Ýassawy özüniň «Dewani Hikmet» eserinde ruhy päklenme, ahlak, halallyk, bagrygiňlik taglymlaryny goşgy stilinde beýan edipdir. Ýassawylygyň özboluşly tarapy äşgär usulda zikr we dogalar okamak, dünýä lezzetlerinden bölekleýin geçmekde görünýär. Ýassawylyga mahsus aýratynlyklar soňluk bilen emele gelen köp tarykatlarda öz beýanyny tapypdyr.

**Kubrawiýa —** Ýassawylyk bilen bir asyrda emele gelen tarykatlardan biri. Bu tarykaty esaslandyran — şaýh Nejmiddin Kubra Hywaky (1145-1221). Ol Horezmdäki Hywak şäherinde doglupdyr. Şaýh Nejmiddin Kubra kubrawiýa ýa-da «zahabiýa» diýip atlandyrylýan tarykaty esaslandyrypdyr. Şu tarykatçylaryň arasynda «hufiýa» zikir etmek giň ulanylypdyr. Onuň iň meşhur eseri «Usuly aşara» bolup, ol ähli tarykatlara öz täsiri-

**Ýassawiýa** tarykatda Allany tanamak (ma’rifatulloh), hakyky juwanmertlik, dogruçyllyk, özüni Alla tabşyrmak (töwekkul) we çuň pikir möhüm orun tutýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1221-nji ýylyň iýulynda Çingizhanyň leşgerbaşylaryndan biri Hulaguhana garşy 76 ýaşly Şaýh Nejmiddin Kubra halkyň arasyndan leşger toplaýar we Ürgenç galasyny «Ýä Watan, ýä şöhratly ölüm» diýip gygyryp, birnäçe gün duşmandan saklap durýar. Şu söweş wagtynda şaýh Nejmiddin Kubra mongol basybalyjylary tarapyndan wagşylarça öldürilýär.



*Şaýh Nejmiddin Kubra kümmeti*

ni ýetiripdir. Nejmiddin Kubranyň eserleri Eýran, Kiçi Aziýa we Hindistandaky tarykat gurşawlaryna güýçli täsir edipdir. Kubrawiýa taglymaty mongollaryň basybalyşlaryna döz gelen taglymatlardan biridir. Bu taglymat mongol taýpalarynyň we hökümdarlarynyň yslam dinini kabul etmegine uly täsir edipdir.

**Nagyşbendilik** XIV asyrda Merkezi Aziýada peýda bolan sufizm tarykatydyr.

Bahauddin Nagyşbent (1318-1389) — yslam äleminiň iň meşhur keramatlylaryndan biri, Buhara welaýatynda doglan. Bahauddin Nagyşbendiň asyl ady — Muhammet. Atasynyň ady hem Muhammet bolupdyr. Ýaşlygynda atasy bilen bile parça nagyş salmak hünäri bilen meşgullanalygy üçin Nagyşbent lakamy bilen meşhur bolupdyr. «Bahauddin» sözi «diniň nury» diýen manyny aňladýar.

Nagyşbendilik taglymaty esasynda «Kalbyň Allada bolsun, emma el işli bolubersin», diýen şygar ýatýar. Bahauddin Nagyşbent sufizmdäki öňler amalda bolan berk talaplary birneme ýumşadýar we gündelik durmuşa uýgunlaşdyrýar.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Şu hikmedi ruhy we maddy durmuş utgaşyklygy düşünjesi bilen baglaň: *«Kalbyň Allada bolsun, emma el işli bolubersin».*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Nagyşbendiýada zahyr (daşky görnüş) we botin (içki älem) özara tapawutlandyrylýar. Bu sopulygy halkyň arasynda äşgär etmezlik, başgalardan bölünip durmazlyk, kerlige çekinmezlik, zähmet çekip güzeran geçirmegi ret etmezlik, maşgala, bala-çaga bakmak jogapkärligini üstüne almak, başgalar (gul we çorylar) zähmetinden peýdalanmazlyk ýaly haýyrly tertip-düzgünlere berk amal etmegi talap edýär.

Nagyşbendiýa tarykatynyň esasy terbiýe usuly söhbetdir. Nagyşbendiler söhbetiň peýdasy köp, söhbet arkaly adamyň kalbyna girip barmak mümkin, diýip hasaplapdyrlar. Bu tarykat aşakdaky dört prinsip esasynda gurlan: 1) şerigat bilen gylyk-häsiýeti päklemek; 2) tarykat bilen kalby päklemek; 3) hakykat bilen Alla ýetişmek; 4) aň-bilim bilen Allaa ýetmek.

Özbegistan garaşsyzlygyny gazanansoň sufizm ylmy bilen meşgullananlaryň atlary ebedileşdirilip, hormat edildi.

Häzirki wagtda dünýäniň köp ýurtlarynda, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan tä Awstraliýa arhipelagyna çenli bolan çäkde Bahauddin Nagyşbent we Nagyşbendiýa tarykaty mälim we hormatlanýar. Çünki Bahaud-

Bahauddin Nagyşbent aradan çykandan bir asyra golaý wagt geçensoň Abdurahman Jamy (1414–1492) birinji gezek bu tarykaty **«Nagyşbendiýa»** diýip atlandyryp başlady.



*Bahauddin Nagyşbent kümmeti*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

din Nagyşbent, ilki bilen, yslam dininiň şerigaty normalaryny pugta tutan we olaryň bozulmagyna ýol bermeýär. Ikinjiden, ol hakyky ynsany taglymlary we häsiýetleri öňe sürüpdir, jemgyýetiň dürli wekilleriniň arasynda futuwwat – juwannmertlik gatnaşygynyň peýda bolmagyna itergi bolupdyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda dini gymmatlyklary gaýtadan diklemek prosesinde metjitler, medreseler we başga dini guramalar bilen bir hatarda tarykat wekilleriniň işine-de aýratyn üns berildi. Meselem, 2002-nji ýyly Abdulhalyk Gižduwanynyň 900 ýyllygy bellenen bolsa, 2018-nji ýylda akyldaryň 915 ýyllygynyň bellenmegi göz öňünde tutulýar. Edil şeýle, 1993-nji ýylda Bahauddin Nagyşbendiň 675 ýyllygy giň gerimde bellenilen bolsa, 2018-nji ýylda 690 ýyllyk ýubileýi bellenjek. Bu günki günde Buharadaky Bahauddin Nagyşbent zyýaratgähinde «Nagyşbent merkezi» ýerleşen bolup, merkez tarapyndan «Nagyşbent» adyndaky aýlyk žurnaly neşir edilýär.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Sufizm we tarykat sözleriniň mazmunyny aýdyp beriň.
2. Mawerannahrda sufizmiň ösmegi haýsy beýik alymyň ady bilen bagly?
3. Ýassawylyk tarykaty barada aýdyp beriň.
4. Kubrawilik tarykatynyň özboluşly taraplary nämelerden ybarat?
5. Nagyşbendilik tarykatynyň esasy şygarynyň mazmunyny düşündiriň.
6. Berlen teksti üns bilen okaň, Nagyşbendiýa tarykatynyň esasy terbiýe usulyny söhbet usuly bilen baglaň. Söhbetleşmek medeniýetine esaslanyp pikir bildiriň. Siz pikir bildireniňizde nähili kadalara amal edýärsiňiz?

*... diliňi gowy hünar bilen öwretgin we mylaýym sözden başga zady adat etmagin. Nedinkim, dile her niçik sözi öwretseň, şuny aýdar, sözi öz ýerinde işletgin, söz eger gowy bolsa, emma ýerliksiz ulanylsa, onda ol her niçik gowy söz bolsa hem ýaman, ýerliksiz eşidiler. Şonuň üçin biderek sözlemeginki, peýdasyzdyr. Beýle bipeýda söz zyan getirer we her sözki ondan hünär ysy gelmese, beýle sözni geplemezlik makul.*

***Keýkowus, «Kowusnama»***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 16-§ ÖZBEGISTANDA DINI BAGRYGIŇLIK WE SOSIAL DURNUKLYLYK









## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Berlen suratlarda halkymyza mahsus nähili gymmatlyklar utgaşan?
2. Bagrygiňlik diýende nämäni düşünýärsiňiz?
3. Watanimyzyň taryhyndan bagrygiňlik prinsipine degişli maglumatlary getiriň.
4. Ikinji jahan urşy ýyllarida özbek halkynyň bagrygiňlik gymmatlygy nähili ýüze çykdy?

Bu gün Özbegistan dini bagrygiňlik, milletlara agzybirlik babatda bütin dünýä nusga bolýar. Özbegistanyň halkyna mahsus şu sypat uzak we çylşyrymly taryhy prosesler netijesinde emele gelendir. Agyr synaglary başyndan geçiren dürli ygtykat wekilleri kyn wagtlarda bir-birlerini goldap, özara kömek elini uzadypdyrlar. Ülkämiziň taryhy dürli din wekilleriniň arasynda dini esasdaky dawalaryň çykmanlygy bilen tapawutlanýar.

Mundan 1,5 müň ýyla golaý öň häzirki Merkezi Aziýany öz içine alan Günbatar türk hakanlygy döwründe (552-576) ülkede mälim bolan ähli din wekil-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*«...din umumynsany ahlak normalaryny özüne siňdirip alan, olary janlandyran, hemme üçin mejbury gylyk-häsiýet kadalaryna öwüren. Medeniýete uly täsir eden».*

***Islam Karimow***

lerine öz ygtykatlaryny amala aşyrmak üçin giň ýol açylyp berlen.

VIII asyryň başynda Mawerannahra yslam dini girip geldi. Munda täze dini ynamlar we ýerli urp-adat, däp-dessurlar birleşip, başga musulman döwletlerinden tapawutly özboluşly şekili aldy. Soňra şu ülke akyldarlary tarapyndan giňden ösdürilen hanafylyk mezhebi bu urp-adatlary dini çeşme hökmünde kabul etdi. Netijede dini-sosial meseleleri çözmekde «urf» Gurhandan we hadysdan soňky ylahyýet çeşmelerinden birine öwrüldi.

Yslam äleminde kim musulman, kim musulman däl, diýen çekişmeler güýjän bir wagtda Merkezi Aziýa ulamalary yslam dinini kabul edip, özüni musulman diýip bilýän adamy kapyrlykda günäkärlemek mümkin däl, diýen düzgüni yslam dininiň çeşmeleri bilen esaslandyrdylar. Yslam dininiň bu ülkede giň ýaýran mezhebi hanafylygyň baş dogmatiki ugurlary ynha şeýle bagrygiňlige esaslanypdyr.

Ymam Azam Abu Hanifa (699-767) tarapyndan başlanan beýle bagrygiňligiň ylmy-dogmatik esaslary ýurdymyzyň akyldarlaryndan Ymam Maturidiý (870-944), Abul Muin Nasafy (1046-1114) ýaly beýik ynsanlar tarapyndan dowam etdirildi. Olaryň galdyran baý ylmy mirasy asyrlar aşyp musulman ýurtlaryň medre-

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Ieromanah Haritonyň gepini okaň we aşakdaky soraglara jogap beriň.

1. Waka haýsy döwre degişli diýip oýlaýarsyňyz?
2. Halkymyza mahsus bagrygiňlik gymmatlyklaryny düşündiriň.

*«Ýerli ilat biçäre göçmelere (rus daýhanlaryna) duýgudaşlyk bilen mähribanlyk edýär, ýogsam olaryň aglabasy açlykdan we mtäçlikden äkiden bolardy».*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*«Aramyzda dostluk gatnaşyklary hemme ugurlarda göze görünýär: her bir prawoslawyň musulman dostlary bar bolşy ýaly ruhanylar we ymamlaryň arasynda hem dostluk gatnaşyklary örän ýokary. Dostumyz musulmanlara telekeçilik pudagy ýa-da konstitusiýa boýunça kömek sorap ýüz tutulsa, elbetde soralan zady alýarys. Bizde gapma-garşylyklar beýlede dursun düşünmezçilikler hem ýok».*

**Mitropolit Wladimir**

selerinde dini bagrygiňlige esaslanan gollanmalar hökmünde okadyp gelindi we häzirki günde-de okadylýar.

XIII-XIV asyrlarda mongollara garşy azatlyk göreşi prosesinde şu sebitiň ilatyny birleşdirýän güýç hökmünde ýassawiýa, kubrawiýa, nagyşbendiýa ýaly sopuçylyk tarykatlary şekillendi. Merkezi Aziýa sufizm wekilleri watanperwerligi, halkperwerligi, parahatçylygy, berkarlygy berkitmäge hyzmat eden yslam dininiň öňdebaryjy wekilleri hökmünde at-abraý gazandylar.

Beýik sahypgyran Emir Temur ygtykadyň we ruhyýetiň uly ähmiýetini dogry aň ýetiripdi. Şarafuddin Ali Ýazdy haky ýagdaýda Emir Temury kämil ygtykatly adam hökmünde taryplapdyr. Iň möhümi, sahypgyran Merkezi Aziýada giň ýaýran yslamdaky birleşme we bölünmek tarapdary bolan ugur «ahli sünni we jemagata» hemişe sadyk, dini dogmatiklige berk garşy bolupdyr. Emir Temur yslam dinini fanatiklikden azat diýip düşünipdir. Onuň kämil ygtykady başga dinleri ret etmegiň hasabyna bolmandyr. Şu sebäpli-de ol diňe bir öz asyry däl, eýsem soňky döwürler üçin hem nusga boldy.

Bu günki günde ýurdumyzda eždatlarymyzyň beýik we ýokary zähmetini hem-de mirasyny özünde jemleýän dini gymmatlyklar ösýär. Ýurdumyzda iş alyp barýan

*«Dini bagrygiňlik we kanunyň ileri tutulmagy — bu köpmilletli döwlet gurulmaly bolan binýadyň bir bölegidir».*

***Özbegistan Bibliýa jemgyýetiniň ýerine ýetiriji direktori S.Mitin***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Samarkantdaky Keramatly Aleksiý Moskowskiý sobory*



dürli ygtykat wekilleri-de döwletimiziň bu syýasatyny dogry düşünip, goldaýarlar.

Özbegistanda din döwletden bölünen bolsa-da, ygtykat azatlygyny üpjün etmek babatda döwletimiz tarapyndan tertibli we ulgamly ýagdaýda ençeme işler amala aşyrylýar. Meselem, 2000-nji ýylda — Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Permanyna görä Daşkent we Orta Aziýa Arhiýepiskopy Wladimir dinlerara bagrygiňligi berkitmek boýunça hyzmatlary üçin «Dostluk» ordeni bilen sylaglandy.

Merkezi Aziýadaky musulman we başga din wekilleriniň arasyndaky gatnaşyklar özara hormat we bagrygiňlige esaslanandyr. Bu gün respublikamyzda 16 konfessiýa wekilleri emin-erkin iş alyp barýarlar. Çylşyrymly taryhy prosesler synaglaryny mertlik bilen ýeňip geçmekleri netijesinde şekillenen dini bagrygiňlik

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Şu teksti okaň we gatnaşyk bildiriň.

*Adamlary aýplamaň, şonda siz hem aýplanmanmarsyňyz, ýogsam, olary nähili aýplan bolsaňyz, siz hem şeýle aýplanarsyňyz. Özgeleriň aýbyny haýsy garyşda ölçeseňiz, siziňki-de şol ölçegde ölçener.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gurşawy ýurtda parahatçylyga, ösüşe we bolelinlige hyzmat edýär. Çünki bu ýagdaýdan ähli din wekilleri bähbitlidirler. Ynha şu asylly maksat ugrunda ähli konfessiýalar ýurdumyzda we daşary ýurtda guralýan ruhy we medeni çärelerde respublikamyzda dini bagrygiňligi we sosial durnuklylygy ýene-de berkitmek babatda amala aşyrylýan özgertmeleri goldap gelýärler.

Bu günki günde Özbegistanda her bir dini konfessiýa özüniň dini guramasyna eýe bolup, dini dessurlary amala aşyrýarlar. Konfessiýalar öz işlerini Özbegistanyň «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanunyna amal etmek bilen alyp barýarlar.



*Faýazdepe — Özbegistanda 2000 ýyl öň butparazlyk ösendigini görkezýär.*

XX asyr adamzat taryhyna iki jahan urşy bolup geçen asyr hökmünde ýazyldy. Bütin dünýäniň pikiri XXI asyr — parahatçylyk asyry bolmagy üçin göreşýär. Bu ýolda dini bagrygiňlik, dinlerara gatnaşyk uly ähmiýete eýedir. Adaty dini bagrygiňlik ülkesi hökmünde mälim we meşhur bolan Özbegistan  bu babatda-da öz wezipesini wyždan bilen ýerine ýetirýär.



## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Ýurdumyzda bagrygiňlik gurşawyny döretmekde yslam däl konfessiýalaryň orny nähili?
2. Özbegistan halkyna mahsus dini bagrygiňlik esaslary nähili çylşyrymly prosesleriň synaglary netijesinde emele gelipdir?
3. Ýurdumyza katolik ýönelişi wekilleriniň girip gelmegi haýsy waka bilen bagly boldy?
4. Yslam däl konfessiýalaryň ýurtda sosial-ruhy gurşawy sagdynlaşdyrmaga goşan goşandy nämelerde görünýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 17-18-§ ÝURDUMYZYŇ AKYLDARLARYNYŇ DÜNÝÄ YLYM-BILIMINIŇ ÖSMEGINE GOŞAN GOŞANDY

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Orta asyr ylym-biliminiň ösüşi bu günki gündäki haýsy ylymlaryň kämilleşmegine esas boldy? Bu orunda ýurdumyzyň akyldarlarynyň goşandy nämelerden ybaratdy?
2. Nähili şertlerde ylym-bilim ösdi?
3. Merkezi Aziýadan çykan alymlar ylmyň nähili ugurlarynda iş alyp barypdyrlar?
4. Yslam ylymlary diýende nämäni düşünýärsiňiz?

## AKYL-PAÝHAS BILEN DÖREDILEN BAÝ RUHYÝET

Täze jemgyýet we döwlet gurmagy başarýan nesliň aňynyň şekillenmeginde, milletiň özüne-özi aň ýetirmeginde baý ylmy, ruhy we medeni mirasymyz, milli gymmatlyklarymyz iňňän möhüm ähmiýete eýe.

Döwletimiziň näçe tiz rowaçlanmagy, güýç-kuwwata dolmagy, dünýä bileleşiginde özüne mynasyp orun eýelemegi, ilki bilen, halkymyzyň ruhy ösüşiniň, buýsanjynyň we gujurynyň nähili ýokary bolmagyna bagly.

Asyrlar dowamynda akyl-paýhas bilen döredilen baý ruhyýeti sebäpli halkymyz buýsançly ýaşaýar, zähmet

Çeşmelerde beýik akyldar Abu Ali ibn Sina 17 ýaşynda Nuh ibn Mansury (976-997-nji ýyllar) bejerýän wagtynda «Dar ul-ulum» — «Bilimler öýi» ady bilen hem atlandyrylan köçk kitaphanasyndan peýdalanandygy barada habar berilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çekdi, elmydama azatlyga we erkinlige tarap ymtyldy. Ynha şu milli aň, milli buýsanç bu günki durmuşymyzyň altyn binýadydyr.

Bu binýady beýik alymlarymyz Biruny we Faraby, Maturidi, Fergany, Abu Ali ibn Sina, Horezmi, Zamahşary, Buhary, Ymam Abu Isa Termizi, Hekim Termizi, Nowaýy we Ulugbek ýaly ýüzlerçe beýik ynsanlar esaslandyrdylar.

Yslam dini tebigat ylymlary, psihologiýa, taryh, geografiýa, sosiologiýa, biologiýa, umuman, adamzat üçin gerekli bolan islendik ylmy öwrenmegi goldaýar.

Yslamyň ylym-bilime gowy gatnaşygy netijesinde yslam dünýäsinde orta asyrlarda ylym-bilim ýiti ösüp, bütin dünýäniň ösüşine uly goşant goşdy.

IX-XII asyrlar Yslam renessansy döwri Ymam Buhary, Termizi, Abu Mansur Maturudi, Abu Nasr Faraby, Abu Reýhan Biruny, Abu Ali ibn Sina, Horezmi, Ahmet Fergany, Burhanuddin Marginanylaryň jahan ylmyna goşan ullakan hyzmaty döwri Ma’mun akademiýasynyň Horezmdäki işi bilen bagly bolsa, ikinji basgançagy — Temuriler renessansy döwri XIV-XVI asyrlara gabat gelýär. Emir Temur, Mürze Ulugbek, Alyşir Nowaýy, Babur Mürzeleriň ylym-bilimiň, medeniýetiň ösmegindäki hyzmatlary biçakdyr. Aziýada IX-XII we XV asyrlarda bolup geçen ylym-bilim, filosofiýa, edebiýat ugrundaky ösüş Ýewropa renessansyna uly täsir etdi.

Häzirki zaman matematika, trigonometriýa we geografiýa ylymlarynyň ösmegine çäksiz goşant goşan meşhur alym ***Muhammet ibn Musa Horezmi***dir. Ol onluk hasaplama ulgamyny, nol belgisi we polýuslar koordinatalaryny birinjilerden bolup esaslandyrdy we amalyýete ornaşdyrdy. Bu bolsa matematika we astronomiýa ylymlarynyň ösüşinde ýiti öwrülişik boldy.



***Muhammet ibn Musa Horezmi*** algebra ylmyny esaslandyrdy, ylmy maglumatlary we traktatlary beýan etmegiň anyk kadalaryny işläp taýýarlady, ol astronomiýa, geografiýa we klimat nazaryýeti boýunça köp ylmy eserleriň awtorydyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Aşakda berlen suratlara üns bilen garaň, Orta asyrlarda şu çyzgylary çyzmak we akyl ýetirmek üçin nähili bilimlere eýe bolmalydy?
2. 5-nji suratdaky görnüşi Buharadaky Ulugbek medresesiniň maňlaýyna ýazylan hikmet bilen düşündiriň.
3. Abu Ali ibn Sinanyň XIV asyrda Italiýada neşir edilen «Tib kanunlary» kitabyna işlenen grawýura garap dünýä lukmançylyk ylmynyň ösmegine ibn Sinanyň goşan goşandyny görkeziň.



*Kyblany kesgitlemegiň çyzgysy. VIII asyr. Muhammet ibn Musa Horezmi*



*Usturlabyň bir bölegi. X asyr. Ibn Irak*



*Gysyp çykarylan suwuň anyk göwrümini kesgitleýän gap XI asyr. Biruny*



*Lukmançylyk enjamlary, XI asyr.*



*Ulugbek şägirtleri bilen. Miniatýura, XVI asyr.*



*Abu Ali ibn Sinanyň XIV asyrda Italiýada neşir edilen «Tib kanunlary» kitabyna işlenen grawýura*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




*Ahmet Fergany tarapyndan gurlan Nil derýasynda suwuň derejesini ölçeýän desga. Daşky we içki görnüşy. IX asyr*

Beýik alymyň dünýä ylym-biliminiň ösmegindäki hyzmatlary umumykrar edilen bolup, Gündogar alymlarynyň arasynda diňe onuň ady we eserleri «***algoritm***»we «***algebra***» ýaly häzirki zaman ylmy adalgalarda ebedileşdirildi.

Gündogar Galkynyş döwri özboluşly ykdysady, sosial, syýasy, medeni we ylmy gurşawy gurşap alan bolup, şu döwrüň «Galkynyş döwri» diýip atlandyrylmagy-da asla ýöne ýerden däl.

IX asyrda ***Ahmet Fergany*** «Astronomiýanyň esaslary» eserinde älemiň gurluşy, ýeriň ölçegi baradaky ilkinji maglumatlar, planetamyzyň şar şekillidigine deliller getirilýär. Kitap XVII asyra çenli Ýewropa uniwersitetlerinde astronomiýa boýunça esasy derslik hökmünde okadylypdyr. Beýik geografik açyşlar döwründe Kolumb, Magellan we başga syýahatçylaryň açyşlary üçin ylmy esas bolup hyzmat edipdir. Ahmet Fergany orta asyrlardaky esasy astronomik esbap — usturlab(astrolýabi) nazarýetini işläp týýarlapdyr. Nil derýasynda nilometr

*XI asyr bütin dünýädäki tebigy ylymlar taryhçylar tarapyndan «Biruny asyry» diýip atlandyryldy.*

*Abu Reýhan Biruny Kolumbyň syýahatyndan 500 ýyl öň Ýuwaş we Atlantik okeanlarynyň aňyrdynda kontinent bardygy baradaky pikiri öňe sürdi.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

— suwuň derejesini ölçeýän esasy serişde hökmünde ulanilýan meşhur desgany döredildip.

***Abu Nasr ibn Irak*** — «Ikinji Ptolomeý» diýip at alan beýik alym. Ibn Irak giňişlik trigonometriýasynyň esaslandyryjysydyr. Ol matematika we astronomiýa ugrundaky açyşlary bilen şöhrat gazanypdyr.

***Abu Reýhan Birunynyň*** 150-den gowrak ylmy işlerinden bize çenli diňe 31 sanysy ýetip gelipdir. Biruny dünýä ylym-biliminde birinjilerden bolup deňizler nazaryýetini we ýeriň şar şekilli globusyny döretmek boýunça özboluşly täze taglymlary teklip etdi. Ýeriň radiusyny hasaplap çykdy, wakuum, ýagny boşluk halatyny düşündirip berdi. Minerallar häsiýetnamasy we olaryň peýda bolmak nazaryýetini işläp taýýarlady, geodeziýa ylmyny esaslandyrdy.

***Abu Ali ibn Sina*** — «Yslam äleminiň iň meşhur filosofy we ensiklopedist alymy hem-de adamzadyň iň beýik akyldarlaryndan biri» diýen derejä sezewar bolupdyr. Ol ylmy barlag işlerini 16 ýaşynda başlapdyr. Ömrüniň dowamynda 450-den artyk eser döredipdir. Ibn Sinanyň lukmançylyk we filosofiýa, mantyk, himiýa, fizika, astronomiýa, matematika, saz, edebiýat we dilşynaslyk ugurlaryna bagyşlanan eserleri dünýä alymlary tarapyndan ykrar edilen. Leonardo da Winçi, Mikelanjelo, Frensis Bekon we başga ençeme alymlar nesli onuň eserlerini okap haýran galypdyrlar.







*Abu Ali ibn Sinanyň XV asyrda Ýewropada çap edilen «Tib kanunlary» kitaby*

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. 2014-nji ýylyň 15-16-njy maý günleri Samarkant şäherinde nähili halkara maslahat geçirildi? Maslahatyň maksady nämelerden ybaratdy?
2. Ýurdumyzyň beýik alymlarynyň dünýä ylym-biliminiň ösüşine goşan goşantlary barada pikir bildiriň. Şol döwürde dünýäniň başga ýurtlaryndaky ylym-bilime gatnaşyk meselesine-de üns beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Aşakdaky halk naklyny okaň we ýurdumyzyň akyldarlarynyň dürli ugurlardaky bilimleri eýelemegi üçin näçe kynçylyk çekendiklerini aýdyp beriň
   *«Ylym bilen meşgullanmak iňňe bilen guýy gazmak bilen barabar»*
2. Siz öz öňüňize ylmyň we hünäriň haýsy ugurlaryny eýelemegi maksat edindiňiz? Maksadyňyza ýetmek üçin nähili hereket etmekçi?
3. Berlen surat esasynda Gündogar galkynyş döwri barada hekaýa ediň.



*Azad Habibullin, «Gündogaryň beýik alymlary».*

Onuň «Tib kanunlary» diýip atlandyrylan bibaha fundamental eseri häzirki günde-de öz derwaýyslygyny ýitirenok. Bu kitap Ýewropada XV asyrda çap edilen lukmançylyk ugrundaky ilkinji kitaplardan biridir. Baryp 500 ýylyň dowamynda Ýewropanyň öňdebaryjy uniwersitetlerinde lukmançylyk ylmy hut şu eser esasynda okadylyp gelipdir.

Yslam bilim almak her bir erkekdir aýala parz, diýip tälim berýär. Her bir musulman erkegi we aýly bilim almaga ündeýär. Bilim almagyň we alymlaryň sypatlary barasynda köp hadyslar getirilen.

Orta asyr Gündogarynyň beýik alymlarynyň we akyldarlarynyň golýazmalary Ýewropanyň we Aziýanyň Beýik Britaniýa, Germaniýa, Ispaniýa, Russiýa, Fransiýa, Müsür, Hindistan, Eýran we başga köp ýurtlaryndaky kitaphanalaryň «altyn fonduny» düzýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**TARYHA NAZAR**

VIII-asyryň ahyrlaryndan Buharadaky ymam Abu Hafs Ýalyr Buhary (767 — 832) medresesinde uly kitaphana, mahsus okalga bar eken.

*Ähli ylymlar bir-biri bilen şeýle bir aýrylmaz baglanyp gidipdir welin, olary ýekän-ýekän öwrenmekden görä, bir waraklap özleşdirmek aňsadrak.*

***ene Dekart***

Ýurdumyzyň beýik alymlary dini bilimler boýunça hem kämil derejä ýetipdirler. Meselem, Ibn Sina, Mahmyt Zamahşary, Faraby, Birunylar Gurhan, hadys, yslam taryhy we hukukşynaslygy boýunça-da eserler ýazypdyrlar.

Musulman älemindäki ilkinji okuw mesgenleri — medreseler VIII asyryň ahyrlarynda, şol döwürdäki ylmy-medeni merkezler hasaplanýan Buhara, Samarkant, Nasaf, Termiz, Hywa, Şaş (Daşkent), Margilan ýaly gadymy şäherlerde iş alyp baryp başlapdyr.

Beýle bilim mesgenleri özüniň netijesini berip, ýurdumyzdan beýik mufassirler we muhaddisler ýetişip çykdylar.

Ülkämizden çykan ilkinji muhaddislerden biri meşhur alym ***Abdullah ibn Muborak Marwazidir*** (736 — 798). Ýene bir ýurtdaşymyz, iri muhaddis ***Ymam Dorimi*** (798 — 869) Samarkantda doglan. Beýik alymyň iň meşhur eseri «al-Musnad» bolup, bu eser «Sunan ad-Dorimi» ady bilen meşhur.

Muhammet (s.a.w.)-iň alty ýüz müňe ýakyn hadyslaryny ýatda saklan beýik alym ***Ymam Buhary*** «Hadys ylmynyň soltany» diýen hormatly derejä sezewar bo-



*Mamun akademiýasy. Alymlar geňeşi*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lupdyr. Beýik muhaddisiň «al-Jome as-Sahih» eseri Gurhany kerimden soňky orunda durýan ikinji möhüm çeşme hökmünde yslam äleminde ýokary bahalanýar.

Ymam Buharynyň şägirdi we dosty bolmak bagtyna miýesser bolan beýik ynsanlardan biri ***Abu Isa Muhammet Termizi*** (824 — 892). Ymam Termizi eserleriniň içinde iň meşhury «al-Jome as-sahih» bolup, ol alty sany ynamly hadyslar toplumyndan biri hasaplanýar.

*Ymam Buhary kümmeti*



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. «Ymam Buharynyň synag edilmegi» hekaýasyny okaň. Onuň seýrek talanty barada pikir ýörediň.
2. Hatyrany berkitmek üçin nähili maşklar zerur? Siz hatyraňyzy berkitmek üçin nähili maşklary ýerine ýetirýärsiňiz? Kitap okamak we ýat tutmak hatyrany berkidýär, diýen pikire goşulýarsyňyzmy?

### YMAM BUHARYNYŇ SYNAG EDILIŞI

Bir güni Ymam Buharynyň Bagdada gelenini eşiden alymlar ol adamy synamakçy bolupdyrlar. Bagdadyň muhaddisleri ýüz hadysy saýlap alyp, olaryň tekstini we çekimlilerini üýtgedýärler (ýagny bir isnad tekstini ikinji bir isnad teksti bilen we bir tekst isnadyny başga tekst isnady bilen çalşyryp goýýarlar). Soň olary on adama on sanydan bölüp berdiler-de, ýygnak wagtynda Ymam Buhara aýtmagy belläpdirlery. Ýygnaga müňlerçe horasanly, bagdatly we başga alymlar gelipdirler. Hälki adamlar özlerine tabşyrylan hadyslary Ymam Buhara aýdyp, olar barada soradylar. Şonda Ymam Buhary olaryň her birine: «Beýle hadysy bilmeýärin», — diýip jogap berdi. Soraglar gutarandan soň birinji bolup sorag beren adama öwrülipdir-de: «Emma, sen aýdan birinji hadysyň teksti başga bir hadysyň isnadyna degişli bolup, dogrusy ynha beýle, ikinjisiniň isnady bolsa bölek hadys tekstine degişli bolup, dogrusy ynha şeýle...» — diýip sorag beren 10 adama jogap berdi. Ähli hadyslaryň isnodydyr tekstlerini ýerbe-ýer goýandygyna haýran galan adamlar ol adamyň hatyrasynyň, akyl-paýhasyna ykrar bolup, çuňňur yzzat-hormat bildirdiler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Ymam Buharydan: «Şunça Hadysy nähili ýatda sakladyňyz?» — diýip soranlarynda, «Men ähli öwrenen ylymlara amal etdim», diýip jogap beren eken.*

Mawerannahrdan çykan beýik alymlar yslam şerigaty— ***fikh*** ugrunda-da öňdebaryjylardan bolupdyr. Ynha şeýle beýik fakihlerden biri ***Burhaniddin Marginany*** (1123 — 1197)dyr. Onuň «Hidaýa» atly eseri döredilen döwründen tä häzire çenli Gündogaryň we Günbataryň okuw mekdeplerinde yslam şerigatyny öwrenmekde esasy eserlerden biri hökmünde peýdalanylýar.

Orta asyrlarda iş alyp baran meşhur alym ymam ***Abu Mansur Maturidi*** (870 — 944) kelam ylmynda ýokary derejä ýetenlerden biridir. Maturidiýa taglymaty onuň ady bilen bagly. Abu Mansur Maturidi yslam äleminde «Musulmanlaryň ygtykadyny düzediji» diýen ýokary hormata sezewar bolupdyr.

Horezm diýary hem yslamy bilimleriň ösmegine uly goşant goşan bolup, bu diýardan ýetişip çykan beýik alymlardan iň beýigi ***Mahmyt Zamahşarydyr***. Maýyplygyna seretmezden, bu beýik ynsan ylym talabynda öz ömrüniň köp bölegini uzak ýurtlardaky saparda, mysapyrlykda geçirdi. Mekgede alty ýyla ýakyn ýaşady. Şu sebäpli «Jorulloh» («Allanyň goňşusy») diýen ýokary derejä sezewar boldy.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. «Parahatçylyk we barkararlyk ylym-bilimiň ösmegine oňyn täsir edýär», diýen jümläni durmuşdan mysallar esasynda düşündiriň.
2. Ma’mun we Mürze Ulugbek akademiýalarynda iş alyp baran alymlar ylmyň haýsy ugurlarynda gözlegler alyp barypdylar?
3. Temuriler Renessansy döwri — XIV-XVI asyrlarda ýaşap döredijilik eden alymlaryň ylym-bilim, medeniýet we sungat, edebiýat ýaly ylymlaryň ösmegine goşan goşandy barada maglumat toplaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 19-§ DIN WE «KÖPÇÜLIKLEÝIN MEDENIÝET»

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Köpçülikleýin medeniýet diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Köpçülikleýin medeniýetiň jemgyýetiň ösüşine täsiri barmy?
3. Goşadyrnagyň içindäki «köpçülikleýin medeniýeti» siz nähili düşünýärsiňiz?
4. «Köpçülikleýin medeniýetiň» jemgyýetiň ruhyýetine täsiri nähili, onuň howply taraplary barmy? Pikiriňizi esaslandyryň.

## «KÖPÇÜLIKLEÝIN MEDENIÝET» DÜŞÜNJESI

Bu gün çalt depginler bilen ösýän çalasyn zamanda ýaşaýarys. Her tarapdan maglumat hüjümi, dürli sowmalar, nämakul we howply maglumatlar bilen ýaşlarymyzyň aň-pikirini eýelemäge ymtylmalar bar... Ine şeýle haýbatlardan biri «köpçülikleýin medeniýet»dir.

«Köpçülikleýin medeniýet» diýen nykap astynda ahlak bozuklyk we zorluk, indiwidualizm, egosentrizm taglymlaryny ýaýratmaga gönükdirilen, başga halklaryň näçe müň ýyllyk däpleri we gymmatlyklary, ýaşaýyş täriniň ruhy esaslaryna äsgermezlik, olary ýykgynçylyga gönükdirilen howply haýbatlary, hereketleri düşünmek mümkin.

Beýle betnebis taglymlary ýaýradýan toparlaryň asyl maksady başgalaryň hasabyndan baýlyk artdyrmakdyr.

*Eý, mertler, aýallaryň geýmini geýmezlik üçin gaýrat ediň.*

***Saady Şerazy***

## «KÖPÇÜLIKLEÝIN MEDENIÝET»IŇ MAKSADY

«Köpçülikleýin medeniýetiň» maksady, ilki bilen, ykdysady baýlyk artdyrmak, adamlary bir-birine gapma-garşy goýup, bir-birini we şunuň bilen birlikde özü-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Köpçülikleýin medeniýetiň gowy taraplary*

ni özi öldürmäge çenli alyp barmakdan ybarat. Netijede bolsa onuň ýaýradyjylary dünýä we ondaky baýlyklara ýeke-täk hökümdara öwrülmek isleýärler.

Siz bilen deň ýetginjekler, ýaşlar ýaşytdaşlaryna ökünip, täzelikleri tiz özleşdirmäge teşne bolýarlar. Olardaky ine şu sosial-psihologik halat köplenç galp gymmatlyklaryň täsirine berilip gitmeklerine sebäp bolmagy mümkin.

Häzirki wagtda ahlaksyzlygy medeniýet we tersine, asyl ruhy gymmatlyklary äsgermezden, könelik galyndysy diýip garaýyş bilen bagly halatlar ösüşe, adamyň durmuşyna, maşgalanyň mukaddesligine we ýaşlaryň terbiýesine uly howp döredýär. Muňa mysal hökmünde bir jynsly nikalar, nikasyz ýaşamak, perzentsiz geçmek, ýagny perzendi artykmaç mesele diýip hasaplamak, keşbini düýpgöter üýtgetmek (bedene iňňe bilen dürli suratlary we şekilleri bermek), öz janyna kast etmegi gahrymançylyk diýip saýmak ýaly erbet netijelerini getirmegimiz mümkin. Beýle ýagdaýlara ähli dinler berk garşydyr.

Umumynsany gymmatlyklara ters geýimleri geýmek «köpçülikleýin medeniýet»dir. Meselem, dyzy ýa-da injigi ýyrtylan, men-menlik alamaty hökmünde dar we



## DÖREDIJILIKLI IŞ

Berlen teksti okaň we «köpçülikleýin medeniýet» howpsuzlyk üçin nähili wehim döretmegi mümkinligine mysallar getiriň.

XXI asyryň halkara gatnaşyklar we milli howpsuzlyk nukdaý nazaryndan aýratyn tapawutlanýan tarapy — globallaşma şertinde täzeden täze gapma-garşylyklar emele gelip, olar milli howpsuzlyk üçin täze wehimleri getirip çykardy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

uzyn, bili ýa-da garny açylyp duran geýimleri geýmek şolara degişlidir.

Yslam dininiň mukaddes çeşmesi Gurhany kerimde Hudaý tarapyndan adamlary hoşbiçimli we hoşsyratly ýaradylandygy aýratyn nygtalýar. Şonuň ýaly-da, yslam taglymatynda adam bedenini päk saklamagy, arassa we hoşboý bolmagyny wagyz edilip, gözellik bellenilen araçäkden çykmazlygy-da aýratyn nygtalan.

*«Eý Adam çagalary, haýbatly, size bedeniňizi ýapýan lybas we zynat lybasy peşgeş berdik. Takwa lybasy, ana şol gowudyr. Ana şolar Allanyň aýat-belgilerindendir. Belki ýatlasalar». (Lybasyň zerury bedeni gizlin saklaýanydyr. Ýöne Alla adamyň bedenden başga agzalaryny hem ýapmak zerurlygy barlygyny hasaba alyp, lybasy zynat görnüşinde berdi. Edil şeýle lybasy öz ornunda, ýagny şerigata laýyklykda peýdalanan adam zynatly hasaplanýar. Emma iň esasy lybas – takwa lybasy.)*

**A'rof süresi, 26-njy aýat**

Soňky wagtlarda tatuaž, rastuşovka, tatuirowka (bedene surat çekdirmek) adata girip barýar. Bu hadysalar hem agyryly, hem adamlaryň saglygy üçin zyýanlydyr.

**«Tatuaž», «Rastuşovka»** — prosesi barada şol ugruň hünärmenleri öz pikirlerini bildiripdirler. Tatuaž — permament timar, ýagny ýüzdäki agzalar — gaş, göz we dodagy uzak wagta çenli aýrylmaýan edip boýap, timarlamak diýmek. Permament timarda sanap geçilen agzalaryň derisine tatuaž üçin niýetlenen iňňäniň kömeginde mahsus boýag iberilýär. Bu pigmentleriň uzak wagt saklanyp durmagyny üpjün edýär. Permament timar prosedurasy agyryly bolup, bir-iki sagat dowam edýär.

Emma galp şaý-sepiň adam organizmi üçin zyýanlary düzedip bolmaýan netijelere getirmegi-de mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Tatuirowka esbaplary bilen gepatit B, S hem-de OIV infeksiýasyny ýokaşdyrmak gaty aňsat. Tatuirowkasy bar adamlaryň gepatit S kese-line çalynmak howpy, ýönekeý adamlara garan-da, 9 esse ýokary bolýar.*



*Gotlar*

Gaş tatuaž edilende gaşlaryň köküniň ýok bolmagyna getirip, olaryň dökülmegine sebäp bolýar. Gözlere tatuaž edilende bolsa gözüň görüş ukybyna, gabak derileriniň duýujylygyna erbet täsir edýär. Dodaklar tatuaž edilende agyzyň töwereginde çişler peýda bolýar. Bu prosedura-larda iňňe bilen deri deşilenligi sebäpli organizm dürli in-feksiýalara çydamsyz bolup galýar. Deri deşiklerine bolsa dürli himiki boýaglar girizilmegi netijesinde allergiýa ke-sellerini getirip çykarýar.

«Tatuirowka» — iňňe bilen nerw damarlaryna zyýan ýetirip, bedene surat çekdirmekdir. Bu agyryly proses bolup, adam öz-özüne şikes ýetirýär. Hünärmenleriň nyg-tamagyna görä, «tatuirowka» etdiren adamlarda 20-den artyk kesele çalynmakgörkeziji ýokary bolar eken. ***Tatui-rowka boýagynyň düzüminde howur emele getirýän fak-torlar bar.*** Boýaglaryň düzüminde adam organizmi üçin zyýanly bolan metallar, ýagny ***simap sulfidi, hrom, kad-miý, gurşun, titan, alýuminiý, kobalt*** ýaly elementler bar.

***«Mycobacterium haemophilum»*** bakteriýasy in-çekesel we pis keselini çagyrýar, adamlarda immun ul-gamyny gowşadýar. Bu bakteriýa bolsa diňe tatuirowka çyzdyransoň emele gelýär. Hristianlyk dininiň mu-kaddes kitabynda hem tatuirowkalar etmek garalanyp, bedeni dilmezlik, derä oýup zat ýazmazlyk nygtalýar.

«Köpçülikleýin medeniýetiň»ýene bir görnüşi **«Got-lar»**dyr. «Gotlar» (iňlis dilinden «goths» — gotlar, war-warlar, medeniýetsiz adamlar, nadanlar diýip terjime edilýär) ahlaksyzlyk, gaýryadamlyk ýaly nogsanlaryny wagyz edýän submedeniýet bolup, XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyrynda Beýik Britaniýada peýda bolupdyr. Hususan-da, 1982-nji ýylda «Betkaw» saz toparynyň açylmagy got ýaşaýyş tärini wagyz etmekde uly orun tutupdyr. Hut olaryň işi netijesinde gotik-rok saz žan-ryemele gelip, iňlis ýaşlarynyň arasynda meşhur bolup



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

başlapdyr. «Gotlar» hereketiniň esasy taglymy ölümi romantikleşdirmek, gynag, jebir-sütem, hapalykdan rahatlanmakdan ybaratdyr. Şu **submedeniýet** wekilleri gara reňke esaslanan imije daýanýarlar, gotik saza gyzyklanýarlar, bu günki gün bilen ýaşaýarlar. Gotlar pozitiw duýgulardan lezzetlenmegiň ýerine, ruhy azaplanmak, umytsyzlyk we ruhy gahardan lezzetlenýärler. Gotlary köçede tanamak onçakly kyn däl.

Ýokarda agzalyşy ýaly, şu submedeniýet wekilleri gara reňke esaslanan «dress-kod»a amal edýärler. Şol sanda, gotik geýniş stiliniň esasy elementleri — lybaslarda gara reňkiň köp bolmagy, metaldan ýasalan dürli bezegleri ulanmakdyr. Ýokarda getirilen mysallar dan görnüşi ýaly, «köpçülikleýin medeniýet» adamy mangurda öwürýär. Ol özüniň «men» ligini ýitirýär. Onuň üçin gadyrly zatlar galmaýar, ata-ene, perzent, gymmatlyk ýalylary hasap etmeýär.

Jemgyýetde hiç zady gadyrlamaýan adamlaryň köpelip gitmegi döwleti krizise getirýär. Netijede biperwaý adamlar köpelýär, milli gymmatlyklara, ruhyýete putur ýetýär.

*Siz Hudaýyňyz — Eýemiziň perzentlerisiňiz, ölenler üçin özüňizi kesmäň, saçyňyzyň öňüni gyrkmaň.*

***Gadymky Äht (Ikinji kanun, 14:1).***

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. «Köpçülikleýin medeniýet» adamyň durmuşyna nähili täsir edýär?
2. Edebiýat ylmyndan alan bilimleriňize daýanyp, «mangurt» düşünjesiniň jemgyýetiň ösüşine täsiri barada pikir ýörediň.
3. Dini taglymatlaryň «köpçülikleýin medeniýete» gatnaşygy nähili?
4. Siz näme üçin «köpçülikleýin medeniýeti» garalaýarsyňyz? Pikiriňizi esaslandyryň.
5. Berlen halk nakylyny «köpçülikleýin medeniýet» bilen baglap düşündiriň: *«Ähli ýaldyrap görnen zatlar altyn bolubermeýär».*
6. Berlen suratlarda görkezilen ýagdaýlar umumynsany gymmatlyklara nähili putur ýetirýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 20-§ KSENOFOBIÝA WE DIN

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Ksenofobiýa, hristianofobiýa, ýudofobiýa, islamofobiýa diýen adalgalary eşitdiňizmi?
2. Adama mahsus bolan gorky halatyna nähili hadysalar köpräk sebäp bolýar?
3. Gorkyny ýeňmek üçin nämelere üns bermeli?
4. Biologik gorky bilen emeli gorkynyň tapawudy nämede?

Ksenofobiýa — (grek. *ksenos* — keseki; *fobos* — gorky) grek dilinde haýsy-da bolsa bir «keseki», «nätanyş» bolan zatdan ýa-da düşünjeden «gorkmak» manysyny aňladýar.

Lukmançylykda bu söz adamdaky «nätanyş şahs, zat, hadysa we başgalardan gorkmak» ýa-da olardan «ýigrenmek» duýgularyny aňladýar. Özi üçin keseki bolan zatlardan gaça durup gorkmak, aýratynam, ýaş bäbeklerde aýdyň görünýär.

Nätanyş zatdan we hadysalardan ätiýaçlylykdan gaça durup, olardan ýetmegi mümkin bolan howp-hatardan gorkmak adamdaky öz-özüni goramak aýratynlygy bilen bagly bolup, adatda sagdyn adamda bolýan halatdyr. Bular ýaly öz durmuşy, nesli, görnüşini keseki we näbelli howp-hatardan goramak, biologik gorky duýgusy haýwanlarda hem bar. Ksenofobiýa bu tebigy bol-

*«Biz, şonuň ýaly-da, dünýäniň dürli ýerlerinde antisemitizm we islamofobiýanyň güýçlenedigini, musaýy, musulman araplara gör0ф zulumkärlik, jynsparazlygy wagyz edýän hem-de olary kemsidýän taglymlara esaslanan tapawutlandyrmak hereketleriniň peýda bolýandygyny çuňňur alada bilen ykrar edýäris».*

**«Jynsy kemsitmäniň ähli şekillerini ýok etmek baradaky deklarasiýa»nyň 61-nji maddasy**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

madyk, adamdaky käbir nätanyş zada görä çenden artyk ýigrenç duýgusynyň emele gelmegi, nerw ulgamynyň hatardan çykmagy halatydyr.

Adamdaky şu psihologik aýratynlyk islendik täzelik, ol gowy ýa-da ýaman bolmagyna seretmezden, ondan çekinmek bilen kabul etmekden ybarat. Meselem, täzelik açyş edýänlerden Galileo Galileý (1564-1642), Nikolaý Kopernik (1473-1543) ýaly alymlaryň bütindünýä oýlap tapmalaryna bolan gatnaşygy mysal edip bileris. XIX asyrda ýerli halklaryň arasynda «Tünüke tam ýapylan öýe perişde girmeýär», «kartoşka — musulmanyň tagamy däl» ýaly fanatiklerçe pikirler ýaýran. Bu mesele barada aýdylanda ýylgyran bolýarys. Emma häzirki XXI asyrdaky siwilizasiýa proseleriniň çaltlanýan döwründe adamlaryň arasynda gowy täzelige görä gorky duýgusy ýitmeýär. Diňe gorkynyň obýekti üýtgeýär.



### TARYHA NAZAR

ABŞ-da XIX asyrda emele gelen «Ku-kluks-klan» topary gara bedenlilere garşy ak bedenliler milletçiligi hökmünde emele gelipdi. Bu topar tarapyndan gara bedenlilere görä geçirilen basyş we terrorçylyk hereketleri netijesinde jemgyýetde ep-esli birahatlyklar gelip çykdy. «Ak jynslylyk» ady bilen meşhur bolan bu gizlin topar ABŞ-da 1861-1865-nji ýyllardaky raýatlar urşundan soň günortaly öňki esgerler tarapyndan guralypdy. Olar tarapyndan nyşana alnan gara bedenli «gurbana» dub daragtynyň şaha-pudagy ýa-da apelsiniň tohumlary taşlap gidilýärdi. Bu belgini alan gara bedenli adam aýdylan işi etmegi ýa-da ýurdy taşlap çykyp gitmelidi. Ýogsam oňa gutulgysyz ölüm garaşýardy.

***Ку Клукс Клан. Белое движение в США. — Москва, 2001; McVeigh, Rory.***





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Ksenofobiýa jynsy ýa-da dini kemsitmelere sebäp bolýar.*

Dini ksenofobiýadan daşary etnik, milli, jynsy ksenofobiýa görnüşleri bar. Haýsy-da bolsa bir halka (etnosa) görä çekinmek, gorky bilen garaýyş we şu garaýyşlar bilen bagly hereketler etnik ksenofobiýanyň bir görnüşidir.

Häzirki günde köpçülikleýin habar serişdelerinde «terrorizm» we «yslam» sözleri juda köp halatlarda bilelikde ulanylýar, netijede yslamdan gorkmak — islamofobiýa düşünjesi emele geldi. Islamofobiýa adalgasy XX asyryň ahyrlaryndan ulanyşa girip gelen.

Islamofobiýanyň aňyýet tarapy şundan ybarat, ýagny munda bir tarapdan dünýewilik, ikinji tarapdan wyždan azatlygy prinsipleriniň käbir günbatar döwletlerinde doly tertibe salynmanlygynda görünýär.

Islamofobiýa käte «dini kemsitme» (dini diskriminatsiya) görnüşinde ýüze çykmagy mümkin. «Dini kemsitme» adamlary dini degişliligine görä, olaryň hak-hukuklaryny çäklendirmekden ybarat.

Dini ksenofobiýanyň görnüşleri başga jahan dinlerihe görä-de ulanylýar. Meselem, hristianlyk dinine görä erbet gatnaşyk «hristianofobiýa» sözi şeklinde, musaýylyk dinine görä «ýudofobiýa» jümlesi ulanylýar.

Köplenç jemgyýetdäki ksenofobiýanyň peýda bolmagyna köpçülikleýin habar serişdeleri sebäpçi bolýar. Çünki köpçülikleýin habar serişdeleriniň wekilleri köplenç şow-şuwa sebäp bolýan, adamlarda gyzyklan-

Adamyň psihologik halatlary bilen bagly bolan «fobiýa»laryň hem öz nobatynda birnäçe görnüşi bar. Hususan-da, «akrofobiýa» (beýiklikden gorkmak), «agorafobiýa» (adamlar gür ýerlerden gorkmak), «arahnofobiýa» (möýden we ş.m. mör-möjeklerden gorkmak), «astrafobiýa» (gök gürrüldisinden we ýyldyrymdan gorkmak), «klaustrofobiýa» (dar we ýapyk ýerlerden gorkmak) we başgalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Islamofobiýa** — jemgyýetdäki parahatçylyga we berkararlyga böwet bolýan dini ksenofobiýanyň bir görnüşi bolup, ol yslam dinine, oňa uýýanlara we şu din bilen bagly obýektlere we düşünjelere bir taraplaýyn, ýagny otrisatel taýdan çemeleşmäniň netijesidir.

ma oýarýan  maglumatlary tizlik bilen ýetirmäge çalyşýarlar. Munda haýsy-da bolsa bir millete, jynsa, dine degişli düşünjeleri we adalgalary erbet gatnaşyk oýarýan şekilde hödürlemek esasy rol oýnaýar.

Köpçülikleýin habar serişdeleri hataryndan birinji orunlardan birini eýelän internet häzirki günde yslam dini diýende esasan «uruş», «söweş», «goşun», «zulumkärlik», «basybalyjylyk» ýaly maglumaty berýär.

Meselem, yslamyň adyndan iş alyp barýan ekstremistik toparlaryň yslam çeşmelerini bozup, öz bähbitlerine laýyklykda düşündirmäge dyrjaşmalary, ikinji tarapdan bular ýaly öz bähbitleri ugrunda hiç hili mukaddes zady, ne din, ne halallygy, ne-de milleti we Watany hasap etmeýän toparlary «yslam» diýip atlandyrmak, olar alyp barýan gyrlyşyklary «yslamyň şertleri» hökmünde düşündirmek islamofobiýanyň güýçlenmegine getirýär.

Yslam dinine uýýan adam şu diniň mukaddes çeşmelerindäki garaýyşlara, olaryň gowy mazmunyna dogry aň ýetirmelidir. Musulmanlaryň özleri yslam çeşmeleri umumynsany gymmatlyklara garşy çykmaýandygyny düşünip ýetmeli bolýarlar. Yslam haýyrlylyk dini bolany sebäpli-de ony adalatly ýagdaýda düşündirmek talap edilýär. Ýogsam onuň mazmunyna putur ýetmegi we bu din barada çuňňur bilime eýe bolmazlyk adamda ol hakda ýaman düşünje döremegine  getirýär.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Dini ksenofobiýanyň gelip çykmagyna nähili faktorlar sebäp bolýar?
2. Islamofobiýanyň ruhyýete wehimi barmy? Pikiriňizi esaslandyryň.
3. Yslam dininiň ýagşylyk mazmuny barada pikir bildiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 21-§ DÜNÝÄ DINLERINDE PARAHATÇYLYK TAGLYMY

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. «Bir gün uruş-jenjel bolan ýerden kyrk gün bereket gidýär» diýen hikmetli sözleriň manysyny bilýärsiňizmi?
2. Uruş we bozgunçylyk nähili netijelere getirjegi barada oýlap görüň.
3. Parahatçylygy gorap saklamak üçin her birimiziň jogapkärligimiz nämede diýip oýlaýarsyňyz?

*Özara pikirdeş, dertdeş boluň, bir-biriňizi doganlarça söýüň. Bir-biriňize mähr-şepagatly we kemter boluň.*

***Täze Äht. Pýotryň birinji haty, 3-nji bap, 8-12***

Ylym-bilim, medeniýet, ykdysadyýet we başga ähli ugurlaryň ösmegi parahatçylyk, asudalyk bilen baglydyr. Şu sebäpli-de bu günki günde howpsuzlyk bütin dünýäde iň derwaýys meselä öwrüldi. Ýyl saýyn döwletler tarapyndan goranma ulgamy we harby ugra goýberilýän harajatlaryň barha artmagy pikirimizi tassyklaýar. Ýöne diňe häzirki zaman gural-ýaraglara eýe bolmagyň özi parahatçylygy üpjün etmeýär. Çünki häzirki zaman bozgunçy güýçler aç-açan söweş etmän, eýsem tötänden ýykgynçylyk amalyýetlerini ulanmak, harbylary däl, eýsem parahat ilaty nyşana almak ýaly nejis usullardan peýdalanýarlar. XX asyryň ikinji ýarymynda dünýäde 300-den artyk parahatçylyga howp döredýän dawalar bolanlygy-da gynançly ýagdaýdyr.

Islendik din öz dowamçylaryny parahatçylyga we adamperwerlige çagyrýar. **Hiç haýsy din nähak gan dökmek, uruş oduny ýandyrmak we bozgunçylygy wagyz etmändir.**

Hristianlyk dünýäde iň giň ýaýran din hasaplanýar. Taryhda şu dini nykap edip bozgunçylyk, gyrgynçylyk maksatlarynda peýdalanylandygy, «Haçly ýörüşler»,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Hiç kime ýamanlyk üçin ýamanlyk etmäň. Ähli adamlaryň gözüniň öňünde gowulyk etjek boluň.*

*Eger alajy bolsa, eliňiňizden geldiginden, ähli adamlar bilen agzybirlikde ýaşaň.*

***Täze Äht. Rimlilere hat, 12-nji bap, 17-18.***

«Inkwizisiýa» atlary astynda köp şäherlar weýran edilendigi, müňlerçe adamlaryň heläk bolandygy taryhdan mälim. Holbuki, hristianlykda hiç kimga ýamanlik qilinmaslik barada ta'lim beriladi. Bu din ham ähli dinler ýaly parahatçylykparwerlik, gowylik etmek we ýagşylyga çagyrýar.

Butparazlyk taglymatynyň özboluşly taraplary ähli janly zatlara muhabbet bilen garamagyň wagyz edilmeginde, akyl görkezmelerine berk boýun egmek we duýga berilmezlikde-de görünýär. Parahatçylyk söýüjilik we haýyrlylyk taglymlary butparazlygyň «Pança şila» (sanskritçe — bäş nesihat) kadasynda hem bar. Oňa görä buddist adam öldürmekden, ogurlykdan, ýalňyşmaklykdan, ýalan sözden, pýan ediji zatlardan saklanmalydyr. Bu dine uýýan her bir ruhany özgeleriň emlägine göz dikmezlik, birine ýigrenç bilen garamazlyk, adalat barada oýlamak, mynasyp adamlardan gowulygy aýamazlyk, ahlak hereket kadalaryna amal etmeli hasaplanýar.

Merkezi Aziýada emele gelen zarduştylyk dini hem özüniň parahatçylyk söýüjiligi bilen aýratyn tapawutlanypdyr. Bu «Awesto»da ýazylan «Gowy pikir, ýagşy söz, haýyrly amal» taglymatynda-da öz şöhlelenmesini tapan. Şolo bir wagtda, Widewdat kitabynyň ikinji bölüminde parahatçylygyň möhümligi barasynda pikirler bildirilen. Ýasna kitabynyň 12-nji bebynda her bir zarduşty özüni saklamaly bolan zatlar hatarynda çarwany



*Halkyň arasynda pitne turuzmak, töhmet we gybat etmek ýolundaky dyrjaşmalar, parahatçylygy we asudalygy hatardan çykarýan hadysalar ýada hereketler yslamyň mazmunyna umuman tersdir.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*«Özüňe azar ýetmesin diýseň, özgelere azar berme, başgalara azar berseň, özüň hem azar çekersiň. Hirsu höwes ähli bagtsyzlyklaryň sebäpçisidir. Wagtyň geçmegi bilen hemme zat özgerýär, şonuň üçin, hiç zada artykmaç göwün baglama, göwnüşni arassa sakla, hakykat we baky bagt gözle. Ýamanlyk etme, günäden saklan. Hemişe gowulyk et. Başgalary söýseň, özüň hem, başgalar hem bagtly bolarlar. Özgeleriň aýdanlaryny ret etme we garalama, özüňi bagtly etmek üçin özgeleri bagtsyz etmek ynsapdan däl».*

***Budda***



*Ahimsa — diňe bir adamlara däl, şu bilen birlikde ähli janly jandarlara görä-de zulum etmezlik.*

talamak, zyýan ýetitmek we weýrançylyk etmekden özüňi saklamak hem sanap geçilen.

Milli dinlerden bolan hinduilik we jaýnylykda parahatçylyk söýüji taglymlary «ahimsa» — güýç ulanmazlyk taglymatynda öz şöhlelenmesini tapypdyr. Oňa görä ýer ýüzünde bozgunçylyk etmek, diňe bir adamlara däl, eýsem ähli jandarlara-da azar bermek gadagan edilýär. Şol bir wagtda şu taglymat zulumkärlige zulumkärlik bilen jogap bermek, uruş edene garşy uruşmagy-da garalap çykýar.

Parahatçylyk taglymyna iň uly üns beren dinlerden biri yslam dinidir. Sebäbi, «Yslam» sözüniň manylaryndan biri-de parahatçylyk diýmekdir.

Parahatçylygy gadyrlamak, asuda ýaşamak üçin şukranalyk ony saklap galmagyň we berkitmegiň zerur

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Hiç oýlap görüpdiňizmi, siziň arkaýyn ýaşamagyňyz, mekdebe barmagyňyz, dynç almagyňyz, hezil edip telewizoryň garşysynda özüňiz halaýan zatlaryňyzy görüp oturmagyňyz üçin näçe adamlar özleriniň rahatyndan geçmelidirler?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

şerti hasaplanýar. Yslam taglymatynda meseläniň bu tarapyna-da aýratyn üns berlen.

Yslam dini taglymatynda ýokary nygmat bolan il-ýurt parahatçylygy, halkyň dynçlygyny gadyrlamak, gorap saklamak, oňa putur ýetirmekden saklanmak zerurlygy barada berk görkezme berilýär. Bu mesele yslam dininiň mukaddes çeşmelerinde möhüm orun eýeleýär.

Yslam taglymaty Alla tagalanyň beýik nygmatlary — parahatçylygyň we asudalygyň gadryna ýetmäge, hüşgär we ünsli bolmaga çagyrýar. Biperwaýlyk, ünssüzlik, biprhlyk, naşukürlik däl, eýsem berlen nygmaty ykrar etmek, onuň gadryna ýetmek, hormatlamak, aýawly saklamak şükranalygyň mazmunyny düzýär. Özara dawalary ýaraşmak, ylalaşmak ýoly bilen çözmegi, jemgyýetdäki parahatçylyga wehim döretmegi, basybalyjylygy we zu-

*Men saňa parahatçylygy köpeldip bererin, men parahatçylygyňy gaýtaryp bererin we goraryn. Meniň soltanlygymda ne sowuk şemal, ne gurakçylyk, ne azap we ne-de ölüm bolýar.*

***Awesto***





«Men Prezident hökmünde Amerikanyň halkynyň we öz adymdan kepillendirýärin, biz terrorizme we ekstremizme garşy berk göreş alyp barýarys, bu ýolda, haýsy din wekili bolmagymyza seretmezden, ählimiz birleşmelidiris. Ýer ýüzünde parahatçylygy saklamak we berkitmek iň esasy wezipämiz bolmaly, diýdi ABŞ-nyň Prezidenti.

Sammitiň münberinden ýaňlanan beýle gepler elbetde bize-de makul boldy. Şu nukdaý nazardan garanda, biz bu günki günde sosial-ruhy durmuşymyzy ösdürmek boýunça amala aşyrýan işlerimizi täze basgançaga galdyrmalydyrys, munuň üçin döwletimiziň we jemgyýetimiziň ähli güýçlerini we mümkinçiliklerini mobilizlemelidiris».

**Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň 2017-nji ýylyň 15-nji iýulynda «Sosial durnuklylygy üpjün etmek, mukaddes dinimiziň saplygyny gorap saklamak — döwür talaby» temasyndaky maslahatda sözlän sözünden**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Yslam dininiň mukaddes çeşmesi bolan Gurhany kerimiň «Bakara» süresi, 208-nji aýatynda: «Eý, iman getirenler! Uçdantutma parahatçylyk işine girişiň!» — diýilýär. Aýatdaky «uçdantutma» sözi düşündiriş kitaplarynda getirilmegine görä, bir tarapdan, ähli adamlaryň birleşen ýagdaýda parahatçylyk ýoluny tutmalydygy, ikinji tarapdan bolsa, ony berkarar etmek üçin nähili ýol bilen bolsa-da goşant goşmak zerurdygyny aňladýar. Şunuň bilen birlikde, Alla tagalanyň «Oňa (ýere) sag-aman, dynç-parahat giriň!» (Hijr, 46), diýen aýatynda jennetdäkileriň ebedi durmuşy parahatçylyk, asudalyk we saglykda geçýändigi nygtalýar. Diýmek, bu aýat parahatçylyk we amanlyk diňe bir bu dünýäde gadyrly bolman, eýsem jennetde-de juda beýik nygmatdygyny hem-de ýer ýüzi adamzadyň bolelin, özara agzybir we raýdaş ýaşamagy üçin ýaradylandygyny aňladýar.

lumkärligi dowam edýänlere görä berk we çalt çäreler görmek zerurlygy nygtalýar.

Parahatçylygy saklamak üçin her bir adam jogapkär, ony saklap galmak we berkitmek üçin her kim öz goşandyny goşmalydyr. Parahatçylyga garşy çagyryşlar käbir çäklerde birahatlyk, bikararlyk, gyrgynçylyk we ýykgynçylyklar höküm sürýän häzirki döwürde ýurdumyzdaky parahatçylygy-asudalygy üpjün etmek öz-özünden bolmaýandygyny aňmaga, özara ýene-de agzybir we jebis bolup ýaşamaga ündeýär.

*Iki nygmat bar bolup, köp adamlar onuň gadryna ýetmeýärler. Ol dynçlyk we saglykdyr.*

***Hadys***

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Özbegistan Respublikasynyň Daşary syýasatynyň prinsiplerinde parahatçylygy saklamaga gönükdirilen nähili prinsipler bar?
2. Dünýä dinleri taglymatynda parahatçylygy goramak taglymlary nähili düşündirilýär?
3. «Awesto»da nygtalýan «Gowy pikir, ýagşy söz, haýyrly amal» taglymatynyň parahatçylyk söýüjilige nähili gatnaşygy bar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 22-§ MISSIONERLIK – ÝAŞLARYŇ GELEJEGINE HOWP

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Missionerlik we prozelitizm barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Missionerleriň esasy maksatlary nämeden ybarat diýip oýlaýarsyňyz?
3. Özbegistanyň kanunlarynda missionerlik barada näme deýlipdir?
4. Missionerligiň jemgyýete nähili täsiri bar?

## SEKTALAR

Missionerlik dinleriň arasyndaky tebigy deňagramlylygyň bozulmagy, dinlerara gapma-garşylyklaryň gelip çykmagyna sebäp bolýan kanuna ters bolan nogsanlardan biridir. Bu gün käbir sektalar we toparlar missionerlik işini jemgyýeti içinden ýumurmak, betnebis maksatlara ýetmek ýa-da pul tapmaga gönükdirilendir. Olaryň bu işi müňlerçe adamlaryň, aýratynam, ýaşlaryň durmuşyna, saglygyna we ruhyýetine uly howp döredýär.

Aglaba sektalar «Watan» düşünjesini umuman inkär edýärler. Bu bolsa adamlarda Watandan kesekileşme, onuň tagdyryna görä parwaýsyzlyk we biprhlyk keýpiniň şekillenmegine getirýär.

Käbir missionerlik guramalary öz agzalaryna harby gulluga barmagy gadagan edýär. Bular ýaly taglymlara berk wepalylygyň talap edilmegi öz mazmunyna görä, milli howpsuzlyga gönüden-göni howp döredýär. Käbir sektalar bolsa «Bibliýa»daky käbir görkezmeleri adamkärçiliksiz mazmunda düşündirýärler.

Käbir sektalarda bir adamyň ganyny başgasyna guýmak günä hasaplanýar. Adam ýaşamagy üçin garaşyl-

**Sekta** — diňe özüni «hak din», adamlary «goldawa ýetirýän» diýip dawa edýän, aslynda bolsa belli bir syýasy we ykdysady maksatlary gözleýän topardyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

madyk ýagdaýlarda gan guýmak aýgytlaýjy ähmiýete eýedigini hasaba alýan bolsak, beýle taglym wagzy pajygaly netijelere getirýär.

Missionerleriň maksady belli bir halklaryň arasynda öz ygtykadyna görä şübhe döredip, ýuwaş-ýuwaşdan olarda öz ata-enesine, milletine, Watanyna ýigrenç oýarmakdyr.

## MISSIONERLIK USULLARYNYŇ KÄMILLEŞMEGI

Missionerler mekana we zamana uýgunlaşmak bilen öz usul we serişdelerini hemişe kämilleşdirip gelipdirler.

Hususan-da, soňky wagtlarda olar mälim bir sosial gatlagy bölüp alyp, şu gatlak bilen maksatly iş alyp barmaga ymtylýarlar.

Şol sanda, missionerler esasy ünsi gatyşyk millet wekillerinden ybarat maşgalalaryň agzalary, öň hiç bir dine uýmadyk, agyr kesele, aýralyga, maddy kynçylyga duçar bolan, ahlak düzediş edaralaryndan çykyp gelen, ýagny maddy we ruhy kömege mätäç adamlara gönükdirilýär.

Şunuň bilen birlikde, missionerler senagat kärhanalary ýerleşýän çäklerde işçiler we wagtlaýyn işsizler hemde hususy telekeçiler bilen işlemäge-de aýratyn üns berlip başlandyklaryny nygtamak zerurdyr.

Şonuň ýaly-da, sungat ugrunyň işgärleri, kitaphanaçylar, orta mekdep okuwçylary, dürli edaralaryň gullukçylary işeňňir missionerlik wgzynyň obýekti hökmünde saýlanýandygyny hem bellemeli. Munda sektanyň

### DÖREDIJILIKLI IŞ

Raýatlaryň aşakdaky borçlary çäklendirilmegi mümkinmi ýa-da haýsy ýagdaýlarda başga wezipe bilen çalşyrylýar?

*Özbegistan Respublikasyny goramak — Özbegistan Respublikasynyň her bir raýatynyň borjudyr.*

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 52-nji madda**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

täsirine düşen sungat işgäri sungatyň duýgy-emosional täsiriň güýjünden peýdalanyp, ygtykat taýdan basyş etmekde ýokary netijeliligi gazanmak mümkin bolsa, prozelit kitaphanaçyda bolsa «olja» hökmünde saýlananlar bilen ýekebara işlemäge mümkinçilik döreýär.

Agzalan mysallar hem missionerlik obýekti hökmünde saýlanýan gatlaklaryň çägi üznüksiz ýagdaýda barha giňelýändigini görkezýär.

Missionerler ulgamly wagyz işleriniň basyşyny amala aşyrmak, yzygiderli psihologik täsir etmek arkaly adamlary öz ygtykadyny özgertmäge mejbur edýärler. Olaryň beýle hereketleri ahyrky netijede adamlar we konfessiýalarara duşmanlyk keýpiniň şekillenmegine esas döredýär.

Geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň başlarynda, 1995-nji ýyla çenli gan guýulmanlygy üçin gurban bolan 3 315 sekta dowamçylary atma-at görkezilen memorial döredilipdi.

## MISSIONERLER WE ÇAGALAR

Missionerler özleri barada gowy düşünjäni şekillendirmek we şu ýol bilen öz işlerini giňeltmek maksadynda mekdep ýaşyndaky çagalar bilen işlemäge-de aýratyn üns berýärler. Şol sanda, çagalar üçin tomusky dynç alyş mesgenlerini guramak arkaly degişli ygtykat tälim-terbiýäni amala aşyrmakdan giň peýdalanylýandygyny

### DÖREDIJILIKLI IŞ

Iýegowo şehitleri tarapyndan 1930-njy ýyldan 1952-nji ýyla çenli (22 ýylyň dowamynda!) öz tarapdarlaryna keselleriň öňüni almaga gönükdirilen waksinasiyalary almagy, 1967-nji ýyldan 1980-nji ýyla çenli (23 ýylyň dowamynda!) deri we organlary göçürme geçirmegi gadagan edilip gelnendigi adamy geň galdyrýar. Olar tarapyndan 1944-nji ýylda kabul edilen başga biriniň ganyny guýdurmazlyk boýunça gadagan häzire çenli amal edip gelýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

nygtamak gerek. Beýle ugurdaky hereketler Özbegistanda-da bolýandygyny bellemek gerek.

*Hereket adamyň keşbini açyp beriji iň anyk serişdedir. Adam nähili hereket etse şeýledir.*

***Gegel***

Tomusky dynç alyş döwründe çagalary dynç alyş ýerlerine gysga möhletleýin alyp çykmak, buthananyň çäginde birnäçe smenaly, iň bolmanda 2 mahal nahal berilýän gündizki dynç alyş mesgenlerini guramak hem missionerler işeňňir peýdalanýan usullardan hasaplanýar.

Adatda, beýle amalyýet buthana gatnaýan raýatlaryň çagalary üçin guralandygy barada hemme ýerde açaçan yglan edilýär hem. Emma aslynda beýle hereketler «ygtykat terbiýesinden daşda galýan çagalar» üçin niýetlenendigi hiç kime syr däl.

Buthana ybadata gelýänler arkaly mähellelerde we mekdeplerde çagalar dynç alyş mesgenlerine mugt ýollanma barlygy, dynç alyş döwründe dürli gurnaklar iş alyp barmagy, çagalaryň dynç alşynyň mazmunly geçmegi, gadymy ýerlere syýahatlar guralmagy baradaky bildirişleriň ýaýradylmagy-da şeýle netije çykarmaga mümkinçilik berýär.

Missionerler ýaýradýan kitaplaryň içinde çagalar üçin niýetlenen «Injiliň» bolmagy bolsa daşardan garan adam üçin kiçi bir tötänlik duýulmagy mümkin, emma missionerleriň taktikasyndaky tebigy-kanuny ýagdaý hasaplanýar.

*Her kimki «meni bilimdan eken, diýsinler» diýen maksatda özünden danarak adam bilen jedelleşse öz nadanlygyny görkezen bolýar.*

***Saady Şerazy***

Buthanalarda çagalar üçin niýetlenen «ýekşenbe» mekdeplerini guramak, beýle mekdeplere çekilenleriň gatnaşmagynda dürli çäreleri geçirmek, öz sektalarynyň taglymaty bilen ýugrulan spektakllary goýmak we belli bir taýýarlykdan geçen terbiýelenýänlerden masihilige çagyrýan dürli edebiýatlary ýaýratmakda köp peýdalanmaga ymtylmagy-da çagalaryň arasynda alnyp barylýan missionerligiň özboluşly görnüşi hökmünde bellemek mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MISSIONERLIGE GARŞY GÖREŞ

Missionerlige garşy göreş meseleleri Özbegistan Respublikasynyň «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanuny bilen kesgitlenendir.

Kanuna görä «Bir dini konfessiýadaky dindarlary başgasyna girizmäge gönükdirilen hereketler (prozelitizm), şonuň ýaly-da başga islendik missionerlik işi gadagan edilýär. Şu kadanyň bozulmagyna günäkär bolan şahslar kanun resminamalarynda bellenen jogapkärlige çekilýärler» (5-nji madda).

Ýöne bu günki günde missionerler dünýä boýunça demokratik gymmatlyklaryň, adam hukuklarynyň egsilmes ähmiýýete eýe bolup barýanlygyndan hem öz maksatlary ugrunda ussatlyk bilen peýdalanmaga çalyşýarlar.

Meselem, missionerler köplenç «***Adam hukuklary Ählumumy deklarasiýasy***» hem-de ***«Raýatlyk we syýasy hukuklar barada halkara Pakt»***larda berkidilip goýlan käbir kadalara salgylanýarlar.

Munda her bir adam wyždan azatlygy hukugyna eýeligi, şu hukuk, şol sanda, öz dinini özgertmek, tagat-ybadat etmek, dini edim-gylymlary we dessurlary berjaý etmek azatlygyny öz içine alýandygy baradaky

*Ýaşlaryň aňynda nähili keýpiň üstünligini aýtsaň, men saňa soňky nesliň tebigatynyň nähili boljakdygyny aýdyp bererin.*

***Edmund Berk***





### DÖREDIJILIKLI IŞ

Berlen teksti «Talaba ýaşlar — missionerlik işiniň esasy obýekti» diýen pikir bilen baglap düşündiriň.

*«Bütin dünýäde uniwersitetlerde we kolležlerde 37 million talyp okaýar. Olaryň aglabasy 20 ýyldan soň iri wezipeleri eýelärler».*

**P. Jonstoun. «Dünýä operasiýasy»**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Teksti okaň. Döwlet raýatlara wyždan azatlygy hukugyny bermek bilen birlikde, bu hukugy amala aşyrmagynda olara nähili borçlar ýüklenýär? Pikiriňizi esaslandyryň.

*Raýatlar öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmakda başga şahslaryň, döwletiň we jemgyýetiň kanuny bähbitlerine, hukuklaryna we azatlyklaryna putur ýetirmeli däldirler.*

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 20-nji madda**

kadalary getirmek bilen öz işleriniň göýä kanunydygyny esaslandyrmakçy bolýarlar.

Ýöne şu resminamanyň 18-nji maddasynyň 2-nji bendinde ygtykady özgertmek mejbury hereketler bilen bagly bolmazlygy, 20-nji maddasynyň 2-nji bendinde bolsa **duşmanlyk we dini ganymlygy getirip çykarýan hereketler kanun bilen gadagan etmek zerur**lygy baradaky kadalar berkidilen.

Missionerleriň esasy maksady haýsydyr dini wagyz etmek ýa-da haýsydyr dini güýçsüzlendirmek däl, eýsem sizi bilen biz ýaşap duran ýurduň parahatçylygyna howp döretmek we ösüşini berbat etmekdir.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Sekta diýende näme düşünilýär?
2. Sektalar işiniň zyýanlary nämelerde ýüze çykýar?
3. Missionerler çagalaryň arasynda iş alyp baranda nämelere üns berýärler?
4. Özbegistan Respublikasynyň «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanunynda missionerlige nähili gatnaşyk bildirilen?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 23-§ «WYŽDAN AZATLYGY WE DINI GURAMALAR BARADA»KY KANUNYŇ MANY-MAZMUNY

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Hiç oýlap görenmisiňiz, Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda «Özbegistan Respublikasynda ähli raýatlar birmeňzeş hukuklara we azatlyklara eýe bolup, jynsyna, milletine, diline, dinine, sosial gelip çykyşyna, ygtykadyna, şahsyna we jemgyýetdäki ornuna seretmezden, kanunyň öňünde deňdirler», diýip bellenende nähili gymmatlyklar nazarda tutulýar?
2. Wyždan azatlygyny üpjün etmek babatda ýurdumyzda nähili amaly işler alnyp berylýar?

Konstitusiýamyzyň 31-nji maddasynda «Hemme üçin wyždan azatlygy kepillendirilýär. Her bir adam islän dine uýmak ýa-da hiç haýsy dine uýmazlyk hukugyna eýe. Dini garaýyşlary mejburlap siňdirmäge ýol berilmeýär», diýip berkidilip goýlan.

Şu kadany amala aşyrmak mehanizmi hökmünde kabul edilen Özbegistan Respublikasynyň «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanunyň 3-nji maddasynda wyždan azatlygy raýatlaryň islendik dine

*Kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary dini guramalara çekmek, şonuň ýaly-da olaryň ygtyýaryna, ata-eneleri ýa-da olaryň ornuny tutýan şahslaryň ygtyýaryna ters ýagdaýda dine okatmaga ýol berilmeýär.*

***Özbegistan Respublikasynyň «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanunynyň 3-nji maddasyndan***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

uýmak ýa-da hiç hili dine uýmazlykdan ybarat kepillendirilen konstitusion hukugydygy kesgitlenendir.

Oňa görä raýat özüniň dine, dine uýmaga ýa-da uýmazlyga, ybadat etmäge, dini edim-gylymlara we dessurlara gatnaşmak ýa-da gatnaşmazlyga, dini tälim almaga öz gatnaşygyny kesgitlän wagtynda ony ol ýa-da bu ýagdaýda mejbur etmäge ýol berilmeýändigi nygtalýar.

***Ata-enelar öz perzentleriniň dürli zyýanly akymlara girip gitmezligi ýaly meseleler üçin jogapkärdirler.*** Olar öz perzentleriniň ruhyýeti, şonuň ýaly-da, edep-ahlagy üçin jogapkär bolýarlar. Her bir ata-ene özleriniň milli gymmatlyklaryny çagalara dogry düşündirmelidirler.

Din we ygtykat meseleleri adam ruhyýetiniň aýrylmaz bölegi hasaplanýar. Şu meseleleriň many-mazmuny barada çuňňur we esaslandyrylan bilimlere eýe bolmak durmuş-amaly işi dogry guramaga hyzmat edýär.

Wyždan azatlygy we dini guramalar baradaky normalaryň kanunçylyga girizilmegi netijesinde diýarymyzda resmi taýdan iş alyp barýan ähli din wekillerine uly mümkinçilikler döredildi.

Kanunyň esasy maksady her bir şahsyň wyždan azatlygyny we dini ygtykat hukugyny, dine gatnaşygyna seretmezden, raýatlaryň deňligini üpjün etmek, şonuň

Dine uýmak ýa-da özge ygtykatlar azatlygy milli howpsuzlygy we jemgyýetçilik tertibini, diňe başga raýatlaryň durmuşyny, saglygyny, ahlagyny, hukugyny we azatlyklaryny üpjün etmek üçin zerur bolan derejede çäklendirilmegi mümkin.

***Özbegistan Respublikasynyň «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanunyndan***

## TARYHA NAZAR

1998-nji ýylyň 1-nji maýynda Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň XI sessiýasynda «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanunyň 23 maddadan ybarat täze redaksiýasy kabul edildi we bu kanun işläp taýýarlananda ýurdumyzyň özboluşly şerti, onda ýaşaýan ilatyň hukuklary we bähbitleri hem-de mentaliteti hasaba alyndy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Özbegistan Respublikasy demokratik prinsiplere sadyklygnyň aňlatmasy hökmünde döwletiň din we dini guramalar bilen özara gatnaşyklarda aşakdaky prinsiplere amal edýändigini yglan etdi:

- dindarlaryň dini duýgularyny hormat etmek;
- dini ygtykatlary raýatlaryň ýa-da olaryň bileleşikleriniň hususy işi diýip ykrar etmek;
- dini garaýyşlara amal edýän raýatlaryň hem, olara amal etmeýän raýatlaryň hem hukuklaryny deň kepillendirmek hem-de olary yzarlamaga ýol bermezlik;
- ruhy galkynyş, umumynsany ahlak gymmatlyklary berkarar etmek işinde dürli dini bileleşikleriň mümkinçiliklerinden peýdalanmak üçin olar bilen gatnaşyk etmek ýollaryny gözlemek zerurlygy;
- dinden bozgunçylyk maksatlarda peýdalanmaga ýol berip bolmaýandygyny ykrar etmek.

ýaly-da, dini guramalaryň işi bilen bagly gatnaşyklary tertibe salyp durmakdan ybarat.

Kanun «Raýatlyk we syýasy hukuklar baradaky halkara Pakt»da bellenen kadalary ykrar edýär.

Adam öz dinini we ygtykadyny üýtgetmegi köp halatlarda erbet netijelere getirýär. Aýratynam, beýle hereketler netijesinde maşgala gurşawynda ata-ogul, aga-ininiň hormatsyzlygyna getirýändigini hiç hili ýol bilen aklap bolmaýar. Şular ýaly taraplary hasaba almak bilen kanunçylykda beýle ýagdaýlara görä jogapkärlik hem bellenilen. Meselem, Özbegistan Respublikasynyň Administratiw jogapkärlik baradaky kodeksiniň 240-nji maddasynyň ikinji böleginde bir konfessiýa degişli dindarlary başgasyna girizmäge gönükdirilen hereketler (prozelitizm) we başga missionerlik işi üçin jogapkärlik bellenilen.

**Prozelitizm** — bir konfessiýa degişli dindarlary başgasyna girizmäge gönükdirilen hereketler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Biziň Konstitusiýamyzda we kanunlarymyzda, milletine, diline we dinine seretmezden, ähli raýatlarymyz deň hukuklara we azatlyklara eýedigi kepillendirilen. Olara öz milli medeniýetini, däbini we urp-adatlaryny saklamak, her taraplaýyn ösdürmek üçin ähli mümkinçilikler döredilen.*

**Şawkat Mirziýoýew**

Özbegistanyň kanunlarynda, şonuň ýaly-da, dini ekstremizm, separatizm we dogmatlyk taglymlary bilen ýugurlan çaphana neşirleri, kino, foto, audio, wideo önümleri we şular ýaly başga önümleri taýýarlamak, saklamak we ýaýratmak hukuk bozmadygy bellenen.

Netije çykaryp aýdanda, «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanunyň durmuşa geçirilmegi respublikamyzyň durmuşynda uly waka boldy. Şu ugra degişli amala aşyrylýan hukuk özgertmeleri netijesinde dini guramalary hasaba almak hem-de olara ýolbaşçylyk etmek, adaty däl dini akymlaryň ýaýramagynyň öňüni

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Berlen teksti üns bilen okaň we ony Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 2-nji maddasynda kesgitlenen şu kada bilen baglap düşündiriň: «Özbegistan Respublikasy öz çäginde ýaşaýan ähli milletleriň we halkyýetleriň dilleri, urp-adatlary we däpleri hormat edilmegini üpjün edýär, olaryň ösmegi üçin şert döredýär».

*«Samarkant şäherinde Sahypgyran Emir Temur döwründe gurlan, Daniýar pygamber ady bilen atlandyrylýan kümmet yslam, hristian we musaýylyk dini wekilleri tarapyndan birmeňzeş hormatlanýar.*

*Il-ýurdumyz näçe asyrlardan bäri bu mübärek zyýaratgähi aýawly saklap, abat edip, oňa hormat-yzzat edip gelýär».*

**Şawkat Mirziýoýew**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Berlen teksti üns bilen okaň. Döwletiň dini guramalara berýän mümkinçiliklerini bagrygiňlik prinsipleri esasynda pikir ýörediň.

*«Dini guramalaryň merkezi dolandyryş organlary dini maksatlara niýetlenen zatlary, dini edebiýatlary we dini mazmundaky başga habar materiallaryny Özbegistan Respublikasynyň kanun resminamalarynda bellenen tertipde işläp taýýarlamaga, eksport we import etäge hem-de ýaýratmaga haklydyr».*

**Özbegistan Respublikasynyň «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanunynyň 19-njy maddasyndan**

almak, dini bilim ulgamyny kämilleşdirmek, şonuň ýaly-da dini edebiýatlary çap etmek we ýaýratmak ýaly dini durmuşyň berkararlygyny üpjün etmäge gönükdirilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin zaman talaplaryna laýyk hukuk mehanizmi döredildi.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksiniň $216^2$-njy maddasyny okap, dini guramalar baradaky kanun resminamalaryny bozmagyň subýektiw taraplaryny düşündirip beriň. Şu jenaýatyň subýekti kimler bolmagy mümkin? Jenaýatyň obýekti näme?
2. Ýurdumyzda dini konfessiýalaryň arasyndaky parahatçylygy we agzybirligi goldamak üçin nähili çäreler amala aşyrylýar?
3. Özbegistan Respublikasynyň kanunlarynda prozelitizm üçin nähili jogapkärlik bellenen?
4. Taryh ylmyndan alan bilimleriňize daýanyp, raýatlaryň wyždan azatlygy nähili üpjün edilýändigi boýunça pikir bildiriň,
5. Wyždan azatlygy diýende nämäni düşündiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 24-§ ÖZBEGISTANYŇ DIN NYKABYNDAKY EKSTREMIZME WE TERRORIZME GARŞY GÖREŞDÄKI ORNY

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Hiç oýlap görenmisiňiz, ekstremistler näme üçin özleriniň betnebis maksatlaryny amala aşyranda dinden nykap hökmünde peýdalanýarlar?
2. Ekstremistleriň we terroristleriň esasy maksady näme diýip oýlaýarsyňyz?
3. Ekstremistleriň taglymlaryna dünýä dinleri wekilleriniň gatnaşygy nähili?
4. Adam aňynda peýda bolan boşluk ekstremistik taglymlara boýun egmegine getirýärmi?
5. Adam aňynda boşluk peýda bolmazlygy üçin näme etmeli?

*Kimki ýeriň merkezi üstünde gözegçilik ornatsa, ol Dünýä adasyna eýe bolýar, kimki dünýä adasynda gözegçilik ornatsa ol Jahanyň üstünden hökümdarlyk edip bilýär.*

***Jon Makkinder***

XX asyryň 90-njy ýyllaryna gelip dünýä syýasy kartasynyň özgerimegi, täze garaşsyz döwletleriň emele gelmegi, dünýä bileleşiginiň globallaşmagy we integrasiýalaşmagy, häzirki zaman halkara gatnaşyklarda täzeçe tertipleriň şekillenmegine itergi boldy.

Bu döwürde Merkezi Aziýa sebiti özüniň ykdysady we strategik ähmiýetine görä dünýäniň möhüm çägi hökmünde ykrar edildi. Muňa aşakdaky faktorlar sebäp bolýar:

- Merkezi Aziýa demirgazyk we günorta, gündogar we günbatary örän möhüm transport-kommunikasiýa ýollary bilen baglaýan çak hasaplanýar;
- Merkezi Aziýa çägi Gündogar we Günbatar siwilizasiýalary kesişýän hem-de yslam, hristian we butparazlyk dinleri jem bolan nokatda ýerleşen.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- Bu — sebitiň tebigy resurslara (nebit, gaz, altyn, uran we reňkli metallara we başgalara) baýdygy köpçüligi özüne jadyly heň ýaly çekýär.

Ynha şeýle maddy baýlyklara eýe bolmaga ymtylýan betnebis toparlar her bir mümkinçilikden peýdalanmaga, iň ýokary baýlygymyz bolan milli gymmatlyklarymyza we ruhyýtimize wehim salmaga çalyşýarlar.

Biz bu günki günde çylşyrymly zamanda ýaşaýarys. Soňky wagtlarda bütin dünýä ýurtlaryny dini ekstremizm we terrorizm aladalandyrýar. Dünýäniň dürli sebitlerinde dowam edýän ýerli uruşlar, harby gapma-garşylyklar we dawalar, terrorçylyk hüjümleri halkara howpsuzlyga wehim döredýär. Häzir dini ekstremizm we halkara terrorizm dünýä ýurtlary üçin diňe bir daşky däl, eýsem içki howpsuzlyga-da dahylly meselä öwrüldi. Çünki dini ekstremistik we halkara terrorçylyk guramalary söweşjeňlik usullary bilen häkimiýet üçin göreşýän toparlary şekillendirmek, olary her taraplaýyn höweslendirmäge we goldamaga çalyşýarlar.

Garaşsyzlyk gazanan Özbegistan Respublikasy fanatiklige, ekstremizme we terrorçylygyň sebitleýin we umumadamzat möçberindäki howplugyndan gelip çykyp, dünýä bileleşigi oňa garşy bilelikde göreşme-

**Dini ekstremizm —** jemgyýet üçin adaty bolan dini gymmatlyklar we dogmatiki garaýyşlar ulgamyny inkär edip, olara ters bolan «taglymlary» we amallary agressiw ýagdaýda wagyz etmekdir.

## TARYHGA NAZAR

Merkezi Aziýa döwletlerinde terrorçylyk hereketleri 1990–1996-njy ýyllarda Täjigistandaky raýatlyk urşy dowamynda, 1999–2001-nji ýyllarda Gyrgyzystanyň Botken welaýatynda, ýurdumyzyň çäginde 1990-njy ýylda Namanganda we Andijanda, 1999-njy ýylda Daşkent şäherinde, 1999–2001-nji ýyllarda Özbegistanyň Surhanderýa we Daşkent welaýatlarynda, 2004-nji ýylyň mart–aprel aýlarynda Daşkent şäherinde we Buhara welaýatynda, 2004-nji ýylyň iýul aýynda Daşkent şäherinde, 2005-nji ýylda Andijanda boldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Berlen teksti üns bilen okaň. Ondaky halkymyza ozaldan mahsus bolan bagrygiňlik däpleri barada pikir bildiriň:

*«Biziň döwletimiz köp milletli we köp konfessiýaly döwlet. Bu günki günde ýurdumyzda 130-dan artyk millet we halkyýet wekilleri bir maşgalanyň perzentleri ýaly agzybirlikde ýaşaýarlar. Bu babatda, hiç şübhesiz, halkymyza ozaldan mahsus bolan bagrygiňlik däpleri möhüm rol oýnaýar».*

lidigi baradaky taglymy dünýäniň abraýly guramalary münberlerinden yglan edildi. Hususan-da, Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimow 1993-nji ýylyň 28-nji sentýabrynda BMG Baş Assambleýasynyň 48-nji sessiýasynda eden çykyşynda dünýä bileleşigini Owganystan meselesini üznüksiz öwrenmäge we çözmäge çagyrdy.

Özbegistan dini ekstremizme we terrorizme garşy göreş babatdaky hukuk prosesleri tertibe salmak, ekstremistik taglymlaryň ýaýramagynyň öňüni almak üçin özüniň içeri syýasatynda-da degişli çäreleri amala aşyryp gelýär.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy hem-de 1998-nji ýylyň 1-nji maýynda täze redaksiýada kabul edilen «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanunda şu ugurdaky işleriň hukuk esaslary jemlenmegi bilen birlikde din nykaby astynda ekstremistik taglymlaryň ýaýramagy çäklendirildi.




*2001-nji ýylda terrorçylyk netijesinde bozulan minaralaryň ornuna gurlan milli memorial we muzeý. Nýu-Ýork*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Dogmatizm** (arap. *akyda* — ynam) belli bir şertde, haýsy-da bolsa bir taglyma ýa-da prinsipe berk ynam we ony absolýutlaşdyrmak esasynda şekillenen kadalary we tertibleri hem-de olary şerti, halaty, ýagdaýy hasaba almazdan, köre-körlük bilen ulanmagy we çalyşmagy aňladýar.

**Ekstremizm** (ekstremizm — fransuzça *extremisme*, latynça *extremus* — ýiti, soňky) jemgyýetde kabul edilen belli bir kada-kanunlara ters bolan taglymlary wagyz etmek we olary amala aşyrmak.

Respublikamyz ekstremizm we terrorizm hem-de ony maliýeleşdirmek bilen aýrylmaz bagly bolan narkobiznese we narkotrafike garşy göreşde-de berk syýasat alyp barýar. 1999-njy ýylda «Neşekeşlik serişdeleri we psihotrop maddalar barada»ky, 2000-nji ýylda «Terrorizme garşy göreş barada»ky we 2006-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan amala girizilen «Jenaýatçylykly işden alnan girdejileri legallaşdyrmaga we terrorizmi maliýeleşdirmäge garşy göreşmek barada»ky kanunlaryň kabul edilendigi-de pikirimizi tassyklaýar.

Geçen ýyllaryň dowamynda respublikamyz terrorçylyga garşy göreş bilen bagly ençeme halkara resminamalary ratifikasiýa etdi. Şol sanda, 2000-nji ýylyň 24-nji aprelinde Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň başlangyjy bilen Daşkent şäherinde bolup geçen Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan we Özbegistan döwletleriniň ýolbaşçylary tarapyndan gol çekilen, terrorçylyk ýaly gaty agyr jenaýaty düýbi-damary bilen gyrkyp taşlamaga gönükdirilen ylalaşyk hem-de edil şu ýylyň 21-22-nji iýun günleri GDA

ABŞ döwlet departamentiniň maglumatlaryna görä, ýer ýüzünde ýylyna 10 müňden gowrak terrorçylyk hereketleri amala aşyrylýar.

70 müňden artyk adam şeýle hereketler netijesinde biwagt aradan çykýar — mundan 80% ini kämillik ýaşyna ýetmedik ýaş çagalar düzýär.

Halkara statistik maglumatlara görä, häzir dünýä möçberinde 500-den artyk terrorçylyk guramasy bar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Berlen teksti okaň uruşlar nähili netijelere getirýändigi barada pikirleniň.

*Uruşda ýeňiji we bagtly patyşa, ýeňiji we bagtly goşun, ýeňiji we bagtly döwlet, ýeňiji we bagtly gurluş bolmagy mümkin. Emma ýeňiji we bagtly adam bolmaýar. Sebäbi, uruş adamy adam öldürmäge mejbur edýär. Adam öldüren adam bolsa hiç haçan bagtly bolmaýar.*

***Ötkir Haşimow, «Depderiň gyrasyna ýazylan ýazgylar»***

döwletleriniň ýolbaşçylarynyň Moskwada bolup geçen duşuşygynda şu mesele boýunça möhüm resminama gol çekildi.

Şonuň ýaly-da, Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi tarapyndan «Genosid jenaýatynyň öňüni almak we ony edenlik üçin jezalandyrmak barada»ky (1961-nji ýylyň 12-nji ýanwaryndan güýje giren), «Hakyna tutma jenaýatçylary hakyna tutmak, olardan peýdalanmak, maliýe taýdan üpjün etmek we okatmaga garşy göreş barada»ky (1989-njy ýylda kabul edilen), «Bombaly terrorizme garşy göreş barada»ky (1997-nji ýyl 16-njy dekabr), «Plastik partlaýjy maddalary tapyp bilmek maksadynda olary markirowka etmek barada»ky (1991-nji ýyl) we başga ençeme halkara konwensiýalar hem ratifikasiýa edilen.

Respublikamyz tarapyndan terrorçylyga garşy amala aşyrylýan bular ýaly çäreler parahatçylygy saklamakda uly ähmiýete eýe. Aýratynam, ençeme döwlet edaralary, şol sanda, goranma, adatdan daşary ýagdaýlar we içeri işler ministrlikleri, milli howpsuzlyk gullugy, araçäk, gümrükhana we prokuratura edaralarynyň terrorçylyga garşy göreşdäki işini ulgamly ýola goýmak bu günki günüň talabydyr.

Respublikamyz terrorizme garşy gönükdirilen ençeme halkara şertnamalary ratifikasiýa edip, olardaky borçnamalary yzygider ýerine ýetirip gelýär. Şunuň bilen birlikde, bu meselelerde özüniň başlangyçlaryny öňe sürýändigini hem aýratyn nygtamak zerur.

Mälim bolşy ýaly, BMG-nyň terrorizmiň öňüni almak we oňa garşy göreşe gönükdirilen 13 sany resminamasy (11 Konwensiýa we 2 protokol) bar. Häzir Özbegistan 12 sany ine şeýle halkara şertnamany ratifikasiýa etdi. Olardan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1971-nji ýyldaky «Raýat awiasiýasy howpsuzlygyna howp salýan bikanun aktlara garşy göreş barada»ky; 1973-nji ýyldaky «Halkara goragdan peýdalanýan şahslara, şol sanda diplomatiýa agentlerine garşy jenaýatlaryň öňüni almak we şeýle jenaýatlar üçin jezalandyrmak barada»ky; 1979-njy ýyldaky «Adamlary girewe almaga garşy göreş barada»ky; 1980-nji ýyldaky «Ýadro gurluşlaryny we ýadro materiallary fiziki goramak barada»ky; 1988-nji ýyldaky «Deňiz gämiçiligi howpsuzlygyna höwp döredýän bikanun aktlara garşy göreş barada»ky; 1997-nji ýyldaky «Bombaly terrorizme garşy göreş barada»ky; 1999-njy ýyldaky «Terrorizmi maliýeleşdirmäge garşy göreşmek barada»ky halkara konwensiýalarynyň bardygyny görmek mümkin.

Bu günki günde BMG tarapyndan «Ýadro terrorizmi hüjümlerine garşy göreş barada»ky halkara konwensiýa we «Terrorizme garşy göreş boýunça umumy konsepsiýa» taslamasyny taýýarlanýandygy Özbegistan Respublikasynyň terrorizme garşy göreş babatdaky başlangyçlaryna mysaldyr.

Özbegistan Ýewropa Geňeş çäginde-de terrorizme garşy göreşe gönükdirilen 7 sany halkara şertnama gol çekdi.

Özbegistan Respublikasy ekstremizme we terrorizme garşy göreş meselelerinde Garaşsyz Döwletler Arkalaşygy, Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasy, Ýewraziýa ykdysady hyzmatdaşlygy guramasy, Yslam hyzmatdaşlyk guramasy we başga halkara guramalar çäginde-de işeňňir gatnaşýar.



## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Halkara terrorizm meselesi häzirki döwrüň derwaýys global meselelerinden birine öwrülmegi haýsy sebäpler bilen bagly?
2. Dini ekstremizmiň esasy aýratynlyklary nämelerden ybarat?
3. Jemgyýeti dini-ekstremistik taglymlaryň täsirinden goramak üçin nähili teklipler bildiren bolardyňyz?
4. Ruhy gymmatlyklary gorap saklamak näme üçin gerek?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GOŞMAÇA OKAMAK ÜÇIN

- 1993-nji ýylda BMG-nyň 48-nji sessiýasynda Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimow tarapyndan sebitleýin howpsuzlygy berkitmek hem-de ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk we ýaragsyzlanma boýunça teklipler girizildi.
- 1995-nji ýylda BMG Baş Assambleýasynyň 50-nji sessiýasynda Özbegistan Owganystana gural-ýarag girizmäge garşy halkara embargo goýmak taglymy bilen çykdy.
- 1997-nji ýylda ýurdumyzyň başlangyjy bilen 6+2 (Eýran, Hytaý, Pakistan, Täjigistan, Türkmenistan, Özbegistan, ABŞ we Russiýa) şeklindäki gepleşik topary iş alyp bardy.
- 1999-njy ýylda «Owganystandaky meseleleri parahat ýol bilen çözmek prinsipleri barada»ky Daşkent deklarasiýasyna gol çekildi.
- 2008-nji ýylda NATO guramasynyň Buharest sammitinde Owganystan dawalaryny bilelikde syýasy ýol bilen çözmek, ykdysady kömek etmek maksadynda Gepleşik toparynyň işi 6+3 (NATO gatnaşmagynda) şeklinde ýüze çykdy.
- 1999-njy ýylda Ýewropa howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň Stambul sammitinde Özbegistan tarapyndan teklip edilen Terrorizme garşy göreş boýunça Halkara merkezi döretmek taglymy 2001-nji ýylyň sentýabrynda BMG Howpsuzlyk geňeşi çäginde antiterror komitetiniň döredilmegi bilen özüniň tassyklamasyny tapdy.
- 2002-nji ýylda Islam Karimowyň teklibi bilen neşekeşlik serişdeleri we psihotrop maddalary kanuna ters ýagdaýda dolanyşykda bolmagyna garşy göreş boýunça Merkezi Aziýada sebitleýin informasion laýyklaşdyryjy merkezi döredildi.
- 2014-nji ýylyň 6-njy maý güni BMG döredilenden soň ilkinji gezek bäş ýadroly döwlet ABŞ, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Hytaý we Russiýa agzybirlik bilen möhüm halkara resminama — Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zona döretmek baradaky şertnama gol çekdiler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 25-§ KIBERMEKANDA DIN WE MAGLUMAT ULANYŞ MEDENIÝETI

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. «Kimki magluma eýe bolsa, dünýä eýelik edýär» diýen pikire siz nähili düşünýärsiňiz?
2. Internetdäki resmi we resmi däl maglumatlar diýende nämäni düşünýärsiňiz? Resmi däk maglumatlara nähili ynanýarsyňyz?
3. Ýalan habar ýaýratmak, biriniň dynçlygyny bozmak milli gymmatlyklarymyzda nähili bahalanýar?
4. Siziň mobil telefonyňyza ýa-da elektron poçtaňyza näbelli şahslar tarapyndan iberilen habara gatnaşygyňyz nähili?

## KIBERMEKAN

Bu günki günde Internet arkaly edilýän jenaýatlar köp bolýar. Olar kibermekanda özleri üçin «hin gurup» ayp, global möçberde sosial-ykdysady we aňyýet howplaryň emele gelmegine sebäpçi bolýar.

«Kibermekan» düşünjesi birinji gezek 1982-nji ýylda ulanyşa girizilen. Kibermekan «kibernetika» we «mekan» sözleriniň birleşmeginden ybarat.

Kibernetikanyň tehniki esasyny elektron hasaplaýyş maşynlary — kompýuterler düzýär. Kibermekan habar ibermek we kabul etmek arkaly dürli prosesleri dolan-

*Adamyň ähli eşidenlerini gepläbermegi onuň ýalançylyga ýeterli delildir.*

***Hadys***

**Kibernetika (grekçe, dolandyryş sungaty)** — maglumaty kabul etmek, ony gaýtadan işlemek hem-de ondan dürli prosesleri dolandyrmakda peýdalanmek bilen meşgullanýan ylym.

**Habar —** düşünjäniň şekline seretmezden şahslar, wakalar we prosesler baradaky maglumat.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dyrmagyň we olara täsir etmegiň iň amatly serişdesine öwrüldi.

Bu günki günde global howp bolan terrorçylyk internet älemine-de girip baryp, kiberterrorçylyk adalgasy emele geldi.

Kiberterrorçylar informasion tehnologiýalaryndan peýdalanyp, syýasy, dini we aňyýet taýdan täsir etmäge çalyşýarlar. Bu prosesde köplenç hakerleriň hyzmatyndan peýdalanylýar.

Hakerler dünýäniň köp ýurtlarynda döwlet edaralarynyň, maliýe ulgamlarynyň, halkara guramalaryň maglumat gorlaryna hüjüm gurap, tertipsizlikleri getirip çykarýar.

Kiberterrorçylar ýetginjek ýaşlaryň gyzyklanmasyna garap, olary dürli wideogörnüşleri we fotosuratlary tomaşa etmäge çekýärler. Munuň bilen bolsa milli we umumynsany gymmatlyklara putur ýetirmäge çalyşýarlar. Netijede mangurt adamlary şekillendirmek arkaly döwletlerde parahatçylyk we berkararlyk gurşawyny hatardan çykarýarlar.

Kiberterrorçylar öz maksatlaryny amala aşyrmakda dini faktordan peýdalanyp, adamlaryň kalplaryny eýelemäge çalyşýarlar. Munda dini düşünjeleri nädogry düşündirmek arkaly mälim bir çäkde fanatiklik keýpini şekillendirmek esasy maksat hasaplanýar.

## MAGLUMAT

Globallaşma şertinde maglumatlaryň häzirki zaman serişdeler arkaly çaltlyk bilen ýaýrap barýar. Internet ulgamy arkaly ýaýradylýan habarlara we maglumatlara dürli syýasy gadagan etmeler, döwlet araçäkleriniň böwet bolup bilmezligi uly maddy we ruhy howpuň ge-

**Informasiýa** — (lat. informatio — düşündirmek, mälim etmek) — kibernetikanyň esasy düşünjelerinden biri bolup, görkezijileriň, maglumatlaryň, habarlaryň toplumy we ş. m.

**Maglumat ulanyş medeniýeti** — adam ruhyýetini hatardan çykarmaga gönükdirilen maglumatlara garşy ruhy-aň güýjüdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lip çykmagyna sebäp bolýandygyny ençeme döwletleriň mysalynda görüp bileris.

Resmi däl habarlarda bozgunçy taglymlar wagyzy we terrora çagyryşlar gaty köp duşýar. Şonuň üçin hem bu günki günde her bir şahsda maglumat ulanyş medeniýetini ýokarlandyrmak durmuş zerurlygyna öwrüldi.

Sebäbi, häzirki zaman ylmy-tehniki öwrülişik jemgyýetçilik durmuşynyň maddy esaslaryny tertibe saldy. Halklaryň durmuş derejesini olar ýaşaýan çäk ýa-da ondaky ýer resurslary däl, eýsem maglumat, intellektual ýa-da ruhy mümkinçilikleri kesgitläp berip başlady.

**Informasion wehim** — habar täsiriniň real howpy.

**Informasion howp** — mälim bir syýasy we sosial güýçleriň şahs, jemgyýet we döwlet bähbitlerine real informasion täsiri.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Berlen teksti okaň we olaryň mazmunyny maglumat ulanyş medeniýeti düşünjesi bilen düşündirmäge çalşyň.

*«Eý möminler! Eger size käbir ahlaksyz kimse habar getirse, siz (hakyky ýagdaýy) bilmedik ýagdaýyňyzda käbir kowma azar ýetirip, (soň) eden işleriňize puşman etmezligiňiz üçin (ol habary) anyklap (barlap) görüň!»*

**Gurhany kerim. Hüjürat, 6-njy aýat.**

*Her kim pikirlenme, söz we ygtykat azatlygy hukugyna eýe. Her kim özi islän maglumaty gözlemek, almak we ony ýaýratmak hukugyna eýe, amaldaky konstitusion gurluşa garşy gönükdirilen maglumat we kanun bilen bellenen başga çäklendirmeler muňa degişli däl.*

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 29-njy madda**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Maglumat ulanyş medeniýeti** — ýagşylyga we ösüşe hyzmat edýän maglumatlary maglumat dünýäsinden seçip almakdaky bilimler, ukyp we başarnygy özünde jemleýär.

## ADAM AŇY ÜÇIN GÖREŞ

Adam aňyny ýat we keseki taglymlar bilen zäherlemek, käte ony saýlan sagdyn durmuş ýolundan sowlup gitmegine getirýän habarlar hut resmi däl çeşmeler tarapyndan ýaýradylýar.

Maglumat hüjümleri netijesinde dürli döwletler araçäkleriniň eldegrilmesizligi bozulmagyna çenli barylýandygy bu günki günde ayyýet poligonlary ýadro poligonlaryndan hem köpräk güýje eýedigini subut edýär. Maglumat urşunyň esasy maksady şahsyň ýa-da ýurduň dynçlygyna wehim döretmek bilen, basyş etmekden ybarat.

## WIRTUAL GEPLEŞIK

Wirtual gepleşik serişdeleri dürli görnüşdäki faýllary we habarlary çalyşmak maksadyndadüzülen.

Häzirki günde wirtual gepleşik serişdeleri arkaly iberilýän maglumatlar diňe başgalary haýran galdyrmaga

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Şu ýagdaý derňäň.

*Köpden bäri bir-biri bilen görüşmedik Adham we Akbar atly dostlar duşuşypdyrlar. Adham dostuna şu ýakyn arada oňat milli tagamlar aşhanasy bar, Wi-Fi hem mugt diýip dostuny bilelikde naharlanmaga teklip etdi. Olary tämizje geýnen aşhana işgäri garşy aldy. Adham aşhana işgärinden Wi-Fi ýakyp bermegi sorady. Telefonlar jahan maglumat setine çatyldy. Buýrulan tagam getirildi. Iki dost tagamyň üstünde telefonlaryna iberilen suratlary görmek, ýomaklary okamak bilen bolup oturdylar. Olar garbanyp bolup, köçä çykjak bolanda, telefon belgilerini ýazyp aldylar we bir-birlerine telegram arkaly habar ýazyp durmaga ylalaşdylar.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



esaslanýar we onuň dogry ýa-da nädogrudygy ähmiýetsizdir. Munda, köplenç, esassyz maglumat ýaýradylyp, şu ýagdaýy ýüzlerçe, müňlerçe adamlar özleriçe ara alyp maslahatlaşýarlar.

Sagdyn akyl eýeleri internetiň amatlyklaryndan öz bilimlerini artdyrmak ugrunda akylly-başly peýdalanýarlar. Ýöne käbir ýaşlar şu pudakdaky ýowuzlyga, ruhy peslige sebäp bolýan saýtlarda «seýil edip», özleriniň we töweregindäkileriň aňyny zäherleýärler.

*Maglumat guraly, konkret, mahsus saýlanan möhüm obýekt ýa-da ondaky zerur bölegi hatardan çykarmaga gönükdirilen ýokary takyklyga eýe harby serişdelerden tapawutlylykda, bütin harby, ykdysady ýa-da sosial ulgamy hatardan çykarmak aýratynlygyna eýe.*

***W. Slipçenko***

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Maglumat howpy diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Maglumaty dogry kabul etmek üçin nähili amallary ýerine ýetirmeli?
3. Resmi däl habarlar nämesi bilen howply?
4. Siziň durmuşyňyza nähili informarsion howp ýa-da informasion wehim täsir etmegi mümkin? Jogabyňyzy esaslandyryň.
5. Telegram arkaly «işleriňiz gowy bolmagyny isleseňiz şu habary on sany adama iberiň, ýogsam...» diýen habar aldyňyz. Bu habara we tabşyryga gatnaşygyňyz nähili bolar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 26-§ DINLERDE DURMUŞYŇ GADYRY

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. «Durmuş — bibaha nygmat» hikmetini düşündiriň.
2. Diri jana azar bermezlik baradaky nakyllar hem-de ata-babalarymyz tarapyndan aýdylan hikmetleri ýada salyň.
3. Orta asyrlarda öz janyna kast edenlere nähili gatnaşykda bolupdyrlar?
4. Näme diýip oýlaýarsyňyz, yslam dininde öz janyna kast edenlere jynaza okalmaýanlygynyň sebäbi nämede?

Ähli dinlerde ýaşaýşyň adamlara Hudaý tarapyndan berlendigi we ondan netijeli peýdalanmalydygy nygtalýar. Şu sebäpli-de her bir din öz taglymatynda zorluk, rehimsizlik, özüne we özgeleriň janyna kast etmegi, parahat ilata zulum ýetirmegi we gan dökmegi berk gadagan edýär.

*Käbir din agzalary garaşylmanda janly jandar girip gitmezlgi we ony öldürip goýmazlyk maksadynda hatda agyzlaryny daňýarlar, tötänden aýaklary bilen garynjalary basmazlyk üçin aýaklarynyň aşagyny süpürip gezýärler.*





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÜNÝÄ DINLERINDE DURMUŞA ÇOZUŞ ETMEGIŇ ÝAZGARYLYŞY

Dünýä dinleriniň içinde iň giň ýaýran hristianlyk dini öz janyna kast etmegi berk ýazgarýar, çünki adamyň näçe ýyl ýaşamagy Hudaý tarapyndan kesgitlenip, tagdyrdan gaçmak diýip garalýar. Şeýle adamlaryň ruhuny päklemek we mazara jaýlamak gadagan edilýär. Orta asyr günbatar döwletlerinde munuň öňüni almak üçin öz janyna kast edenler berk ýazgarylýardy. Öz janyna kast edip, diri galanlary bolsa, ganhor hökmünde gaty agyr işlere sürgün edilýärdi. Olar merkezi köçelere aýagyndan asyp goýulýar, ýüregine agaç gazyk kakyp, çatryga gömýärdiler, ölen haýwanlary hem ýanyna goşup goýardylar.

Meselem, Fransiýanyň patyşasy Lýudowik XIV döwründe öz janyna kast edeniň bedeni ýüzi ýere garan halatda köçeler arkaly zemmerde süýrelip, asylyp, soň gassaphana taşlanýardy.

Hristianlyk dininiň prawoslaw ýönelişinde öz janyna kast etmek — ganhorluk we umytsyzlyk edeni üçin agyr günälerden hasaplanýardy. Şu işe el uran adamyň jaýlanma dessurynda marsiýa (otpewaniýe) okalmaýar. Eger öz janyna kast edijiniň akly çaşan bolsa muňa degişli däl. 1950-nji ýyllara çenli öz janyna kast edenler gonamçylykdan daşarda gömlüpdir. Bularyň ählisi öz janyna kast etmegiň agyr günäligini bildirmek hem-de özgeleri duýdurmak üçin edilen.

Injiliň «Haworiýler işi» kitaby 16-njy bap, 28-nji hatarda öz janyna kast etmezlik barada aşakdaky sözleri görmek mümkin: «Ýöne Pawlus beýik sesde gygyryp: — Zinhar öz janyňyza kast etme», diýdi».

*Heläkçilige eltýän ýedi günäden saklanyň:*
*1) Alla Tagala şek ýetirmek;*
*2) jady işleri bilen meşgullanmak;*
*3) birini nähak öldürmek;*
*4) süýthorluk;*
*5) ýetimleriň zadyny iýmek;*
*6) ýow bilen bolaýan söweşden gaçmak;*
*7) ärli, mömin aýal, asylly aýallary jelep diýip käýmek.*

***Hadys***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Butparazlykda bolsa öz janyna kast etmek adamyň ýaşaýşa görä eden gadyr bilmezligi hökmünde bahalanypdyr.

Gadymky slawýan halklarynda öz janyna kast edenleri «bozuklar» diýip atlandyrypdyrlar. Beýle adamlaryň ruhy dirilere azar berýär, bela getirýär, azaba goýýar diýip ynanypdyrlar. Özge adamlara zyýan ýetirmesin diýip olaryň guburyna dagderek taýagyny kakypdyrlar.

Şonuň ýaly-da, Hytaýda hem öz janyna kast etmek ýazgarylýar. Hytaýlylar öz janyna kast edeniň ruhy asmana göterilmezden janyna kast eden öýünde galýandygyna we maşgala agzalaryna şowsuzlyk, bela-apat getirýändigine ynanypdyrlar.

## YSLAM DININDE DURMUŞYŇ GADYRLANYŞY

Yslam dininde begünä adamlaryň ganyny nähak dökmek uly günädigi nygtalyp, beýle nejis iş adamzada edilen hüjüm hasaplanýar.

Gurhany kerimde adam özüniň ýaşamak hukugyna hüjüm etmegi-de gadagan edilip: «Bir-biriňizi nähak öldürmäň! Elbetde, Alla size rehim-şepegetlydyr» (Nisa süresi: 29–njy aýat), diýip duýdurylan.

Muhammet (s.a.w.) Hadysy şeriflerde öz-özüni öldürmegiň haramdygy, beýle işi eden adama ahyretde ebedi azaplar bardygy barada aýdyp geçipdir. Hususan-da, Jundub ibn Abdullahdan rowaýat edilen aşakdaky hadysda şeýle diýilýär:

«Rasulullah (s.a.w.) şeýle diýýärler: «Sizden öňküleriň içinde ýaraly bir adam bardy. Kakyny tutup, pyçagy alyp elini kesdi. Gan togtamady we şu sebäpli aradan çykdy. Alla tagala aýtdy: «Bendäm nebsini menden howlukdyrdy. Men oňa jenneti haram etdim».



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Rasulullah (s.a.w.) öz janyna kast eden adamyň jynazasyny okamazlygy buýrupdyr diýilýär, bu bolsa şu işiň nähili derejede ýamandygyny delillendirýär. Şoňa görä, yslam çeşmelerinde özüni öldüren adama metjidiň imamy jynaza okamagy mümkin däl, diýlen.

Abu Huraýra (r.a.)dan rowaýat edilen Hadysy şerifde: «Kimki dagyň depesinden taşlap, öz-özüni öldürse, ölenden soň jähennemde-de şu hil azaba giriftar bolýar. Eger zäher içip özüni özi öldürse, jähennemde hem ebedi şu azaba duçar bolýar. Kimki özüni demir parçasy bilen öldürse, ol adam demir parça garnyna sokulan ýagdaýda jähennem odunda ebedi galar», diýip aýdypdyrlar (Ymam Buhary we Ymam Termizi rowaýaty).



Yslam taglymatyna görä ýaşaýyş nygmaty adama Alla tagala tarapyndan berilýär. Bu nygmatyň gadryna ýetmek, her sagat, her minutda haýyrly we sogaply işleri etmek talap edilýär.



Häzir käbir toparlar we şahslar «özüni öldürmek» düşünjesini şehitlik bilen garyşdyryp düşündirýärler.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Suratlara üns bilen garaň we aşakdaky soraglara jogap beriň.
Suratlardaky zatlara näme üçin gadagan belgisi goýlan? Olaryň adamyň saglygyna nähili erbet täsiri bar?
2. Siz öz saglygyňyzy saklamaga nähili üns berýärsiňiz?
3. Adam öz saglygyna ünssüz bolmagy nähili netijelere getirýär?
4. Saglygyna zyýan bolýan işleri ýerine ýetirmek, saglygyna üns bermezlik, lukmançylyk medeniýetine amal etmezlik düşünjeleri bilen öz janyna kast etmek düşünjesini baglap görüň. Beýle halatlara diniň gatnaşygy nähili?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Şehit» Alla tagalanyň sypatlaryndan biri bolup, «şaýatlygy ynamly, hemişe taýýar bolýan beýik ynsan» diýen manylary aňladýar. «Şehit» sözüniň ýene bir manysy özge şahs tarapyndan nähak öldürilen musulmandyr.

Şahsyň mälim maksatlar ugrunda özüni özi öldürmegiň şehitlik amalyýeti diýip bahalamak hut azaşmagydyr. Ýowuz niýetli güýçler öz hereketlerini aklamak maksadyda getiren ähli delilleri yslam ulamalary ýazgarypdyrlar we esassyz, diýip hasaplapdyrlar.

Adamyň özüni özi öldürmegi, niýeti din ugrunda diýip yglan edilse-de, öz janyna kast etmek diýip bahalanýar. Özüni özi öldürmek — bu öz ýaşaýşyny kastdan bes etmek, perwerdigär beren ýaşaýşa hüjüm etmek derejesindki günä hasaplanýar.

Alla tagala bu hakda şeýle diýýär: «Ana şol (ilkinji ganhorluk) sebäpli Ysraýyl nesline şeýle hökmi ýazyp goýduk: «Käbir jany öldürmedik ýa-da ýerde (bozgunçylyk we garakçylyk ýaly) erbet işleri etmedik adamy öldüren adam edil hemme adamlary öldüren ýalydyr. Oňa durmuş bagyş eden (ölümden halas eden) adam bolsa ähli adamlary direlden ýalydyr». Olara resullarymyz (ylahy) resminamalary getiripdir. Soňra olaryň aglabasy şondan soň (hem) ýerde zaýa edijilerdir» (Moida, 32-nji aýat).

Jahandaky abraýly yslam edaralary we ulamalary özüni dürli partlaýjy serişde bilen partlatmak arkaly günäsiz adamlaryň ölümine sebäp bolmak haram amal bolup, yslam dinine aragatnaşygy ýokdugyny belläpdir.

Özbegistan musulmanlary edarasy Ulamalar geňeşi hem «Özüni-özi dürli ýollar bilen bilgeşleýin öldürmegiň agyr günäligi barada» fetwa çykaryp, beýle ýigrenç hereketi berk ýazgarýar.



## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Hristianlyk dininde öz janyna kast etmek barada näme diýilýär?
2. Gadymky slawýan we Hytaý dinlerinde özüni öldüren adama nähili gatnaşyk bildirilen?
3. Gurhany kerimde nähak gan dökmek barada näme diýilýär?
4. «Şehitlik» we öz janyna kast etmegiň arasyndaky tapawudy düşündiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 27-§ DÜNÝEWILIK — HUDAÝSYZLYK DÄL

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Dünýewi adam diýende kimi düşünýärsiňiz? Dini adam diýende kimi?
2. Dünýewi demokratik döwlet diýende nämäni düşünýärsiňiz?
3. Özbegistanda döwlet we din gatnaşyklarynyň esasy prinsipleri nämelerden ybarat?
4. Siziň pikiriňizçe, döwrebap durmuş geçirýän adamyň dindar bolmagy mümkinmi?

## DÜNÝEWILIGIŇ MAZMUNY

Dünýewilik diýende ähli dinler hem-de dürli garaýyşlary deň hormat etmek, raýatlaryň dinine seretmezden kanunyň öňünde deňligi nazarda tutulýar. Dünýewi ýaşaýyş tärine diniň uýgunlaşma prosesini aňlatmak we din bilen syýasatyň özara gatnaşygyny häsiýetlendirmek üçin ylmy edebiýatlarda «sekulýarizasiýa» adalgasy giňden ulanylýar.

Meselem, Özbegistanyň ilatynyň köp bölegi belli bir dine uýýar. Döwlet dini guramalara hormat bilen gatnaşykda bolýar, olaryň kanun esasynda iş alyp barmagyna we dindarlaryň emin-erkin uýmaklaryna şert döredip berýär. Şunuň bilen birlikde, onuň hiç haýsy

*Ýöräp barýan adama atly, oturan adama ýöräp barýan, köpçülige azçylyk salam bersin!*

***Hadys***

«Sekulýarizasiýa» sözi latynça «saeculum» sözünden alnan bolup, «dünýewi» diýen manyny aňladýar. Ol döwlet we jemgyýet dolandyryşynda dini däpleriň ornuny dünýewi kanunçylyk ulgamy eýelemegine görä ulanylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dine aýratyn üstünlik ýa-da ýeňillik bermeýän, öz Konstitusiýasy, kanunçylyk esaslary, döwlet simwollary bar.

Din diňe dini garaýyşlary we ybadatlary öz içine almak bilen çäklenmän, jemgyýetdäki adamlaryň özara hormat, mähir-şepagat, adamkärçilik sypatlarynyň ölçeglerini kesgitläp gelipdir. Şonuň üçin hem islendik dünýewi döwletde jemgyýetiň raýdaşlygy, özara agzybirligi, jebisligi, parahatçylygy we berkararlygyny saklamakda din özüniň aýratyn ornuna eýe.

Iki adam görüşende birek-birege «Assalamu aleýkim», «Wa aleýkim essalam» diýip parahatçylyk dileýärler, diýip çak ediň. Bir adam: «Salam sözi dini mazmuna eýe bolany üçin dünýewi adamlar ony ulanmaýar», diýip salam bermese ýa-da älik almasa, aty gelşiksiz ýagdaý bolan bolardy.

Dini çeşmelerde diňe ygtykat we ybadat meseleleri açyp görkezilmän, eýsem geçen halklaryň durmuşyndan göreldeli hekaýalar hem jemlenen. Olarda agyr synaglary başdan geçiren pygamberleriň durmuşy, bozgunçylyklara berlen halklar we olaryň başyna jeza hökmünde düşen pelaketler nusga edip görkezilýär. Olary okap, dogry netije çykaran adam günälerden özüni saklamaga, sogaply işleri köpräk etmäge çalyşýar. Bu bolsa islendik jemgyýetde sagdyn sosial halatyň emele gelmegine kömek edýär.

Dünýewi döwletde halkyň urp-adat, däp we ahlak gymmatlyklary kanun derejesine göterilmegi mümkin. Dini gymmatlyklar diňe umumynsany gymmatlyga, halkyň ruhy emlägine, ahlak normalaryna öwrülen ýagdaýda ol döwlet möçberinde ähmiýete eýe bolmagy mümkin. Ýurdumyzda Remezan we Gurban baýramlarynyň ýurt möçberinde dynç alyş güni diýlip yglan edilmegi şular ýaly milli we dini gymmatlyklaryň utgaşyklygyna mysal bolup biler.

## DÜNÝEWILIK WE FANATIK AKYMLAR

Ähli dinlerde bar bolan fanatiklik keýpindäki käbir toparlar dünýewiligi göýä «hudaýsyzlyk», «dinden çykmak» diýip düşündirmäge çalyşýarlar. Olaryň dawalaryna görä, dünýewi şahs göýä yaradanyň buýruklaryny, mukaddes kitaplary inkär edýär. Bular ýaly taýpalar dünýewi ylym-bilimi, medeniýeti we sungaty umuman inkär etmegi göýä diniň görkezmesi derejesine göterýärler. Aslynda bolsa, sap dini taglymata görä, adamlaryň bähbidine hyzmat edýän ylmyň islendik görnüşi sogaply amallardan hasaplanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Diniň adyndan nadanlygy wagyz etmäge mysal hökmünde orta asyrlarda Ýewropadaky inkwizisiýa sudlarynda buthananyň adyndan ylym-bilim ugurlarynda täzelikleri açan alymlaryň dürli jezalara çekilmegi, alymlaryň yzarlanmagyny getirmek mümkin. Başga dinler çäginde-de beýle halatlar bolýar.



*Inkwizisiýa*

Ýurdumyzyň ilatynyň baryp 90 göterimi uýýan yslam dininde dünýewilik we dinilik araçäkleri kesgitlenmedik. Yslam taglymatyna görä, adamlaryň dini, jany, nesebi, aklyna we emlägine peýda getirýän islendik amal dini taýdan hem makullanýan, sogaply iş hasaplanýar. Meselem, adamlaryň agyryny ýeňletmek maksadynda tehniki serişdeleri, lukmançylyk ýa-da himiki maddalary açyş etmek, ekerançylykda täze usullary ulanmak ýaly işler üçin hem adam iki dünýäde sylaglar alýar. Şol bir wagtda, adamlaryň zyýanyna hyzmat edýän, betnebis maksatlarda açyşlary amala aşyrmak günä diýip hasaplanýar.

Şu prinsiplere esaslandyrylan ýagdaýda orta asyrlarda yslam äleminden ylymlaryň ähli ugurlary boýunça ýetik, ensiklopedik alymlar ýetişip çykypdyr. Din alymlary hem olary «kufr» ýa-da dinbozarlykda aýyplamandyrlar.

*Yslam taglymatyna görä, salam bermek we älik almak uly sogaply amallardan hasaplanýar. Hadysy şerifde şeýle diýilýär: «Salam Allanyň ýerdäki atlaryndan biridir. Bir-birleriňiz bilen salamlaşyp geziň».*

## YSLAM DINI WE DÜNÝEWILIK

Yslam dininde dünýewilige dine ýat düşünje hökmünde garalmaýar. Yslam dininiň mukaddes çeşmeleri — Gurhany kerimde we hadyslarda hem adam bu dünýäsi üçin hem hereket etmelidigi nygtalýar.

Gurhany kerimde aýdylmagyna görä, adam ahyret üçin haýyrly işleri etmek bilen birlikde bu dünýädäki nesibesini hem unutmaly däldir. Çünki adamda bedeni, maşgalasy, goňşulary, jemgyýet, goll astyndakylarynyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hem haky bar, her bir hakdaryň hakyny berjaý etmeli. Bu dünýä nesibesi ahyret amallary üçin iýmit bolýar diýilýär.

Şolar bilen birlikde Gurhanda köp aýatlar dünýewi meseleleri hem öz içine alýar. Mysal hökmünde, Gurhandaky iň uly aýat — «Bakara» süresiniň 282-nji aýaty hem hut dünýewi mesele — karz aldy-berdisi barada bolup, onda meseläniň maddy we ruhy taraplaryna üns gönükdirilen.

Yslam dininiň pygamberi Muhammet (s.a.w.) dini meselelerde hemmä mugallym bolsa-da, dünýewi işlerde hünärmenleriň pikirlerine gulak asýardy. Meşhur Hadysy şerifde şeýle diýilýär:

«Pygamber (s.a.w.) (hurma) tozanlanýan bir kowmuň öňünden geçip barýarka, muny etmeseňiz hem boluberýär, diýýär. Şol ýylda hasyl ýaman çykdy. Ol beýik ynsan ýene şolaryň ýanyndan geçip, hurmaňyza näme boldy? — diýip sorapdyr. Olar, şeýle, şeýle, diýdiňiz, diýip aýtdylar. Ol beýik ynsan: «Siz dünýäňiziň işini bilýänlerden» diýipdir».

Ýagny Rasulullahyň käbir gepleri dininden görä tejribe esasa ýa-da şahsy pikire daýanýar. Şonuň üçin hem sahabylar Rasulullahyň käbir buýruklary babatda «Şahsy pikiriňizmi ýa-da Allanyň emrimi?», diýip sorardy. Şahsy pikiri bolsa, onda käte başga gowurak teklip aýdyp bilerdi. Rasulullah (a.s.) gowy teklibi kabul edip, öz pikirini üýtgederdi, ýagny şu dünýewi ugruň hünärmeniniň pikirini hökman hasaba alardy.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Teksti okaň we din we dini ygtykat bütinleý ret edilse, jemgyýet üçin onuň netijesi nähili bolmagy mümkinligi barada netije çykaryň.

*«Dünýewilik - bu hudaýsyzlyk diýildigi däl. Din we dini ygtykat bütinleý ret edilýän durmuş nähili adamkärçiliksiz görnüşe eýedigini biz düýnki taryhymyz mysalynda gowy bilýäris. Beýle aňyýetiň howply tarapy şundan ybarat, ýagny ol näçe asyrlaryň dowamynda din esasynda şekillenen, halk durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrülen gymmatlyklar - bu ýazma ýa-da agzeki, maddy ýa-da ruhy miras bolýarmy, ahlak ýa-da däpler bolýarmy, milli dünýägaraýyş ýa-da ýaşaýyş täri bolýarmy - bularyň ählisini ret edýär».*

**Islam Karimow, «Belent ruh — ýeňilmez güýç»**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Rasulullah (a.s.)dan soň çaryýarlar hem şu ýoly tutdular. Hezreti Omar (r.a.): «Siziň gowyňyz ol dünýä we bu dünýä üçin hereket edeniňizdir» diýip aýratyn nygtapdyr. Ali (r.a.) bolsa: «Bu dünýä üçin ebedi ýaşaýan ýaly, ahyretiň üçin ertir wepat edýän ýaly hereket et», diýip merhemet eden.

Bu günki günde käbir bozgunçy güýçler tarapyndan häzirki zaman dünýewi kanunçylyk esasynda ýaşamak musulmanlar üçin makul dälligi barada galp dawalary ýaýýarlar. Dünýewi kanunlar barada yslam ulamalarynyň pikirlerini aşakdaky ýaly umumlaşdyrmak mümkin: häzirki zaman jemgyýet talaplaryna laýyklykda çykarylan kanunlar şerigata ters gelmese, beýle kanunlar şergatdandyr. Sebäbi, her bir şerigat adam bähbiti üçin iberilen, jemgyýetleriň öz bähbitlerini gözläp çykaran kadalary şerigatdan alynmadyk bolsa-da, ýöne şerigata ters gelmese, olar hem şerigata laýyk (şeriý) hasaplanyberýär.

*«Taryh we durmuş tejribesi delillendirmegine görä, dünýewi we dini gymmatlyklar bir-birini doldurmaýan eken, bu günki günüň agyr we çylşyrymly soraglaryna doly jogap tapmak aňsat bolmaýar»*

***Islam Karimow***

Ýokardaky mysallardan görnüşi ýaly, yslam dininde dünýewilige dinsizlik hökmünde baha berilmändir. Dünýewi işler şahs we jemgyýet bähbidini gözlemek bilen, olar din taglymatlarynda hemişe goldanypdyr. Din dünýewi işleriň ruhy taraplaryny tertibe salyp durupdyr. Meselem, bu işiň sogap ýa-da günä, ruhy taýdan mümkin ýa-da mümkin dälligi ýaly.

Dünýewilik prinsipi Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy we «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanuny bilen hukuk taýdan kepillendirilen. Özbegistan saýlan ösüş ýoly — dünýewi demokratik ýoldur. Halkymyz dini ygtykady çuňňur hormat etmek bilen dünýewi ösüş ýolundan barýar.

Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap ýurdumyzda dini-milli gymmatlyklaryň dikeldilmegi, ähli din wekilleri üçin giň mümkinçilikleriň döredilmegi ugrun-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1991-nji ýylyň 14-nji iýununda we 1998-nji ýylyň 1-nji maýynda täze redaksiýa «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanun kabul edildi.

da özgertmeler başlandy. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda ähli raýatlar üçin wyždan azatlygy kepillendirilýär. Ýurdumyzda dini guramalaryň işiniň hukuk esaslary bilen birlikde döwlet we diniň gatnaşyklary hem kesgitläp berildi.

Şunuň bilen Özbegistanyň taryhynda birinji gezek raýatlaryň dine öz gatnaşyklaryny, şoňa laýyklykda ygtykadyny erkin kesgitlemek we aňlatmak, dine hiç hili päsgelçiliksiz amal etmek we dini dessurlary ýerine ýetirmek hukuklaryny kepillendirýän kanun kabul edildi. «Musulmanlaryň Saud Arabystanyna haj etmek üçin barmagy barada», «Dini baýram «Gurban haýydy»ny dynç alyş güni diýip yglan etmek barada», «Oraza haýydyny dynç alyş güni diýip yglan etmek barada», «Daşkent yslam uniwersitetini guramak barada», «Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ymam Buhary halkara ylmy-barlag merkeziniň işini guramak barada», «Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Özbegistandaky Yslam medeniýeti merkeziniň işini guramak barada» we başga ençeme Prezident Permanlary we Ministrler Kabinetiniň kararlary bu ugra uly üns berilýändigini görkezip dur.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Dünýewilik sözüniň mazmunyny düşündirip beriň.
2. «Sekulýarizasiýa» düşünjesi nähili manyny aňladýar?
3. Fanatik akymlar tarapyndan dünýewiligiň inkär edilmeginiň sebäbi nämede, diýip oýlaýarsyňyz?
4. Yslam dini çeşmelerinde dünýewilige nähili gatnaşyk bildirilen?
5. Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň bu günki günde dini gymmatlyklary hasaba alman çemeleşmek mümkin dälligi baradaky pikirlerini düşündiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# DINI ADALGALARYŇ DÜŞÜNDIRIŞLI SÖZLÜGI

***ALLA*** (arap. «al-iloh» – ylahy güýç, türki halklarda, hususan-da, özbeklerde – Tangry, pars-täj. Hudaý), Alla – yslam dininde bütin jandary ýaradan ýokary ylahy güýç; hudaýyň ady. Adatda Alla tagala (beýik, ýokary), taboraka we taala, jalla jaloluhu, kerim, buzurg, perwerdigäri älem ýaly sypatlar goşulyp aýdylýar.

***AGY DIWARY*** – Iýerusalim şäherinde ýerleşýän, 70 ýylda rimlilar tarapyndan weýran edilenden soň Ikinji Ybadathananyň 485 metr uzynlykdaky saklanyp galan bir bölegi. Musaýylaryň mukaddes zyýaratgäh ýeri.

***AHYRET*** – (arap. — başga, ahyrky, ikinji) bu dünýäniň ahyryna ýetenden soň hemme gaýtadan direlip, eden amallaryna laýyk sylag ýa-da jeza alýan ikinji durmuş.

***ANAFEMA*** – buthana agzalygyndan kowulmak, buthanadaky iň ýokary jeza.

***AKIDA*** – arap dilinde käbir zady bir-birine baglamak manysyny aňladýar. Adalgada bolsa akoid ylmynyň meşhur atlaryndan biri.

***ARON-KADEŞ*** (ibr. «Mukaddes sandyk») – sinagoga ýa-da ybadat öýünde bar bolup, onda «Tawrot» tumarlary saklanýar. Ol metjitdäki «mährebe» meňzeş wezipäni ýerine ýetirýär we girilýän gapynyň garşysynda bolýar.

***ARWAH*** (ar.) – ruhuň köplük şekli.

***AŞARIÝLIK*** – yslam dini sünnülik ýönelişindäki iki dogmatiki mekdebiň biri.

***ATEIZM*** (grekçe atheos — hudaýsyz) – leksiki manysy Hudaýdan ýüz öwürmek, Hudaýy inkär etmek bilen adam akyl-paýhas güýjüni ykrar etmek diýmekdir.

***BANU YSRAÝYL*** («Ysraýyl ogullary») – musaýy halkynyň atlaryndan biri. «Ibtido» kitabynda getirilmegine görä, bu günki günde ähli musaýylara görä ulanylýan «Ysraýyl ogullary» ady Ýakup pygambere Hudaý tarapyndan berlen.

***BIBLIÝA*** (grekçe — «kitaplar») – musaýylyk we hristianlyk dinleriniň esasy mukaddes çeşmesi. Musaýylar «Bibliýa»sy «Kitwe kadeş» we «Tanah» hem diýip atlandyrylýar. Hristianlar tarapyndan ykrar edilýän Bibliýa «Gadymky Ahd» we «Täze Ahd»dan ybarat bolup, umumy hasapda 66 kitapdan düzülen.

***BUHARA MUSAÝYLARY*** – musaýylykdaky etnokonfessional we etnolingwistik topar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***DINI BAGRYGIŇLIK*** – dürli-dürli dini ygtykada eýe bolan adamlaryň bir ýer, bir Watanda beýik taglym we niýetler ugrunda raýdaş, hyzmatdaş bolup ýaşamagy, işi.

***DINI SEKTA*** – belli bir dindäki resmi garaýyşlara ters ýagdaýda bölünip çykan ýa-da bar dinlere we konfessiýalara umuman gatnaşygy bolmadyk ýagdaýda din baýdagy astynda iş alyp barýan toparlar.

***DINI GURAMA*** — raýatlaryň dine uýmak, ybadat, edim-gylymlary we dessurlary bilelikde berjaý etmek maksadynda düzülen meýletin birleşmeleri (dini jemgyýetler, dini okuw mekdepleri, metjitler, buthanalar, sinagogalar, monastyrlar we başgalar).

***DINLERI HÄSIÝETLENDIRMEK*** – dinleri öwrenmekde olaryň taryhy, ygtykat esaslary, garaýyşlary, şonuň ýaly-da, bir–birine täsiri ýaly taraplaryny hasaba almak.

***ESHATOLOGIÝA*** – dünýäniň ahyry, o dünýä, jennet, dowzah baradaky düşünjeler toplumy.

***FAKIH*** – fikh ylmynyň bilimdany.

***GÜNÄ*** (pars. — jenaýat, aýp; asly şu manydaky arap. *«junoh»* sözündan alnan) — şerigat kanunlaryna we dini garaýyşlara ters iş ýa-da hereket.

***IBRANY*** (ibr. *«ever», «awar»* – aňyrky tarapyň adamy, kesip geçen) – musaýylaryň çeşmelerdäki atlaryndan biri. «Ibroniý» adalgasy Ybrahymyň (a.s.)Mesopotamiýadan Kan‘ona göçen wagtynda emele gelen. Barlagçylaryň pikirine görä, olaryň beýle atlandyrylmagyna belki, derýany kesip geçenleri sebäp bolandyr.

***INJILLEŞDIRME*** – missionerlik guramalary tarapyndan Injili giň ýaýratmak manysynda ulanylýan adalga. Käte bu söz missionerligiň sinonimi hökmünde hem kabul edilýär.

***ISLAMOFOBIÝA*** (arap. – islam, grek. phobia — gorkmak, howsala düşmek) – yslam dinini gorkuly suratlarda görkezmek, ähli ýamanlygy we jenaýatlary onuň ady bilen baglap, ilat gatlagyny yslamdan gorkuzmaga gönükdirilen hereket.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***JEBRAÝYL*** – Yslam taglymatynda Ala bilen pygamberleriň arasynda ilçi wezipesini ýerine ýetirýän perişde.

***KELAM*** – söz, nutk manysyny aňladýar. Akyda ylmynyň ady.

***KERAMAT*** – (arap. «kerem» ikram etmek işliginiň manydaşy bolup, türkmen diline gowylyklar diýip terjime edilýär) esasan sufizm adalgasy hökmünde köp ulanylýar. Olaryň ahyrky maksady adamlary ýagşylyga çagyrmak, günä işlerden saklanmak, toba etmäge çagyrmak.

***LAMA*** (Tibet. – iň beýik) – Tibet, Mongoliýa, Russiýa lamaistlerinde Budda monahy. Galmyklarda bu dereje diňe ruhanylar başlygyna berilýär. Dindarlar ony gaýratebigy sypatlara eýe we ylahy älem bilen gepleşip bilýän şahs diýip hasaplaýarlar.

***MÜRIT*** – (arap. «isleýji») sopulyk ýoluna girip, mürşide e beren şägirt.

***MÜRŞIT*** — (arap. — ýol görkeziji) sufizmde tarykat edeplerinden sapak beriji pir, şaýh we halypa. Sufizm ýönelişiniň ýokary ýolbaşçysy.

***MUTAKALLIM*** – kelam ylmy bilen meşgullanýan alymlar.

***ŞABBAT*** – musaýylarda şenbe gününiň ady.

***SOPY*** – tarykata degişli şahs, mürit.

***SÜRE*** (arap. — ýokarylyk, beýiklik, diwar) — başlanmak, tamamlamak we atlara eýe iň bolmanda üç aýatdan ybarat Gurhan böleklerine görä ulanylýar.

***WATIKAN*** – Rim katolik buthanasynyň dini-administratiw merkezi. Şol bir wagtda, papanyň resmi karargähi hasaplanýar. Şonuň ýaly-da, ol Italiýanyň paýtagty Rim şäherinde ýerleşýän teokratik şäher-döwletdir.

***WYŽDAN AZATLYGY*** – dini ygtykat azatlygy, ýurduň raýatlarynyň belli bir dine uýmak ýa-da hiç hili dine uýmazlyk azatlygyny aňladýar. Bularyň ählisi demokratik döwletleriň konstitusiýalarynda adam hukuklary barada Birleşen Milletler Guramasy kabul eden Ählumumy deklarasiýasy esasynda öz beýanyny tapypdyr.

***ÝEPARHIÝA*** (grek. ἐπαρχία — «welaýat») – hristian buthanasynda ýepiskop (arhiereý) baştutanlygyndaky administratiw-çäk bölünme.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# Mazmuny

Sözbaşy ........ 3
1-§. Diniň jemgyýetdäki orny we wezipeleri ........ 5
2-§. Ylym we din ........ 9
3-4-§. Diniň peýda bolmagy we şekilleri ........ 13
5-§. Musaýylyk ........ 20
6-7-§. Musaýylyk dessurlary we akymlary ........ 26
8-§. Butparazlyk ........ 37
9-§. Buddizm taglymaty ........ 42
10-§. Hristianlyk ........ 48
11-12-§. Hristianlyk taglymaty ........ 55
13-§. Merkezi Aziýada yslam ........ 62
14-§. Yslamdaky mezhebler we dogmatiki taglymatlar ........ 66
15-§. Sufizm we tarykatlar ........ 72
16-§. Özbegistanda dini bagrygiňlik we sosial durnuklylyk ........ 77
17-18-§. Ýurdumyzyň akyldarlarynyň dünýä ylym-biliminiň ösmegine goşan goşandy ........ 82
19-§. Din we «köpçülikleýin medeniýet» ........ 91
20-§. Ksenofobiýa we din ........ 96
21-§. Dünýä dinlerinde parahatçylyk taglymy ........ 100
22-§. Missionerlik — ýaşlaryň geljegine howp ........ 105
23-§. «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanunynyň many-mazmuny ........ 111
24-§. Özbegistanyň din nykabyndaky ekstremizme we terrorizme garşy göreşdäki orny ........ 116
25-§. Kibermekanda din we maglumat ulanyş medeniýeti ........ 123
26-§. Dinlerde durmuşyň gadyry ........ 128
27-§. Dünýewilik — hudaýsyzlyk däl ........ 133
Dini adalgalaryň düşündirişli sözlügi ........ 139



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Zohidjon Mahmudovich ISLOMOV,
Durbek Obidjonovich RAHIMJONOV,
Jasur Xotamjonovich NAJMIDDINOV

Metodist
Nargiza Kamaritdinovna Ismatova

O‘quv nashri

# «Dunyo dinlari tarixi»

O‘rta umumta’lim maktablarining 10-sinflari uchun darslik

(Turkman tilida)

Birinchi nashr

Toshkent — «Yangiyo‘l poligraf servis» — 2017

Nashriyot litsenziyasi AI №185, 10.05.2011 y.

Terjime edenler: — G. Abdullaýewa, K. Hallyýew
Redaktor — J. Metýakubow
Tehredaktor — M. Riksiýew
Korrektor — J. Metýakubow
Suratçy — J. Azimov

Original-maketden çap etmäge 2017-nji ýylyň 23-nji noýabrynda rugsat edildi.
Möçberi 70×90 1/16. «Times New Roman» garniturasy. Ofset kagyzy.
Ofset çap ediliş usuly. Çap listi 9,0. Şertli çap listi. 10,53.
nusgada çap edildi. Buýurma №

«O‘qituvchi» NÇDÖ çaphanasynda çap edildi.
100206, Daşkent ş., Ýunusabat tümeni, Ýangişäher köçesi, 1.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

**Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE